# GARA SEÝITLIÝEW

*Saýlaman eserler. (Doglan gününiň ýyllygyna).*

*Şahyr Gara Seýitliniň saýlanan eserleri onuň doglan gününi 80 ýyllyk ýubileý  mynasybetli çykarylýar. Kitabyň başynda şahyryň yşky lirikasyndan, watançylyk we ynsanperwerlik temasyndaky goşgularyndan saýlanyp, «Bahar aýdymy» atly uly bölüm ýerleşdirildi. Bu bölümde heniz hiç ýerde çap edilmedik şygyrlar hem bar Onuň yzysüre Eýran hakyndaky goşgulary «Kemal» diýen bölüme girizildi, Hindistan hakyndaky şygyrlary bolsa « Hindistanyň gülleri» diýen bölüme goşuldy.*

*Dünýäň gözel pasly bahar paslydyr,*
*Baharym gül açmaz seni görmese,*
*Baharyň güllerem göýä yslydyr,*
*Aşyk tirip magşugyna bermese....*

Gara SeýitlIyew 2018

Gara Seýitliýew SAÝLANAN ESERLER



# GARA SEÝITLIÝEW

## SAÝLANAN ESERLER

# Gara Seýitliýew

## *Saýlanan eserler*

**Latyna geçiren**

**Şemsetdin Ak**

# Seýitliýew Gara

Saýlaman eserler. (Doglan gününiň ýyllygyna). —

Aşgabat – Türkmenistan, 1995

Şahyr Gara Seýitliniň saýlanan eserleri onuň doglan gününiň 80 ýyllyk ýubileý mynasybetli çykarylýar. Kitabyň başynda şahyryň yşky lirikasyndan, watançylyk we ynsanperwerlik temasyndaky goşgularyndan saýlanyp, «Bahar aýdymy» atly uly bölüm ýerleşdirildi. Bu bölümde heniz hiç ýerde çap edilmedik şygyrlar hem bar Onuň yzysüre Eýran hakyndaky goşgulary «Kemal» diýen bölüme girizildi, Hindistan hakyndaky şygyrlary bolsa « Hindistanyň gülleri» diýen bölüme goşuldy.

Gara Seýitliniň bu kitabyny onuň «Adam we dünýä» atly goşgular jemleýär.

Kitap 356 sahypa

2018

*«Türkmenistan» 1995 ý.*

# ŞYGYRLAŇ TÄJI

Sen juda ir gitdiň,
Örän ir gitdiň,
Onki synaň aýdym bilen doludy,
Säher bilen köçä çykyp ugraňda,
Uly desse aýdym barýan ýalydy.

Meşhur şahyr Kerim Gurbannepesowyň bu setirleri türkmen edebiýatynyň we sungatynyň görnükli wekili Gara Seýitlä bagyşlanan.

## GARA SEÝITLI...

Türkmenistaýayň halk ýazyjysy, Magtymguly adyndaky Döwlet baýragynyň eýesi, şahyr, dramatur, Türkmenistanyň Ýokary Sowýetiniň deputaty, respublikanyň medeniýet ministri bolan...

Şu atlaryň, derejeleriň, wezipeleriň haýsysyny bijebaşy etjek diýseler, megerem, men onuň şahyrlygyny saýlardym. Sebäbi Gara Seýitli külli türkmeniň şahyrydy. Ol uly şahyr hökmünde ilimiz tarapyndan ykrar edilipdi. Berdinazar Hudaýnazarowyň aýdyş ýaly, türkmen okyjysy onuň gaýnagly poeziýasyna aşykdy.

Sen bagtyma meňzeýäň, baharym,
sen bagtsyň,
Sen pasyllar soltany, iň söýgüli
wagtsyň,
Işçi, daýhan hem şahyr, hemme saňa
garaşýar,
Seniň bilen deňeşmek — meň dünýäme
ýaraşýar,
Sen dünýämi guçaňda, dünýäm bolýar
goşa ýaz.
Dünýäm seni guçanda, ýürek çalýar
goşa saz,

Gara Seýitliniň liriki gahrymanlary baharda-ýazda parahatçylygyň nyşanyny, ýaşaýyş çeşmesini görýär. Ol gaýtalanjak bolsa bahar gaýtalansyn, al-ýaşyl geýnen toprak hiç wagt solmasyn diýýär. Gara Seýitliň baharyň bosagasynda ýagty jahana inmegi, baharyň ahyrynda bolsa dünýäden

gitmegi tötändem däl ýaly bolup dur. «Bahar» sözi onuň döredijiliginiň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Dünýäň gözel pasly bahar paslydyr,
Baharym gül açmaz seni görmese,
Baharyň güllerem göýä yslydyr,
Aşyk tirip magşugyna bermese....

Bu setirler Gara Seýitliniňki. Olar diňe oňa mahsus. Özem bu şygyrlary diňe Gara Seýitli bolup okamaly. Gara goşgy okanda ony aýdym aýdýan ýaly edip okaýardy. Ol goşgy okanda, onuň owadan gözlerindäki joşguny, şahyrana ellerini mylaýym galgadyşyny, hiňlenişini duýmak gerekdi. Gara Seýitliniň nazarkerdeligi onuň ajaýyp setirleri bilen jaýdar goşulyşýardy.

...Baglady yşkyň perisi bar zülpi tara meni.
El degip tirilmedik bir jübüt nara meni,
Äkidiň, dostlar, bu gün ýara meniň habarym,
Gorkmasyn, gorkuzmaýar, bu uzak ara meni,
Guş bolup, ganat açyp, perwaz ederdim başyna,
Bilsem-de onuň üçin aljaklar ara meni,
Indi sonam söýmese, äşgär diýsin sözüni,
Goý atam, enem diýip goýmasyn zara meni.

Bu akgyn setirleri edil aýdym edip aýdybermeli. Şonuň

üçin bolsa gerek. sazanda ýaly saza gowy düşünen Gara Seýitliniň şygyrlary aýdyma gaty gelüwli. Şol şygyrlar ülkämiziň kompozitorlarynyň köpüsini aýdym döretmäge ruhlandyrdy. Ol aýdymlar bolsa halkyň uly söýgüsini gazandy. Olaryň käbirleri hut halk aýdymlary ýaly il arasyna giňden ýaýrady. Gara Seýitli aýdymçy şahyrlaryň kerwenbaşysydyr. Ol türkmenleriň iň köp aýdym ýazan şahyry hökmünde tanalýar. Gara Seýitliýewiň döredijigiligne Weli Muhadow, Aşyr Kulyýew, Weli Ahmedow, Nury Halmämmedow, Nury Muhadow, Çary Nurymow, Hydyr Allanurow. Aman Agajykow, Rejep Gutlyýew. Baýramdurdy Hudaýazarow... ýüzlendiler. Şahyryň sözlerine has köp eserleri döreden kompozitor bolsa Türkmenistaniň halk artisti, Magtymguly baýragynyň eýesi Daňatar Öwezowdyr. Gara Seýitliň mazmuna baý goşgulary, olaryň ýiti şahyranalygy, özboluşly forma aýratynlyklary ussat kompozitory hemişe özüne çekýärdi.

Gara Seýitliýew bilen Daňatar Öwezowyň hyzmatdaşlygyny halypa kompozitorymyz Aşyr Kulyýew «Joşgunly zehinleriň joşgunly hyzmatdaşlygy» diýip atlandyrdy. Hakykatdanam, türkmen aýdym-saz sungatynyň saýlantgy eserleriniň ençemesi hut şu iki ussadyň joşgunly hyzmatdaşlygy netijesinde dünýä indi. Olaryň milli labza ýugrulan «Balykçynyň aýdymy», «Gözel Pöwrize», «Joş kanalym», «Hally gözel», «Täzegül». «Gyzlar» ýaly aýdymlaryny ile ýaýratmakda ezber aýdymçy Hojaw Annadurdyýewiň hyzmatyny aýratyn bellemek gerek.

Gara Seýitliýew bilen Daňatar Öwezow bahar çagynda. Bagyr obasyna gezelenje gidenlerinde, bir ajaýyp gyza duş gelýärler. Ol gyz şahyryň ýüregini alyp gidýär. Şeýlelikde şahyr şygyr döredýär. Daňatar bolsa saz ýazýar. Bu aýdym halys ýürekden dörän aýdymdy. Ussatlar bu aýdymy ol gyzyň, baharyň, topragyň, baglaryň, daglaryň, çeşmeleriň ýürek owazyny diňläp döredipdiler

Şu ýerde men bir zady ýatlamakçy. Bir gezek Garalara baramda (Garaň daýylar toparyndan bolansoň, olara barardym. Şahyryň ejesi atamyň aýal doganydy) ol özüniň

söwer dosty Daňatar Öwezow bilen, halk bagşysy Sahy Jepbarow bilen oturanyna gabat geldim. Şonda Daňatar mukamçy komipozatoryň beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň 225 ýyllyik ýubileýine bagyşlap, Gara Seýitliniň sözlerine döreden «Şahyrym» diýen aýdymynyň şowly çykandygy barada gürrüň gozgady: «Sahy halypa, şu «Şahyrym» aýdymynyň sazyny oňaryp ýazypsyň, onsoňam aýdymyň sözlerem jüpüne düşüpdir, özem edil oda ýaly». Sahy halypa-da aýdymyň sözleri baradaky öwginiň üstüni ýetirdi: «Diýeniň bärden gaýdýar. Ol goşgy odadanam aňyrda bir zat bolsa, şodur». Saz äleminiň iki sany läheňi bir ara Seýitlä şeýle baha beripdiler.

Gara Seýitliň Magtymguly Pyraga bagyşlap döreden ýene bir şygry hakda söz açmakçy:

Ölüm ýasygynda ýatan çaglary,
Pyragyň hoşlaşan beýik daglary,
Şahyrymyz ötdi diýmäň, dünýäden,
Hoşlaşyban gitdi diýmäň dünýäden.

Ine, şu bent bilen başlanýan «Daglar» diýen goşgyny öwrenip. studentlik ýyllarymda çeper okaýyş bilen çykyş ederdim. Uniwersitetiň aktlar zalynda bolan kansertleriň biri telewideniýe boýunça alnyp görkezilende, Gara-da gören eken. Şonuň yzysüre öýlerine baramda, ol meniň çykyşymdan kanagatlanandygyny aýtdy, çaga ýaly begendim. Men bolsa Gara Seýitliniň şygryýet dünýäsiniň ölemen aşygy hökmünde şahyr ýegenime ujypsyzja şatlyk getirenem bolsam, şonda özümi juda bagtly saýypdym!

Onuň poeziýasy haýsy temada bolsa-da, çuňňur watançylyk duýgusy bilen gurşalan.

Men watan ogly men,
Watan gurbany.
Watanyň ugrunda,
Bererin jany.

Şahyr Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda şeýle kasam içipdi. Ol Türkmenistandan baran konsert brigadasynyň, hatarynda frontda söweşýän esgerleriň öňünde çykyş edipdi, olaryň ruhuny göteripdi. Bir gezegem Gara Seýitli meşhur gyjakçy Oraz Saryýew bilen telefon arkaly esgerlere ýüzlenip: «Trubkada — Gara Seýitliýew...» diýip. «Halkym» atly gahrymançylyk ruhundan doly joşgunly lirikasyny söweşijilere ýaýypdy.

Gara Seýitli häzirki döwür türkmen şahyrlarynyň arasynda ilkinji bolup Eýran, Hindistan hakda onlarça goşgulardyr poemalary döretdi. «Köpetdagdan aňyrda», «Maşadyň derwezesinde», «Hindistanyň gülleri». «Tagoryň myhmany», «Täçmahal» atly goşgulary we goşgular toplumy Gara Seýitliniň jahankeşde şahyr bolandygyna güwä geçýär. «Hindistanyň gülleri» goşgular toplumy şularyň içinde aýratyn tapawutlanýar. Bu toplumdaky «Gözlerimde saklansyn» diýen goşgusy şahyryň söýgi lirikasynyň dür däneleriniň biridir.

Ýörişiň messan-messan,
Her bakyşyň bir dessan.
Seni dünýä bagş eden,
Gözel ülke Hindistan.

Seniň röwşen gözleriň gözlerimde saklansyn,
«Gara saňa aşyk» diýip, goý, çaklansa çaklansyn!

Gör nähili, çeşme suwy ýaly şahyrana setirler! Şahyryň aýdyň ýönekeýligi goşgyny ýokary çeperçilige ýetiripdir.

Gara Seýitli «Hindistanyň güllerinde» bu ülkäniň ajaýyp tebigatyny, onuň dünýä belli taryhy ýadygärliklerini, taryhy şahsyýetlerini, beýik hindi halkynyň gyzgyn ýüregini şahyrana teswirleýär. Şahyr hindi doganlarymyzyň ykbaly bilen içgin gyzyklanyp, çuňňur ynsansöýüji adam hökmünde orta çykýar.

Gara Seýitliýew — parahatçylygyň jarçysy, azatlygyň doganlyk-dostlugyň aýdymçysy. Şahyryň liriki gahrymany ynsan bagty, onuň röwşen geljegi üçin göreşýän adam.

Ömrüniň soňky ýyllarynda şahyr «Adam we dünýä» diýen pelsepeli goşgular toparyny döretdi. Bu goşgularynda ol Watan, toprak, adam, wepa, ynsap, ene, söýgi diýen düşünjelere täze öwüşgin berdi. Gara Seýitliniň şahyrana kalbyndan çogup çykan duýgular ynsan bilen baglydyr, olar şahyryň paýhasly pikir öwürmeleriniň netijesidir. Ynsanperwerlikden we adamlara bolan guwançdan doly bolan bu goşgular toplumyny ol entek-entekler dowam etdirmekçidi.

Emma... döredijiliginiň men diýen wagty Gara şahyr aramyzdan gitdi...

1971-nji ýylyň maýynda türkmen edebiýatynyň baýdak göterijileriniň biriniň ýogalmagy onuň egindeşlerini, şägrtlerini lerzana getirdi.

...Rahat ýat, şahyr, mähriban Gara,
Ölümiň ýüzüne men çekýän gara.
Ýüreklere saldy bitmejek ýara,
Arman, ol arany açdy-da gitdi.

Diýer Pomma, gysga ýazdym ynanjym,
Eşdemde şum habar gaçypdy wejim,
Şygyr äleminiň sen geýdiň täjin,
Galamym gözýaşyn saçdy-da gitda.

Bu bentler Türkmeniň uly şahyrlarynyň biri Pommanyň «Şygyrlaň täji» diýen goşgusyndan alyndy. Garanyň hatyrasyna bagyşlap Kerim Gurbannepesow, Mämmet Seýidow, Berdinazar Hudaýnazarow, Şäher Borjakow, Ahmet Mämmedow we beýlekiler hem ýüreklerinden syzdyryp şygyr ýazdylar.

Şahyr Gurbannazar Ezizow öz halypasy barada şeýle ýazyndy:

«Gara Seýitliýew ýaly şahyr aramyzda ýaşap ýöreninde biz ýaşlar läliksiremäge, «garagolluk» etmäge hakly ýalydyk. Ol biziň «başybozuklygymyzy» özüniň äpet döredijiligi, syraty bilen gözleýän ýalydy.

Uly şahyrlaryň ölümi uly ýitgi bolmakdan ötri, ýaşap ýören şahyrlaryň gerdenine düşýän uly borçdur...

Ol owadan adamynyň aramyzdan giden senesi näçe daşlaşdygyça men özüme şol adamynyň biçak ýetmeýänine göz ýetirýärin».

Daňatar Öwezow soňky ýoluna ugradylanda Gara Seýitli «Edebiýat we sungat» gazetinde çykyş edip, şeýle diýipdi: «Meniň dostuma, türkmen halkynyň ajaýyp ogluna, saz muşdaklarynaň iň söýgüli dostuna ölmek diýen zat bolmaz. Ol türkmen saz sungaty, türkmen halky ýaşasa ýaşar» Bu sözler Gara Seýitliniň hut özüne-de gürrüňsiz degişlidir!

Dünýäden gitmesin hiç kim bergidar,
Iň bolman bir agaç eksin ýadygär.
Kimde-kim bir agaç ekse ýadygär,
Dünýäň kitabynda onuň ady bar.

Hormatly okyjylar! Eliňizdäki bir tomluk Gara Seýitliniň eneden doglan gününiň 80 ýyllygy mynasybetli çykarylýar. Tomlugyň başynda şahyryň yşky lirikasyndan, watançylyk we ynsanperwerlik temasyndaky goşgularyndan saýlanyp «Bahar aýdymy» atly uly bölüm ýerleşdirildi. Onuň yzysüre Eýran hakyndaky goşgulary «Kemal» diýen bölüme girizildi, Hindistan hakyndaky şygyrlary bolsa «Hindistanyň gülleri» diýen bälüme goşuldy.

Gara Seýitliň bu kitabyny onuň «Adam we dünýä» atly goşgular toplumy jemleýär.

**Toplan we çapa taýýarlan**

**Ilmyrat MÄMMEDOW**

**Latyna geçiren we taýýarlan**

**Şemsetdin Ak**

**2018**

# BAHAR AÝDYMY



## BAHAR AÝDYMY

Ýene güller, gunçalar göterip geldi bahar,
Bezendi ýaşyl dona dag, depe, oba, şäher,
Doldy gury çaýlara gar suwlary akyşyp,
Sonalar seýle çykdy köle ganat kakyşyp.
Durlandy dura-bara durna gözli bulaklar,
Parlady ýaşyl öwsüp, ýalpyldawuk ýylaklar,
Doýdy guba keýikler boz çölleriň otundan,
Käkilik-de ses berdi bahara dag gatyndan.
Ýaýrady ýapylara ýazlamaga goýunlar,
Çagalar-da joş alyp, başlandy şat oýunlar.
Agşamlar aý yşkyna gurlawuklar gurlady,
Säherler gün yşkyna gökler gülüp gürledi.
Käte-de bulut oýnap, ýyldyrymlar çakanda,
Her gün öýlänçi gelip, älemgoşar çykanda,
Çykdylar güberlişip telpekli kömelekler,
Uçdular oýnaklaşyp zer ganat kebelekler.
Bahar, bahar, jan bahar, sende niçiksi syr bar?
Sen geleňde dünýämiz bolýar bütin lälezar,
Dolýar bütin ýürekler söýigi bilen, saz bilen,
Saýraýar bilbiller-de, müň dürli owaz bilen.

Sen geleňde görkezýär bize güller ýaňagyn,
Gözelligiň dünýäsi senden alýar sapagyn.
Bahar, bahar, jan bahar, sende niçiksi syr bar?
Sen söýýän ýürekleriň baryna näzli dildar.
Sen syraty çölüň-de, gülüň-de, bilbiliň-de,
Sen gudraty joş alyp ýakan däli siliň-de.
Sen bezegi howaň-da, suwuň-da, topragyň-da,
Sen gözellik jöwheri her täze ýapragyň-da.
Bahar, bahar, jan bahar, sende niçiksi syr bar?
Seniň çeper eliňde bütin barlyk janlanýar.
Seni görse çeşmeler dile gelip şarlaýar.
Seni görse al-ýaşyl geýip, jahan parlaýar.
Sen bagtyma meňzeýäň, baharym, sen bagtsyň,
Sen pasyllar soltany, iň söýgüli wagtsyň.
Işçi-daýhan hem şahyr, hemme saňa garaşýar,
Seniň bile deňeşmek — meň dünýäme ýaraşýar.
Sen dünýämi guçaňda dünýäm bolýar goşa ýaz,
Dünýäm seni guçanda ýürek çalýar goşa saz.

## TOST

Biri-birnden şirin, biri-birinden goçak,
Üç ogly, üç myrady bize bagt getirdi.
Goý, bu gün gazal bilen açylsyn toýda saçak,
Bu gözel döwletli toýa bizi bagt ýetirdi.

Üç myradym, üç peleňim, üç şirim ýetişende,
Ýaňaklarna hal düzülen üç maraly getirsin.
Üç myradyň, üç maralyň söýgi toýy geçende
Şu toýda oturan dostlar şo toýda-da otursyn.

*22–v–60 ý. Aşgabat*

## GAŞY SÜRMELI

Güller gözelligi senden öwrener,
Göz degmesin, Gülüm, gül çagyň seniň.
Agşamyň şapagy sönük görüner,
Säheriň şapagy ýaňagyň seniň.

Gözleriňe baka bilmen bakaňda,
Baksam ýürek aýdym aýdar hakyňda,
Ak hünjiňi ak boýnuňa dakaňda,
Baglar gözlerimi bent bagyň seniň.

Dogaňda dogupsyň gaşy sürmeli,
Zülpleriňi ogşap-ogşap örmeli,
Bagty görmek islän seni görmeli,
Düşümlidir, Gülüm, aýagyň seniň.

Görsem, ýüregiňde bir tupan turar,
Görmesem, ýüregim mydam ah urar,
Alkymyňdan atyr ysy bark urar,
Gülabyň gaýmagy dodagyň seniň,

Ölmez, Güljahanym, saňa ýar bolan,
Gülmez, Güljahanym, saňa zar bolan,
Körpejekäň saňa wepadar bolan
Şahyr ýüregimde soragyň seniň.

## NÄZLI TEBIP

«Doktor gelýär, tebip gelýär»,
Diýişdiler dynç alýanlar.
«Barja derdiň emin bilýär... »
Diýişdiler dynç alýanlar.
Çaga ýalak guwanşdylar,
Pöwrizede dynç alýanlar.

AK halatly, aý dek ýüzli,
Tebip güle-güle geldi.
Garahally, garagözli,
Näzli tebip nazar saldy.
Maral gözli, şirin sözli,
Näzli tebip habar aldy.

Tebip gözel, zor tebip gyz,
Hemmäň derdin bildi gitdi.
Emma meni ýar tebip gyz
Täze derde saldy gitdi.
Ýaňaklary nar tebip gyz,
Ýürejigmi aldy gitdi.

Goý, eşitsin ol tebip gyz,
Ýürekleriň permanyny.
Alyp gelsin jan tebip gyz,
Ýüregimiň, dermanyny,
Kabul etsin şol tebip gyz,
Gözleriniň gurbanyny.

## GARDA GÜLLER AÇYLAR

Bahar geldi, bahar geldi, ýaz geldi,
Günlerimiz bir-birinden caz geldi,
Gül ýygmaga topar-topor gyz geldi,
Gyzlaryň içinde näzlim owadan.

Gülseň näzlim, göwnüm gül dek açylar,
Gözlerime gözüň nury saçylar,
Sen oýnasaň, garda güller açylar,
Gyzlaryň içinde näzlim owadan,

Watan kuwwat berdi çekdim kanaly,
Zähmet bagt berdi, döwletim doly,
Näzlim ganat berdi, göwnüm, oýnady,
Gyzlaryň içinde näzlim owadan.

## DAŇ ŞEMALY

Daň şemaly öper, oýnar zülpüňi,
Men oýnasam: — Sen oýnama — diýýärsiň.
Daň şemaly topar, oýnar zülpüňi,
Taryn öpsem: — Sen oýnama — diýýärsiň.

Oýnasam-da öýkeleme, läligim,
Oýunçy zülpleriň oýnadýar meni,
Aýnasam-da aýp etme, gülälegim,
Gülälek ýaňaklaň däli edýär meni.

Daň şemaly her ýan, her ýana öwser,
Sen öwüsme her ýan, her ýana, dilber.
Zülpleň her öwsende ýüregim towsar.
Indi bir aram ber bu jana,dilber.

Däliredip, däli diýme, dilberim,
Däli göwnüm bir ýylgyrsaň açylar.
Perilerde ynsap bolmazmy, perim,
Sen ýylgyrsaň dünýäme nur saçylar.

## ENE WE GYZ

Ýuwaş-ýuwaş açylar şapak ýaly çog perde,
Täsin bir gözel görnüş peýda bolýar sahnada,
Aýnadan gaçan ak nur dek ak lybasly ol gyz-da,
Ak ganatly ak guş dek peýda bolýar bu ýerde.
Oýnaýar ol oýnaýar, oýnadykça-da joşýar.
Tans oýnemaik ol gyza gör, nähili ýaraşýar!
Ol gözeliň, şat oýny şatlyga şatlyk goşýar.

Oýna, azat halkymyň azat ýürekli gyzy,
Oýna, azat ülkämiň azat erikli gyzy,
Oýna, azat ilimiň aý dek görmekli gyzy,
Ol oýnuny gutaryp, beýik zala baş egýär.
Serwi boýdan syrylyp, sümbül saç ýere degýär.

Biz ol gyzy çagyrýas oýnamaga ýene-de,
Ol gyzy ýetşidiren eziz garry ene-de
Tomaşa, edip otyrdy biziň bilen bu zalda.
Emma ol şatlygyadan şeýle şowhunly halda,
Tanamady ol gyzyny ilki oýnap çykanda.

Soňky gezek baş, egip, ýylgyryp gaş kakanda,
Gözi düşüp ýüzüniň oglanlyk nyşanyna,
Ýaňaklaryna görk berýän zülpi-zenahdanyna,
Tanady garry ene, tanady öz gyzyny.
Garry ene ýat etdi ýaşlygyny, yzyny...
Şeýle bagty düýşünde görüp bilermidi ol,
Gyzynyň ýaşyndaka, kyrk ýyllap mundan ozal,

# SAŇA

Baga çykyp seýran etseň,
Garaşýarlar güller saňa.
Kebelekler ganatynda
Getiripdir hallar saňa.

Owazym eşitdi älem,
Sen hem eşit indi, läläm.
Ýar aýdymyna çyksaň janam.
Alkyş eder iller saňa.

Ýarym, habar al ýaryňdan,
Doýmak ýokdur didaryňdan,
Garry ýüregmiň taryndan,
Sazym açar diller saňa.

Toý gününde marallanyp,
Çyksaň meýlise sallanyp,
Ýaňakda züpleň hallanyp,
Hup ýaraşar şallar saňa.

Sen bagtyýar, men bagtyýar,
Aşyklary meýlis halar,
Sen oýnasaň, men sazandar,
Çalsam uzak ýyllar saňa.

## ŞAT WATANMYŇ AŞYGY

Pagta ekdim, hasyl aldym,
Hasylym göwnüm götär.
Zähmetiň ussady boldum,
Ýaşaýan men bagtyýar.

Men Watanmyň aşygy men,
Besleýärin bar bilen.
Şat Watanmyň saýasynda
Ýaýnaýaryn ýar bilen.

Kanal çekdim, baglar ekdim,
Baglarym göwnüm götär.
Daglaryma seýle çykdym,
Daglarym göwnüm götär.

Öz Watanmyň aşygy men,
Besleýärin bar bilen,
Öz Watanmyň saýasynda
Ýaýnaýaryn ýar bilen.

## SÖWER ÝAR

Söwer ýar, göwnüňe güman gitdimi,
Düwmelener damja ýaşlar gözüňde.
Ýa bir ýaman dilden ýalan ýetdimi,
Çytylyp dur gara gaşlar ýüzüňde.

Ýa bir başga ýürek ýüregňi awlap,
Ýüregimden ýüregiňi aldymy?
Ýa rakyp gözleri gözüňi baglap,
Oglan ýüregiňe otlar saldymy?

Açjak boldum, açylmady ýar göwni,
Gülümiň göwnüne güman çöküpdir.
Gülmedi gülümiň gülbahar göwni,
Bir namart dilinden duman çöküpdir.

Ýara gelip diýseň: — Ýaryň ýary bar,
Ýar ýüregi ýarylara gelmezmi?
Ýara diýdim: — Ýarym bolsa wepadar,
Ýalan söze jak-jak edip gülmezmi.

Ýar güldi, ýazyldy ýaryň gaşlary,
Ýakut ýaňaklary ýandy ýalbyrap.
Ýaňaklarna dyzýan aşyk saçlary,
Baglady ak gollar boýnuma orap...

## ŞAHYRYM

Meňli gyzyň menek-menek halyny,
Çykarmadyň Magtymguly ýadyňdan.
Ýazaňda söýgüliň şum ykbalyny
Kagyzlar tutaşdy ýürek odundan.

Pelek tumşugyny asmana dikip,
Geçdi seniň ýüregiňe dag çekip,
Sen nala çekeňde daglara bakyp,
Daglar paralandy seň perýadyňdan.

Gam badasyn noş edeňde armanly,
Pelek bir bakmady eli dermanly,
Zamana zalymdy goly permanly,
Çaknyşsaň-da, çagşamady badyndan.

Ýandyň sen garyplaň agyr halyna,
Ýandyň iliň-günüň kör ahwalyna,
Her sözüň deň tutup dünýä malyna,
Il umyt gözledi seniň adyňdan.

Şahyrym, sen dünýäň bir akyldary,
Dünýämiz dürdäne söz hyrydary,
Görsediň Watanda bu gün gülzary,
Dörärdi dessanlar göwün şadyňdan.

Çagyr, gelsin Meňli gyz hem messana,
Etregiň boýuna çykyň seýrana,
Guwanyň gül açan Türkmenistana,
Gaýgy-gamlar çykyp gitsin ýadyňdan,
Setirlem söz açsyn seň şöhratyňdan.

## JEÝHUN BILEN GÜRRÜŇ

Bu gün ýene gelip düşdüm gözel kenaryňa men.
Gel, görşeli, sözleşeli, eziz, şanly, Jeýhunym.
Asyrlarça gysganman bizi besläp bakdyň sen.
Bereket derýasysyň — jomart, nanly, Jeýhunym.

Kyrkçillede mes bolup, kükürän iner ýaly,
Käte-käte çyrpynyp, sen, kenara çykaňda,
Gözümize göründiň göýä bir däli ýaly,
Kenaryňda oturan öýlerimizi ýykaňda.

Käte biz düşünmedik seniň, derýa, diliňe,
Seni aždarhalara, ýylanlara deňedik.
Gazabyň bardyr öýütdik öz nan berýän iliňe,
Amyderýa at berip, nadanlara deňedik.
Sen bolsaň, derýa dostum, aýralyga çydaman,

Garagumuň giň gujagna atjak bolýan ekeniň.
Seni öz dildaryňa ýetirs, derýam, bigüman,
Garagözliň Garaguma ýetjek bolýan ekeniň.

Saňa joşýanyň üçin gatyrganyp, käýinip,
Şygyr ýazan şahyrlar ötünç sorasyn senden,
Sen hem öýkelek bolma, öz ogluňa käýinip,
Ýeňsejigne çalybam goýberýär ynsan çendan...

Islese derýa bolsun, islese ynsan bolsun,
Meniň arzuwym şeýle — jansyz, öli bolmasyn,
Bagtly, joşgunly bolsun, güýçli, gahryman bolsun.
Emma bir gödek, nadan, däli weli bolmasyn.

Baharda kim joşmaýar? Bahar diýmek joşgundyr,
Baharda bütin barlyk joşa gelýär täzeden,
Dünýäniň durmuşynda bahar baýramly gündür,
Jahan çytyk gaşyny ýaýyp gülýär täzeden.

Sen hem täze bahardan güýç alyp, joşa gelip,
Oýnadyp tolkunlaryň dyzaýarsyň kenara.
Garagözli Garagumuň garaşýanyňy bilip,
Etjek bolýaň hijran çeken lebleri teşne ýara.

Ýeke sen däl Jeýhunym, gadym, geçen zamanlar,
Magşugyndan aýrylyp, çöle düşen juwanlar,

Aşyklaryň gözýaşyndan ýazylypdyr dessanlar,
Däli Mejnun saýylypdy yşga düşen ynsanlar,

Taryhyň bar bir zaman Garagumuň çölüni
Ogşap-ogşap, Kaspa tarpan joşup akar ekeniň.
«Şasenemns», «Şamahyň», «Şirwangalaň» ilini
Derýam, mele suwuňdan joşup ýakar ekeniň.

Uzboý atlanar eken begres donly mekanyň,
Uzak giden kenaryň aýydýarlar uz eken.
Seni hijrana salyp, çöle kowan duşmanyň
Halka haýyn, ýüregi daşdan beter, buz eken.

Garagözli Garagumdan geldim men kenaryňa,
Garagözli dildarymdan salam getirdim saňa.
Garagumuň, gözi ýolda. garaşýar dildaryňa,
Hijran çeken iki aşyk göründiňiz siz maňa.

Garagumuň sözlerini toslamadym özümden,
— Garaşýaryn sabyrsyz Jeýhunym geler — diýdi.
— Derýam gelip öpensoň, meniň solgün ýüzümden,
Ýygyrtlarym ýazylyp, gül ýüzüm güler — diýdi.

Ýol açdy eziz halkym, ýör, Jeýhunym, baraly,
Beýik bagt kanalydyr Garagumuň kanaly.

Tanyş sen Garaguma göýä aşyk mysaly,
Şahyrlara bagtdyr aşyklaryň wysaly!

*Aprel, 1968 ý.*
*Bosaga—Garamätnyýaz,*

## JEÝHUNYŇ KENARYNDA

Dünýä möçberiňde Garabekewül
Belki-de, şeýle bir belli gala däl.
Emma munda şat ýaşaýan eziz il
Dünýäň söýgüsine laýyk eziz il.
Taryhy bar galalary açsa dil.

— Bu galada gözel Zöhre ýaşapdyr —
Diýýär maňa şofýor ýüzüme garap.
Beýik gala berk bolsa-da çagşapdyr,
Asyrlar edipdir galany harap,
Ösýän şemal geçýär saçlarmyz darap.
— Köp okandan belki, köp gezen biler —
Diýip, ynanýaryn alym şofýora,

Bir gün bu galany dünýä-de biler,
Diýip, seiýr edýärin gadym diýara,
Tahyryň kalby dek galaň kalby set para...

Belki-de, hut meniň şu duran ýerim,
Tahyryň hijrana ugran ýeridir?
Ýazdykça ot alýar meň setirleirim,
Babahanyň diwan guran ýeridir?
Tahyryň ýüregniň duran ýeridir?

Kesekler, dil açyň, aýdyň şahyra,
Niçiksi dözdüňiz Zöhräň ýaşyny?
Dag, galalar arka durup Tahyra
Eňseňiz bolmaýarmy şanyň başyna!
Niçiksi dözdüňiz Zöhräň ýaşyna?.

Maňa jogap bermän, dymýar galalar.
Belki, bir taryhçy garaşýar olar.
Elmydama dymmagy emr eden şalar
Eýýäm ýok bolsa-da dünýäde olar,
Maňa jogap bermän dymýar galalar.

Gamly hekaýatdan doly taryhyň,
Geçmişiň gara seň Garabekewül,
Emma ne gözel seň täze taryhyň,
Täzeçe ýaşaýar gujagyňda il.

Bagtly türkmen ili taryh, sen-de bil.

Bu gün bu diýarda bagtly ýigitleň
Söýgüsi-de azat, sazy-da azat.
Sürýäni polat at bu jigitleriň,
Ganaty-da bulaň polatdan ganat.
Bularyň söýgüsi, sözi-de azat.

## DOGANLYK AÝDYMY

Özbek ili, Türkmen ili gadymdan,
Jeýhun derýaň kenarynda berkarar.
Özbek ili, Türkmen ili gadymdan,
Iki dogan bir-birine howandar.
Iki dogan bir-birine guwanýar.
Iki dogan ikisi-de bagtyýar.
Türkmeniň öýünde meýlis açylsa,
Nowaýydan başlar bagşylar sazy.
Özbegiň öýünde magny saçylsa,
Pyragydan başlar pähimdar sözi,
Söýgüli Jeýhunyň iki dildary.
Iki dogan halkyň birdir bahary.

## BLOKNOTDAN

Ýurdumyza gelen myhmanlar bilen
Biz bagt Kanalnyň goýnunda ýüzdük.
Akly haýran bolan myhmanlar bilen
Goşa derýaň gözel boýunda gezdik.

Göwni açyk, myhmansöýer halkymy
Olar depderine däl, ýüregne ýazdy.
Bagty açyk halkymyzyň galkymy
Arabyň kalbyna gazallar düzdi.

«Eşiden deň bolmaz, gören göz bilen»
Diýen nakyl boldy olaň dessany.
Arap aýdyp bilmän sözün söz bilen,
Gujaklaýardy gülüp duran çagany.

Myhmanlar öz sowallarna jogaby
Janly hakykatyň özünden aldy.
Dostluk kitabynyň ilkinji baby
Bagt kanalnyň kenarynda ýazyldy.

Taryhda köp şanamalar ýazyldy,
Taryhda köp jeňnamalar ýazyldy,
Dostluk namalary ýazylsyn indi.
Dostluk bilen dünýäň ýüzi nurlandy.

# LÄLEDEN PYÝALALAR

Baýram bilen Bahara
Bakan gözler aşykdy.
Baýram bilen şat Bahar
Ýaşlyga ýaraşykdy.

Baýram bilen şat Bahar,
Bahar seýline çykdy.
Öz elinden Baharny
Şat Baýram suwa ýakdy.

Bahar bakýar Baýrama,
Baýram bakýar Bahara.
Bilbil, tukat saýrama,
Guwan sen-de ýaşlara.

Bahar otlar içinde
Gülleň, ysyndan humar.
Baýram otlaň, içinde
Perwama dek pyrlanýar.

Gülälekler, läleler,
Alyp ara Bahary,
Baýramdan gizleýärler,
Gelsin ýigdiň, gahary.

«Gül lälezar içinde,
Otyr Läläm näz edip,
Men nalalar içinde,
Ýetir, bilbil, saz edip.

Gül-läleler içinde,
Ýar otyr ýardan aýra.
Men nalalar içinde.
Dost, bilbil, tukat saýra...»

Baýramyň aýdymyna
Gül-läleler gülüşdi.
Bahar gülen badyna,
Gülki asmana düşdi.

Asman-da çakmak çakyp,
Gök-de pakyrdap güldi.
Bulutdan şerap akyp,
Gülleň käsesi doldy.

Bahar güldi gujaklap,
«Ös saçym!» läle kakdy.
Ezlen köýnekden dyzap,
Goşa nar gülüp çykdy.

Bahar bakýar Baýrama,
Baýram bakýar Bahara.
Bilbil, tukat saýrara,
Şat saýra aşyklara.

Bahar gujak içinde,
Bahar yşkyndan humar.
Bagt gujak açanda,
Bulutdan şerap ýagýar.

Baharymyň elinde
Gülälekleri, läleler,
Baýramyň-da elinde
Läleden pyýalalar...

Baýram bilen Bahara
Bakan gözler aşykdyr.
Baýram bilen şat Bahar
Şat toýa ýaraşykdyr.

## ÝEŇLEN ÝEGEN

«Gyzlar bilen ýaryşamak kyn, daýy jan,
Sona geçdi ekzamenden, men galdym.
Bilse ýagşy her kim çakyn, daýy jan,
Sona geçdi ekzamenden, men galdym».

Sona gyz sülmüräp, ýegene garap,
Göz güldürip, ulumsyja ýylgyrdy,
Ýegen ýigdi ýeňen Sonany gutlaň,
Guwandym, ýüregim şatlykly urdy.

Sonaň ýaşyndaka Sonaň ejesi
Ne bir mekdep gördi, ne şäher gördi.
Satdylar naçary bir gyş agşamy,
Ýarynyň ýüzünem ol bahar gördi...

Sonaň gözündäki parlaýan bagty
Görmäge göz gerek, diýmäge ýürek.
«Sona uniwersiteti gutaran wagty,
Ýegen hem goşundan geläýse gerek».

Diýemde gyzardy ýaşlaň ikisem,
Iki ýürek iki ýerden tolgundy.
Hoşlaşdyk, juwanlar gitdiler hemdem,
Iki hemdem ýürek aýdymym indi.

## HAT

Men bu haty özüm toslap ýazmazdym.
Haty bir ýürekden söýen ýazypdyr.
Men onuň hatyny şygyra düzmedim,
Özi — ol ýüregi köýen düzüpdir.

Bir gün teatrdan öýe gelýärkäm,
Men bu haty ýolda köçeden tapdym.
Ýapylmandyr bukja ýelmenip mäkäm,
Hat açyk bolsa-da okaman ýapdym.

Adres bolsadY bukjaň ýüzünde,
Derrew ýolda ýaşijege [1]atjakdym.
Kim ýollanny bilmese-de ol bende
Men bu haty ýola salyp ýatjakdym.

Men bilmediim haýsy ýigdiň Sonasy,
Haty bir wepaly Sona ýazypdyr.
Üç damja ýaş hatda goýan senesi,
Ýazan gelin ýana-ýana ýazypdyr.

Belki eziziniň geljegin bilip,
Sona agşam teatra gelendir.

1 Ýaşijege guty-gap

Haty ençe gezek gowşurjak bolup,
Tärin tapman, hat gowuşman galandyr.

Ýa belki, ýaryna wepaly Sona,
Bir wepasyz bilen ýaryn görendir.
Sabyr etmän, ýetmän oýnuň soňuna,
Aglap çykyp, haty ýere urandyr.

Meni bagyşlasyn ol söýen ýürek,
Ol ýüregiň odun, öýe getirdim.
Meni ýatyrmady o köýen ýürek,
Otly hat elimde daňym atyrdym...

Daň atdy-da, güle-güle gün çykdy,
Oýandy ukudan biziň ogullar.
Üçüsi üç ýerden arkama çykdy,
«Zarýadkany[2]» şeýle geçirýär olar.

Sona gelin «Bally janyň kakasy!»
Diýip, ýüzlenipdir hatyň içinde,
Ballyň-da, gelýändir arka çykasy,
Her gün säher turup gözün açanda.

Belki şol hatdaky üç damja gözýaş,
Agşam ýazan hata säher damandyr.

2 Zarýadka: Charging

Sonanyň kalbyny ýakan, kalby daş,
Çagany jogapsyz goýmak ýamandyr...

Wepaly Sonadan, goçak oglundan,
Aýrylyp köçede gezýän sergezdan,
Sona bilen tutup Ballyň elinden
Oýunda görýänçäm diýmerin ynsan.

Sona şeýle ýazýar: «Eşit sen, nadan,
Ne kakaly, ne kakasyz Bally jan»
Sona üçiň, gaýgy däl bir, parça nan,
Çaganyň zaryna dözmeýän ynsan.

«Kakaly ýetim» diýýärler, söýgüli zürýadyňa
Her gezek şuny eşdende Sona bolýar gara ýer.
Eger sen ata bolsaň söýgüli zürýadyňa,
Söýgüliňe jogap ber, zürýadyňa jogap ber!

## WATANYŇ GYZY

«Söýgülim dek bezenipsiň!» diýdim güneşe säher,
Gün hem seniň baýramyňda geýinipdir gyrmyzy,
Görk alyp güller ýüzüňden, açylypdyr lälezar,
Çöl hem seniň baýramyňda geýinipdir gyrmyzy.

Gün gyrmyzy geýinipdir, gün şat säheriň gyzy,
Gül gyrmyzy geýinipdir, gül şat baharyň gyzy,
Sen gyrmyzy geýinipsiň, sen şat Watanyň gyzy,
Dünýäm seniň baýramyňda geýinipdir gyrmyzy.

## SAZYM

Dutaryň-da seniň ýaly, näzlim, näzik göwni bar,
Her taryny kakana ol ýüregini açmaýar.
Onuň ýürek tarlarny öz aşygy sazandar,
Ýürek bilen ogşap çalsa, şonda dutar dil açýar.
Şol sebäpden zülpüň oýnap, sazym diýýän saňa, ýar,
Her näzňie bir sazy menden al sen, zülpi tar,

## NÄZ ETMÄŇ ÇENI ÝAGŞY

Bir akja kepderi sen,
Aralaşsam uçar sen.
Asmanda perwaz edip,
Oýnaýarsyň näz edip.

Bagtymyň akja guşy,
Näz etmäň çeni ýagşy,
Bir gon ýanyma parlap,
Guwanaýyn tumarlap.

Alsam ele elleriňni,
Akja ganat gollaryňny,
Göwün bile, ýürek bile,
Uçsak bile, gonsak bile.

Bagtymyň akja guşy,
Näz etmäň çeni ýagşy,
Gel, gon, ýanyma parlap,
Guwanaýyn tumarlap.

## ADAMLAR BEZEÝÄR BAR TEBIGATY

Durduk gapymyzda ýoldaşlar bilen,
Gözel durmuş hakda gürrüň gidýärdi.
Gün hem arzuwmyz dek ýalkym-nur bilen
Parlap, ýüregmizi röwşen edýärdi.

Birdenkä ilerki köçäň burçundan
Çykdy ol gyz golda çemen gül bilen.
Parlakdy ol gyzyň, gözleri Günden,
Ýaňagy-da bäs edýärdi gül bilen.

Onuň garşysynda bar zat ýitýärdi,
Sönük görünýärdi, çemen-de gül-de.
Bütin dünýäň oňa gözi gidýärdi,
Hatda baş egýärdi ol gyza Gün-de.

Şonda men düşündim şu hakykaty:
Dünýäniň iň gözel görki ynsandyr.
Adamlar bezeýär bar tebigaty,
Adamsyz bar jahan bir gury sandyr.

# LÄLIGIM

Gün şöhlesi seň ýüzüňde güle-güle oýnanda,
Açylýar elwan bahar, Läläm, jümle-jahanda.
Göwnümde gül açylar, dilimden dür saçylar,
Şygrymyň şahyr perisi hatam bolup eçiler.
Bagş eder elde baryny, geçer hanymanyndan,
Saňa al şerap süzer ýüregimiň ganyndan.

Ah, Lälam, bagyşla meniň köşeşmez däliligim,
Ömrüm boýy sensiň meniň ýüregimde läligim.
Seň näziňi çekmek üçin ýüz ýyl ömür islärin.
Ömür boýy seni, Läläm, gazal bilen beslärin.
Gün şöhlesi seň ýüzüňde güle-güle oýnanda.
Açylýar elwan bahar, Läläm, jümle-jahanda.

Günçalar saňa meňzäp, säher çagy näz edýär,
Bilbil-de maňa meňzäp, säherler owaz edýär,
Ah, Lälam, bagyşla meniň köşeşmez däliligim,
Ömrüm boýy sensiň meniň ýüregimde läligim.

## BAGTLY YNSANYŇ KINESI BOLMAZ

Bir wagt dünýäde diňe sen bardyň,
Deňdiň meniň üçin dünýäň gyzyna.
Göwnümiň köşgünde sen täjidardyň,
Deňdiň meniň üçin dünýäň özüne.

Ol günler men seniň bir ýylgyrşyňa
Janymy bermäge mydam taýýardym.
Azajyk gam gelse gara gaşyňa,
Bir güldürjek bolup porhan bolardym.

Uzak gije gezip, daňdan aýrylsaň,
Säher howlaýardym seni görmage.
Wadaly wagtdan bir minut galsaň,
Ýer tapmazdym ýer ýüzünde durmaga.

Ýeňil şemal ýaly müň dürli öwsüp,
Ýaksaň-da ýüregim näziň çekerdim.
Gaharym gelse-de, gaharmy basyp,
Göwnüň üçin ýene gülüp bakardym.

Akylym akylňa aýlan diýende,
Ýüregim akylma hüjüm ederdi.
Ýüregmiň sendigin aklym duýanda,
Akylym başymdan uçup giderdi.

Emma köçäňizde daşlar duýsa-da,
Sen duýmadyň meniň däli ýüregim.
Gapyňyzda garry agaçlar duýsa-da.
Sen duýmadyň yşkdan doly ýüregim.

Güle aşyk bolan awusyn duýman,
Bagryna basýar-da söýýär tikennem.
Tikenli sözlerňem näz diýip duýman,
Humar gözleriňden öpýärdim menem.

Humar gözleriňden näçe öpsem-de,
Ýüreklermiz bir-birine ýat galdy.
Men dünýäde öz bagtymy tapsam-da,
Gözleriňden ýüregimde ot galdy...

Öçüşen odumy ölçerme indi,
Aldadyp göwnüňi galma azara.
Söýýän diýip, samrap, kilçerme indi,
Söýgüli ýüregim sen etdiň para.

Ýürekde kine ýok saňa şu wagtam,
Bagtly ynsanyň kinesi bolmaz.
Ýarymyň gözünde parlaýar bagtym,
Bagtly, päk söýgi hiç wagt solmaz.

## GÜN OWAL IKI EKEN

Howlymyzda hemra bolup iki gumry ýaşaýar.
Görseň olar uzak günläp bir-birini ogşaýar.
Bir-birini bakanda-da, ogşap-ogşap bakýarlýar.
Sowuk suwdan ýakanda-da, ogşap-ogşap ýakýarlar,
Näçe ýyldyr şu söýginiň şaýady men her günde.

Dogursyny aýtsam, käte men uzak günläp,
Bu söýgüli guşlaryň sönmez söýgüsin synlap,
Oturýan uzak wagtlap, dünýäň gurluşyn geňläp
Hyýalym dolanansoň dünýäň, ýüregni diňläp,
Diýýärin:—Dünýä dörände yşk odundan döräpdir
Gün owal iki eken, biri olaň eräpdir.
Eräpdir-de ýüreklere söýigi bolup ýaýrapdyr
Söýgi bolup ýaýran güneş güneşleň has röwşeni
Şol röwşen bilen ýaşadýar, söýgülim, gözleň meni,
Gözlerimde söner söýgi gözümden salsam seni.

# GÖZLERIŇ

Körpelikde bile ösüp ulaldyk.
Ýatdan çykmaz gülüp bakan gözleriň,
Ulaldyň, söýüşdik, bir dildar bolduk.
Ýatdan çykmaz söýüp bakan gözleriň,
Ýürekde yşk odun ýakan gözleriň.

Gözüňe deň gelmez göz pyýalasy,
Söýdüm seni öz obamyň lälesi,
Satdy ataň, ýetdi söýgiň nalasy,
Ýatdan çykmaz ýaşlar akan gözleriň,
Aglap-aglap bagrym ýakan gözleriň.

Wysala ýetiljek wadaly günde,
Satdy seni, ýakdy seni, ol gende,
Takdyr seni menden alyp gidende,
Ýatdan çykmaz köýüp bakan gözleriň.
«Ýetim!» diýip, haraý çeken gözleriň.

Nadan ataň aýra salsa-da bizi,
Aýyryp bilmedi ýüreklermizi,
Biwepa atanyň wepaly gyzy,
Ýatdan çykmaz söýüp bakan gözleriň,
Ýürekde yşk odun ýakan gözleriň.

## GÜLEŇDE

Göwnüm gözden gorap güle meňzedýär,
Haýsy gülde şeýle humar gözler bar?
Haýsy gül seniň dek şeýle näz edýär?
Haýsy gülde şeýle şirin sözler bar?

Sensiň gülbagymyň görki, görmegi,
Sen güleňde, güler dostuň ýüregi.

Gülde gözleriň, dek humar göz bolsa,
Bilbil her bakanda täze saz eder..
Gülde näzleriň dek şirin näz bolsa,
Bilbil hem meniň dek şat owaz eder.

Jak-jak edip, sen görüşe geleňde,
Gül-de güler, gün-de güler güleňde.

# ÝÜREGIŇ ÝOK GÜNÄSI

Ýalňyzlykda ynsanyň ýüregidir ýoldaşy,
Ýüregine geňeş salyp, jogabyna garaşar,
Ýalňyzlykda ynsanyň ýüregidir syrdaşy,
Ýüregine syryn açyp, kararyna garaşar.

Ýüregime syrymy açyp otyryn menem,
Diňläp meni ýüregim  şatlanýar hem tolgunýar.
Ýüregim maňa diýýär: «Meň ýaly däli senem,
Haçan seni diňlesem, diliňde seň, näzli ýar.»

Soňra däli ýüregim seň ýanyňa myçylýar,
Seniň gapyňa gelip, söýgi sazyny çalýar.
Gaşyňy çytma, läläm, ýüregiň ýok günäsi,
Sensiz däli ýüregimiň daralýar giň dünýäsi.

# SÖZLER SAZ BOLAR

Sen bolmasaň, seň gözleriňi görmesem,
Dünýäň gözelligi gözüme ilmez.
Sen isleseň, ýüregimi bermesem,
Meni dogran ene ýüzüme gülmez,
Ýüregim ýarylar, demim-de gelmez.

Dünýäň gözel pasly bahar paslydyr,
Baharym gül açmaz seni görmese.
Baharyň güllerem göýä ýaslydyr,
Aşyk tirip, magşugyna bermese,
Baharym gül açmaz seni görmese.
Sensiz bahar ýokdur dünýäde maňa,
Sen bolsaň, gyşda-da bahar ýaz bolar.
Ömrümiň bahary diýýärin saňa,
Baharym, bir gülseň ömrüm ýaz bolar.
Seni wasp edemde sözler saz bolar.

## DÜNÝÄNIŇ ÝAŞLARY

Dünýäniň ýaşlary — ýaş ýürekleri,
Göteriň asmana al baýdaklary,
Goşarlar birleşsin, gollar birleşsin,
Ýürekler birleşsin, diller birleşsin,
Dostlugyň baýdagy dabaralansyn,
Dünýäniň ýaşlary baky dost bolsun!

Dabaraly daglar dünýäň görküdir.
Daglardan-da belent — ynsan erkidir.

Dünýäni uruşdan, otdan goralaň,
Jenaýat edenden jogap soralyň.
Dünýäni tutmasyn eneleň zary,
Gyşa aýlanmasyn ömrüň bahary,
Dünýä gözelleşsin — bolsun gülüstan,
Parahatlyk bolsun dillerde dessan.

Dabaraly daglar dünýäň görküdir.
Daglardan-da belent — ynsan erkidir.

# KENARYŇDA AŞYKLARYŇ YZY BAR

Jeýhun derýa, seýran etsem boýuňda,
Kenaryňda aşyklaryň yzy bar.
Göwnüm aýdar mekan tutsam boýuňda,
Kenaryňda bir kanalçyň gyzy bar.

Kanalçynyň gyzy baksa kenara,
Sabrym ýaly senem dolup, daş, derýam,
Kanalçynyň gyzy çyksa kenara,
Jeýhun ýüregim dek senem joş, derýam.

Jeýhun derýa, seýran etsem boýuňda,
Kenaryňda aşyklaryň yzy bar.
Göwnüm aýdar mekan tutsam boýuňda,
Kanalçynyň gyzy bilen bagtyýar.

Kanalçynyň gyzy çykdy kenara,
Oýna, Jeýhun, owlak ýarym oýnasyn.
Gözel kenaryňda ýar bakyp ýara,
Ömür boýy toý içinde ýaýnasyn.

## SONAM

Şelpe dek şabradyp zülpi taryňy,
Messana-messana gez, Sonam, bu gün.
Bagyňda besledik , alma-naryňy
Bileje gülüşip üz, Sonam, bu gün.

Indi sapasy bar çeşme boýunyň,
Ruh berýär ynsana oýnan oýunyň,
Şonuň saglygyna watan toýunyň
Şirin-şerbetini süz, Sonam, bu gün.

Ýüzdükçe ýüz tutup sen azatlyga,
Eziz Watandaky beýik şatlyga,
Hem gözel ýadygär, hem şaýatlyga,
Özüň-de bir dessan düz, Sonam, bu gün.

* * * * * * * * * *
* * * * * * * * * *

Baglady yşkyň perisi bir zülpi tara meni,
El degip tirilmedik bir jübüt nara meni,
Äkidiň dostlar bu gün ýara meniň habarym,
Gorkmasyn, gorkuzmaýar bu uzak ara meni,

Guş bolup, ganat açyp, perwaz ederdim başyna,
Bilsem-de onuň üçin aljaklar ara meni,
Indi sonam söýmese, äşgär diýsin sözüni,
Goý atam, enem diýip, goýmasyn zara meni.

## SAGADAT NAGMASY

Bir mähriban ene kimin, çagyranda eziz watan,
Turanlaryň bary tapdy öz derdiniň dermanyny.
Ogul edinmez ony watan, ogly göreş meýdanynda
Jandan eziz watanyna tabşyrmasa öz janyny.

Ýatma, gardaş, sen-de oýan!
Güneş nuruny saçypdyr.
Watan bagy biziň üçin
Täze gunçalar açypdyr.

Öz watanym Türkmenistan baglarynyň bilbili men,
Saýraýaryn duýdugymça durmuşymyň lezzetin.
Niçik göwün güle-güle, güller üçin saýramasyn.
Men görýärin geze-geze gülbaharyň lezzetini.

Ýatma, gardaş, sen-de oýan!
Güneş nuruny saçypdyr.
Watan bagy biziň üçin
Täze gunçalar açypdyr.

Bir zamanlar gara başyn gaýgy basan illerimiň,
Çyksaň bu gün her çagynyň aýryja bir sapasy bar,
Azat çeşme başyndaky biten ýakut güllerimiň
Her açylan gunçasynyň aýryja bir wepasy bar.

Ýatma, gardaş, sen-de oýan!
Güneş nuruny saçypdyr.
Watan bagy biziň üçin
Täze gunçalar açypdyr.

## BAKU GIJELERINIŇ BIRINDE

Ol gije beslenip täk başyma men,
Deňiz gyrasyna seýle çykýardym.
Kä halka garyşyp ileri gidip,
Käte-de asmana durup bakýardym.
Bakdygymça ýene-ýene bakýardym.

Çünki gök ýüzünden kümüş gözli aý,
Altyn zülplerini deňze döküärdi.
Göýä ol gözeliň aşygy — deňiz,
Galkyna-galkyna ýene çöküärdi.
Gaýtadan ýene-de zülpün öpüärdi.

Emma durdugyça, ol näzli melek,
Ýygnap zülplerini göge galýardy.
Bu gözel görnüşi duýdukça ýürek,
Bir otly söýgüni ýada salýardy.
Aý peri düýrlenip ýene galýardy.

Käte-de süzülen humar gözüni,
Äleme bildirmän gizlin gypýardy.
Göýä wada berip gypanda gözün,
Ýarynyň elinden zülpi sypýardy,
Aý peri gözüni ýene gypýardy.

Men-de gözelligiň aşygy Gara,
Göz güldürip gaşlarymy kakýardym.
Kä gökdäki aý perige ýüz tutup,
Kä-de deňiz tolkunyna bakýardym.
Bakdygymça ýene-ýene bakýardym.

## GÜLLERE SEÝRANA GELDI

Dostlar şu gün seýil çagy,
Bezenende şäher bagy,
Bir gözel başda daragy,
Güllere seýrana geldi.

Göýä balda sazyň sesi
Ýaňlandyryp beýgi, pesi,
Diýdi bagyň çyn eýsi,
Güllere seýrana geldi.
Boýy uzyn, sagat jany,
Azat zähmet gahrymany,
Döşünde hormat nyşany,
Güllere seýrana geldi.

Nazar salyp her ýanyna,
Haýbat atyp duşmanyna,
Rahat berip öz janyna,
Güllere seýrana geldi.

Men-de ýurduň bir bilbili,
Taryp etsem şirin dili,
Beýik bagyň gözel güli,
Güllere seýrana geldi.

## EZIZ TOPRAK DÖWLETLI

Ýerde garlar eräp, buglanyp, akyp,
Erän ýag dek ýere siňip gidende,
Gökde bulut oýnap, ýyldyrym çakyp,
«Bahar geldi!» diýip, habar edende.

Bahar bilen bile durup meýdanda,
Ýere gulak asdyň gözüňi aýlap.
Toprak saňa taýyndygny aýdanda,
Çykdyň ýaz ekişe maşynyň taýlap

Şol günden şu güne ýedi aý geçdi,
Ýedi aý pagtanyň näzini çekdiň.
Ýedi aý suw bilen toprak der içdi,
Ýedi aýlap güne ýüzüňi ýakdyň.

Ýadyňa sal, ilki eken pagtaňy
Sowuk aldy, ýene ekmeli bolduň.
Käte meýdanlarda atyrdyň daňy,
Zähmeti iki gat çekmeli bolduň.

Gutarmady ýene seniň aladaň,
Ýagyş ýagdy. Ekin gapaklar diýdiň.
Baryp agronomy turzup ala daň,
— Ekin çyg, pagtada gurçuk bar — diýdiň.

Gapagyň, gurçugyn geçende howpy,
Ýetişdi ýene-de saňa bir ünji.
Suwçy diýdi: «Akar akmaýar, şowly...».
Onuň howpy boldy has beter ünji.

Iş üstünden ýaňja ýadap gelseň-de,
Ýene gitdiň akar suwa bakmaga.
Derýaň birden guramýanyn bilseň-de,
Ýene gitdiň bir aýlanyp çykmaga.

Gök-ýaşyl öwüsýän pagta meýdany
Bir gün parlap, tamam gül bilen doldy.
Men tanamok senden ussat bagbany,
Her gülden bir guwanç ýürege doldy.

Kolhozçy dost, hemmeden öň sen bilýäň
Her açylan güle siňen azaby.
Hemmeden öň sen şatlanýaň, sen gülýäň,
Eger-de mes bolsa ekinleň taby.

Ýöne bu ýyl tomus gazaba tutdy,
Yssy bir yssy däl, hut ýangyn boldy.
Össe-de pis epgek geçdi-de gitdi,
Gitse-de ýüregňe bir howp saldy.

Aldyrmady yssa seniň gülleriň.
Sen epgegi ýeňdiň zähmetiň bilen.
Dessanlara laýyk güýçli gollaryň,
Gülleri parlatdyň päk niýetiň bilen!

Ýetişdik hasylyň, güldi gozalar,
Ýalpyldady ak altyndan dişleri.
Kolhozçy dost, saňa ýeriň yşky zor,
Altyn edip berdi dökülen deri.

Ata watan – eziz toprak döwletli,
Döwletiniň bir genjidir ak pagta.
Ülkämiz gülüp dur eli sowgatly.
Nur saçýan pagta meňzeýär bagta!

## DOGLAN GÜNÜM

Garry enem örän ýatkeş bolsa-da,
Anyk bilmeýär ol haçan doglanmy.
Aýlar, günler hasaba alsa-da,
Ýatlaýar bir ýagyşly gün bolanmy.

Ýagyş güýz ýagşymy ýa-da baharmy?
Kim bilýär, açygny bilimýär enem.

Açyk bolar ýaly metrika[3] barmy,
Şindi hem belli däl meň doglan senäm.

Ýat edýäni bir ýagyşyň ýagýany,
Ýok garrymyň başga oňa şaýady.
Belki undaýandyr enem howany,
Çünki ýeke men däl dogran zürýady.

Ýylyň haýsy güni doglan günüm?
Ony men bilmeýän, aýtsam gönim.
Özümiň dünýäde doglan günüm
Hasap edýän her iş, her baýram günüm.

Meň öz takdyrymdan baky razy,
Ömür şady-horram göwni hoş gezdim.
Goşa gunça açdy ömrümiň ýazy,
Bahar ýaz syly dek göwni joş gezdim:
Ömür şady-horram göwni hoş gezdam.

Özbaşdak ýaşadym körpe ýaşymdan,
Öz günümi özüm gördüm hemişe.
Kyrk ýyl ömür geçdi meniň başymdan
Ýaşlygym hoş geçip, başlamda işe,
Watanmy wasp etdim men joşa-joşa.

3 Dogulan günüňde berilýän senet

Isle okuwda bol, isle gullukda
Arkadag diýip men zähmete daýandym.
Isle ýetmezçilik, isle bollukda
Ýaşamak, döretmek boldy meň andym;
Arkadagym, men zähmete daýandym.

## ENE ÝÜREGI

Ene ýüregi dek ýürek tapylmaz,
Enäniň ýüregi gülden näzikdir.
Enäniň hiç erbet arzuwy bolmaz,
Arzuwy abatlyk hem-de saglykdyr.

Enäniň ýüregi her derdi syzar,
Hem derdiň dermany onuň sözüdir.
Enäniň gül ýüzi gaharňy ýazar,
Ene — ýaşaýyşyň, bagtyň gözüdir.

Enäniň ýüregi derýa dek giňdir.
Enäniň ýüregne bir dünýä sygar,
Enäniň söýgüsi deňizden çuňdur,
Ene mährin salsa gije gün dogar.

Bagşy joşa gelse, bagş eder bir söz,
Şahyr joşa gelse döreder dessan.
Ene ýüregi dek ýürek tapylmaz,
Ene öz mährinden döredýär ynsan.

## OÝATMAŇ

Gün şöhlesi assa girip aýnadan,
Oýatma sen beýle irden ol gyzy.
Onuň hyýalyny düýşde oýnadýan
Agşamky asmanyň, aýy, ýyldyzy.
Oýatmaň siz beýle irden ol gyzy.

Olar şindem beýik çynar astynda.
Ýigit «Söýýän!» diýip ýüregin açýar.
Söýgüli çynaryň çür depesinde
Patyraşýan ýyldyzlar ýalkymyn saçýar,
Ýigit «Söýýän!» diýip ýüregin açýar.

Aňsatmy söýgüli gözlere bakmak,
Göz göze düşende gözler gamaşýar.
Gerek däl ol gyzy häzir oýatmak.
Gara saçlar ak boýnuna dolaşýar,
Ýylgyrýar, tolgunýar, bagtly joşýar.

Ne gözel görünýär säheriň çagy,
Altyn şöhle al ýaňaga düşende!
Oňa aýly agşam säheriň çagy,
Gyz şindem näz edýär ýigde düýşünde;
Ol öýe giç geldi giç aý ýaşanda.

Bu säher oň üçin aýgytly säher.
Goý, doýýança baksyn ol gyz bagtyna .
Oýatmaň ýene-de iki sagat bar
Ol gyzyň barmaly iş nobatyna.
Oýatmaň, guwansyn ol gyz bagtyna.

## IŇ GÖZEL GÜL

Aşgabat baharnyň säher çaglary
Göwnüň açýar, aklyň goýýar haýrana.
Atyr saçýar Aşgabadyň baglary
Bahar çyksaň gunçalara seýrana.

Gülüşip, oýnaşyp iki ýaş juwan
Gezdiler güllere edip tomaşa
Duşanda olara goja bagyban,
Diýipdir: «Eliňe gül bitsin, ýaşa!».

Oglan diýdi: «Haýyş senden, atam jan,
Iň gözel güllerden baglaň bir çemen.
Aýlansyn Gülümiň başga -atyrdan,
Saýlaň, gunçalaryň iň gözelinden».

Bagban joşa gelip ýigdiň sözünden,
Ýylgyryp gaýçysyn aldy eline.
Çemen baglap gülleň iň gözelinden,
Uzatdy oglanyň söwer Gülüne.

Güli görüp diýdi goja bagyban:
«Men-de bir Gül söýdüm ýigit çagymda,
Gülümi ýatlatdyň bagtly juwan,
Seň Gunçaň dek gül ýok meniň bagymda».

Aşgabat baharnyň cäher çaglary
Gönüň açýar, aklyň goýýar haýrana.
Atyr saçýar Aşgabadyň baglary,
Bahar çyksaň gunçalara seýran.

## GYZYLSUW

Gyzyl suwly Gyzylsuw balykçylaň mekany,
Kaspiniň ýüreginde ezizlenýär, beslenýär,
Dürli guşlaň mekany awa çyksaň her ýany,
Dürli dilde saýraşyp, dürli dilde seslenýär.

Ganat ýaýyp oýnanda akja guşlar asmanda,
Guşlar bilen goşulyp uçsam diýýär ynsanda-da.

Söweş salyp deňizde däli tolkunlar bilen,
Şowly awdan gaýdanda Gyzylsuwuň kerweni,
Ak ganatly taýmyllar akja ýelkenler bilen
Bezäp mawy deňzi sürýär kerene göni.

Şatlanyşyp kenara çozýar çagalaň bary,
Kimiň dosty garaşýar, kimiň söýgüli ýary.

Gündiz günüň şöhlesi, agşam aýyň yşygy
Müň gözel nagyş salýar Gyzylsuwyň ýüzüne.
Gyzylsuwuň ýaşlary gözel Kaspiň aşyga,
Ynanmasaň, gel-de gör, sen şahyryň sözüne.

Deňze düşüp parlanda asmanyň ýyldyzlary,
Seýle çykýar oýnaşyp Gyzylsuwuň gyzlary.

* * *

Bagtly men.
Ganatly men.
Bu döwlete geň galýaň sen.
Aşyk bol-da söý-de öýlen.
Şonda, dostum, düşersiň seň:
Ne sebäpden
Bagtly men.
Ne sebäpden
Ganatly men.

* * *

Perwananyň ýaryny ýakypdyrlar bir zaman,
Aýralygyň ataşy alowdan[4], otdan ýaman...
«Söýgülim söndürer!» – diýip, oda urupdyr juwan
Ot söýginiň odundan öçüp, kül bolup tozan.

Söýgi ganat berpdir ýaryn alyp çykmaga,
Ýar ýolunda taýyn ol özün oda ýakmaga.
Söýgi ody söndürer, ot söýgini söndürmez.
Menem seniň yşkyňdan hiç bir ataş döndermez.

* * *

4 Ot

Telegraf agajy ýa-da tut bagy–
Haýsy çyksa, ol gyz hoz döwünýärdi.
Atýardy akýanja ýaba gabygy,
Soňra çaga ýaly ol öwünýärdi.
Her hozy döwende agaja kakyp,
Men onuň şatlygny duýdum ýürekden.
Uzakdan guwanyp, uzakdan bakyp,
« Işdäň açyk bolsun» diýdim ýürekden.

## ÝÜREK AÝDYMY

Gülälek gözelmi ýa gül gözelmi?
Ýa bahar yşgyna açylan Läle?
Perwana gyzyl ot gyzyl gül dälmi?
Bu jogap ýürege bagly mesele.

Söýginiň syryny soraşma menden,
Ony ýürek biler, soraş ýürekden.

Görmesem ýüregim bolýar bikarar,
Göýä gözlerinde göwnümiň şady.
Özüm hem düşmeýär oň eziz ady.
Dilimden düşmeýär oň eziz ady.

Söýgiňiň syryny soraşma menden,
Ony ýürek biler, soraş ýürekden.

Gözel diýsem, başgalardan gözel däl,
Emma maňa başgalardan ak ýaly.
Ýok diýýärler bir aýypsyz hiç gözel,
Emma onuň hiç aýyby ýok ýaly.

Söýgiňiň syryny soraşma menden,
Ony ýürek biler, soraş ýürekden.

## SENIŇ GÖZLERIŇ

Diýýärler: Göz göwnüň aýnasy, gözel.
Humaý gözlüm, seniň gözleň ne gözel!

## ALMA SATAN GYZ

Gyzyl ýaňak alma alyp çykypdyr
Gyzyl alma ýaňak almasatan gyz.
Bilmedim enesi ne at dakapdyr,
Almagül diýerdim alma satan gyz.

Ol gyz hödürlände gyzyl almany
Alma ýürek bolup göründi maňa.
Ýürege bersedi ol gyz almany,
Ýüregim alma dek bererdim oňa.

## SÖÝGÜLIM

Aşyk bolsaň al eliňe dutary,
Owazyň daglardan aşsyn, söýgülim.
Bahar çagy bagt kanalnyň kenary
Bagtymyz Jeýhun dek joşsun, söýgülim.

Wadamyz bahardy, geldi şat bahar,
Çölde gülälekler çykdy, söýgülim.
Bize bagt getiren sapaly bahar
Ýakama ter gunça dakdy, söýgülim.

Ýakamdan ýakaňa daksam gunçany,
Gül üstünde gül açylýar, söýgülim.
Ýürek diýýär: «Berjaý etsek wadany,
Gülgün şerap bol içiler, söýgülim».

Aşyk bolsaň al eliňe dutary,
Owazyň daglardan aşsyn, söýgülim.
Bahar çagy bagt kanalnyň kenary
Bagtymyz Jeýhun dek joşsun, söýgülim.

* * *

Uzakdan seretseň derek agajy,
Göýä ol baglaryň başynyň täji,
(Getirýän miwesi gurçuk bolsa-da,
Halkymyzdan köp rowaýat galsa-da),
Owadan görünýär galkyp asmana.
(Daş gözellik täsir edýär ynsana),
Ýöne dessanlary eliňe alsaň,
Jenanlaň waspyna bir nazar salsaň.
Derege deňelýär boýy gözelleň.
Biz hem täsirinde köne gazallaň,
Gözel wasp edip, çeksek suratyn,
Derege meňzedýäs boýun-syratyn.
Ýüzi gözel bolsa, ýüzi aý diýýäs,
Gaşy gözel bolsa, gaşy ýaý diýýäs.

Kirpiklerine okdur diýýäs sanjylýan
Saçlaryna oklaw diýýäs ýa ýylan.
Gözlerine okara, gabagna-badam,
Şeýle şekil alýar janly bir adam.
Dim-dik bolup duran uzyn bir derek,
(Onda ne duýgy bar, ne urýan ýürek).
Derekden asylgy bir jübüt ýylan,
(Ýylana aşyk men diýilse ýalan).
Iki gara ýylan arasynda aý,
Aýyň ýüzünde-de iki egri ýaý,
Ýaýlardan jaýtarşyp çykyp dur oklar,
Okaradyr, badam hiç syganoklar...
Şeýle bir suraty çekse bir çeper,
Diýse: — Öz ýaryňa ony sowgat ber,
Aýnaladyp töweregne nagş etseň,
«Suratyň» diýip, eltip gyza bagş etseň,
«Waý!» diýip gitmezmi pakyr özünden!
Düşen many alar şahyr sözünden.

## YLHAM

Dostlarym  gutlady. Sen nirede galdyň,
Gel, eý, ruhum bilen oýnaşan ylham!
Bu azat ýüregmi ilki sen aldyň,
Damarmyň ganynda gaýnaşan, ylham;
Gel, eý, ruhum bilen oýnaşan, ylham!

Bu gün meýlisiňe gadam goýdum men,
Mübärek goluňda göter, şerap ber!
Her gün ,watandaky dörän şatlygy
Inçe duýgy bilen ýiti garap ber.
Mübärek goluňda göter, şerap ber!

Şu şahyr göwnümiň şirin dilegi:
Her kimiň bolmasyn sensiz ýüregi.
Durmuşy duýmaýan duýgusyzlaryň
Meniň watanymda ýokdur geregi,
Hiç kimiň bolmasyn sensiz ýüregi.

## ŞAHYRYŇ KASAMY

Dünýäň bir ujundan tutaşan ataş
Bu gün watanyma ýetmekde meniň.
Küle döndermäge ýowuz ataşy
Gardaşlarym hüjüm etmekde meniň.

Men-de ol ýigitleň şahyr gardaşy,
Frontumda hüjümlere geçýärin.
Watanmyň öňünde, halkyň öňünde
Men-de bir esger men, kasam içýärin:

Men watan ogly men,
Watan gurbany.
Watanyň ugrunda
Bererin jany.

## AGŞAM

Saçyp parlak şöhlesini, ýaryp bulutlary laý-laý,
Gezýärdi älem-jahany seýr edip asmanda bir aý.
Ol zaman güller yşgyna dür saçyp bilbili şeýda,
Goç ýigitler, şat jigitler, gözeller-de bolup peýda.
Bag içinde bagtly durmuş tolkun atyp, joş urýardy.

Bakdygymça bu görnüşe ylham meni joşduryardy.
Niçik dostlar, bu durmuşa şahyr göwni şatlanmasyn,
Niçik ony goramaga Gara gyra atlanmasyn! —
Diýip, men-de gylyç aldym bu gün güýçli gollaryma,
Watan bagty gunçasyndan güller saçdy ýollaryma.

* * *

Dostum, çagyrmazlar merdi meýdana,
Derýa dek  joş urup, özi gelmese,
Ardyr il ogluna söweş gününde
Mukaddes  işini özi bilmese.
Derýa dek  joş urup, özi gelmese.
Dak jöwher  gylyjy  polat  biliňe,
Görkez gudratyňy, guwansyn watan.
Utansyn gyzaryp, saçak başynda
Namyssyz  paňylap[5]  biderek ýatan.
Görkez gudratyňy, guwansyn watan.

5 Boş

## HOŞLAŞYK

Hoş gal indi söýgülim,
Ýene gelip görünçäm
Ýene gara saçlaryň.
Özüm gelip örünçäm.

Merdana bol, maralym
Ýaş akdyrma, aglama.
Aýralyk ajy—diýip,
Ýüregiňi daglama.

Gitsem ýene geler men,
Jan zülpüňe saraly.
Heý-de ruh ýaşarmy
Şirin, jandan araly.

Heý-de, ýatdan çykarmy
Ýürekde adyň seniň.
Maňa janymdan şirin
Bir göwün şadyň seniň.

Hoş gal indi söýgülim,
Ýene gelip görünçäm.
Ýene gara saçlaryň
Özüm gelip örünçäm.

## HALKYM

Halkym!
Gahryman halkym!
Sesime ses ber,
Elinde ataş, maňlaýyňda der
Biziň ýigitler
Algyr bürgütler kimin göreşlerde gan dökýär.
Atylýan toplaň,
Düşýän howplaň
Zarbasyna çydaman
Hem ýer, hem asman,
Älemde her ýan hopugyp çekýär.
Ynsan gan dökýär.
Ýeriň damarny sökýär
Düşen minalar,
Beýik binalar
Sökülýär gat-gat.
Gözel tebigat
Boýalýar gana,
Her gül, her gunça
Wagşy duşmana
Bolup nyşana,
Solýar zäherden,
Baýguş sesleri gelýär ençe gözel şäherden.
Indi duşmanlar eger

Seniň janyňdan şirin, eziz görýän iliňi
Hem-de saýrak diliňi
Ýene täzeden baglap,
Teniňi dograp, daglap,
Ol gullar galasyna
Nadanlyk belasyna
Syryp saljak diýseler;
Urup aljak diýseler
Seniň, ynsanlyk erkiňi,
Görkezmezmiň berkiňi
Ol wagşy haýwanlara.
Galkyp al-asmanlara
GairK edip ummanlara
Onuň ganym başyny,
Akdyrmazmyň gözünden sil dek ganly ýaşyny!
Goý, sesime ses berisin kimde namys ar bolsa!
Kim watan bilen eden öz ähdinde bar bolsa!...

## POGONLY GYZ

Men seni bil ýyl ozal goly kitaply gördüm,
Tebipler mekdebinde dermanly, gaply gördüm,
Mele köwşüň içinde ýürek joraply gördüm,
Gara saçlaň bir gulaç, biziň taraply gördüm,
Diýdim – aperin saňa, aýdyň nyşanly gözel.

Bir gün hem bahar çagy, bagda ildiň gözüme,
Seýilgähde duş geldiň ýüzüň düşdi ýüzüme,
Goý, açaýyn bu sary, gulak goý sen sözüme,
Ygtyýarsyz ah çekip, joşup özi-özüme,
Diýdim – her bir bakyşy nagt gurbanly gözel.

Indi sen frontlarda söweş edýäň niçe aý,
Ne ot gorkuzýar seni, ne-de tupan gara gaý,
Armany ýok ýigitleň, bola bilse saňa taý,
Sen ýene şygra laýyk, ýene-de ýürege jaý,
Gadamlary mübärek, sapasy janly gözel.

Neneň men guwanmaýyn öz watanym – watanyň,
Şeýle mergen bolupsyň, boş geçmeýär atanyň,
Sen halasgär, hossary her ýaraly ýatanyň,
Gümanasyz bardyr seniň bir gahryman gatanyň,
Gaýyş guşak, boz şinel[6], bili naganly gözel.

6 Harby, goşun geými

Men ynanýan, hiç wagt ýaralamaz ýar seni,
Görüşeris ýene-de, görer gözüm şat seni,
Ýeňiş bile gaýdarsyň alkyşlar ilat seni,
Güller bilen garşylar gözel Aşgabat seni,
Gören diýer – gahryman, egni pogonly[7] gözel.

## AZAT ILLER OÝNAÝAR

Gör, ne gözel bu gün azat Watanym,
Bahar , gelip, bagda güller oýnaýar.
Gumy gyzyl, suwy nabat, Watanym,
Tarypyňy etsem diller, oýnaýar.

Halkymyň, arzuwy boldy berkarar,
Bagtym açyk, dünýäm meniň lälezar,
Her gülüň ýüzünde bir täzelik bar.
Gül yşkyna şat bilbiller oýnýaýar.

Gün bilen bir galkýar kalhozçy gözel
Ak altyn ugrunda hemmeden ozal,
Onuň halysy-da misilsiz gazal,
Gudraty, hünärli eller oýnaýar.

7 Dereje, ölçeg

Görüň, ne hoşbagt kolhozçy çopan,
Çöl ogly, il ogly boldy gahryman,
Polat atyn sürüp baranda daýhan,
Ýatan boz meýdanlar, çöller oýnaýar.

Işçiň çekijine eziz Watan şat,
Parlaýar ülkämiz gün-günde abat,
Teatr, edebiýat – bar jahan şaýat,
Gözel sungat – inçe biller oýnaýar.

* * *

Görmäge göz gerek, sözlemäge dil,
Parla, eziz Watan, eziz mekanym!
Sende gyş günlerem saz eder bilbil,
Maýaň yşykdandyr Türkmenistanym,
Parla, eziz Watan, eziz mekanym!

Gyzlaryň – gül bagyň gyzyl lälesi,
Gülende gül lebler gül dek açylar.
«Terbaş[8]» şerabynyň baş piýalasy,
Humarly gözlerden öpüp içiler.
Bahardan bahara gyşsyz geçiler.

Dirilik ýelidir säher şemalyň,
Goýnuňda göz açan garrylyk bilmez.

8 Togalak iri ak üzüm

Aý bile bäs eder gözel şemalyň,
Gülüňe her gunça deň gelebilmez.
Gudratyň, kuwwatyň, nuruň egsilmez.

## MAÝA

***Artistka Maýa Kulyýewa***

– Bu gün Mahym gyzy Maýa oýnaýar.
Diýip, ugraýarlar seni görmäge.
Bütin zal el çarpýar, joşýar,gaýnaýar.
Çagyrýar jemagat çemen bermäge.

Parlaýar sahnamyz sen çykaňda şat,
Bir gün Mahym bolup, bir gün Gül bolup.
Göwne ganat berýär, ýürege kuwwat,
Saýraňda şeýda dek şirin dil bolup.

Şasenem, Zöhre gyz, gözel Tatýana,
Her kim bir at bilen tanaýar seni.
Soraşýar halklar barsam her ýana,
Rus, azerbaýjan, özbek, ermeni.

Seniň hoş owazly şirin diliňde
Azat dünýämiziň bahar sesi bar,

Bagtdyr söýülmek dogan iliňde,
Watanmyň talanty, ýaşa bagtyýar.

## SÖÝGÜLI SAZANDAR

*Türkmenistanyň halk artisti ökde sazanda Pürli Saryýewiň 60 ýyllygyna*

“Peder size miras goýdy” bu sazy,
“ Ata kesbi ogla halaldyr” Pürli.
Belent çykyp seniň sazyň owazy,
“ Ata kesbi ogla halaldyr” Pürli.

Halkymyzada şeýle gözel nakyl bar,
Oňat saz garramaz, oňat sazandar,
Watanmyz lälezar, ömrümiz bahar,
Bu döwürde altmyş ne saldyr, Pürli.

Elli ýyl eliňde gyjakdyr, dutar,
Elli ýyl saz çalan ynsan bagtyýar,
Saz aşygy ___ sazyň kalbynda ýaşar,
Bu söze diýmegim hyýaldyr, Pürli.

Gahryman ýigide, gahryman gyza,
Bagyşlap, saz düzseň täzeden-täze,

Söýgüli sazandar, minnetdar size,
Şahyryň sowgady gazaldyr, Pürli.

## KOLHOZYŇ GÜLI

Her gün säher çykaňda iş üstüne ýalbyrap,
Güller saňa baş egýär, kolhozyň näzik güli.
Gün hem saňa el bulap, ýollar yzyňdan garap,
Jahan saňa guwanýar, kolhozyň şirin dili,
Watan saňa guwanýar, kolhozyň näzik güli.

Bir azat sona sen — eliňde erkiň.
Zähmetden ýaranan gudratyň, görküň.
Göz ilmez oýnaňda hünärli, güýçli eller,
Duýmaz asyl geçenňi hasylly, agyr peller,
Şeýle diýip sözleýär tarypyň biziň iller,
Jahan saňa guwanýar, kolhozyň şirin dili,
Watan saňa guwanýar, kolhozyň näzik güli.

Bir azat sona sen — ýetişdiň bagta,
Bagtyňa meňzeýär gözel ak pagta.
Söweşde ärler kimin ýadamadyň merdana,
Watana wepaň üçin bar döşüňde nyşana,
Her beýik baýram güni çykaňda şat seýrana,
Jahan saňa guwanýar, kolhozyň şirin dili,
Watan saňa guwanýar, kolhozyň näzik güli.

Bir azat sona sen — artýar şöhratyň,
Halkymyň şöhraty — seniň şöhratyň.

## ILLERIMIZ

Bagt kanalnyň bol suwundan,
Ganyp içýär çöllerimiz.
Baglar doýup bal suwundan,
Guňça açýar, güllerimiz.

Seýr etseň bahar çagynda,
Gezersiň guwanç dagynda,
Garagumuň gujagynda,
Görülmedik köllerimiz.

## GÖRŞELI

Zähmetdir durmuşyň altyn diregi,
Altyn nyşan ýyldyzly gyz, görşeli.
Zähmetkeşiň açyk bolar ýüregi.
Açyk ýürek, gül ýüzli gyz, görşeli.

Ak elleriň ak altynly oýnanda,
Görenleriň aklyn goýduň heýranda,
Zähmet joş alanda şanly meýdanda,
Müň hünärli, müň näzli gyz, görşeli.

Güler ýüzlim, sen kanala çykaňda,
Göwnüm gül bolsadym diýýär ýakaňda.
Garagum gül açýar gülüp bakaňda,
Bagt eýesi, çyn ýazly gyz, görşeli.

Gün nurly şöhlesin ýere saçanda,
Kolhozyň gyzlary işe geçende,
Sen aýry görünýäň gyzlar içinde,
Gara gözli, aý ýüzli gyz, görşeli.

## AŞGABAT

Beslenip gelende baharyň çagy,
Ýaşyl don geýiner Pöwrize dagy,
Altyn çeşme atly akar bulagy,
Şirin-şerbet üste içer Aşgabat,
Gün-günden güýç alyp, göçer Aşgabat.

Aşgabat-Aşgabat, janym, Aşgabat,
Watanym, şöhratym, şanym, Aşgabat.

Söýgüli paýtagtym, şatlyk çeşmesi,
Ýüpekdir atlarnyň ýal, irişmesi,
Halyçy gözelleň gyz kereşmesi
Gül dek göwünleri açar Aşgabat.

Aşgabat-Aşgabat, janym, Aşgabat,
Watanym, şöhratym, şanym, Aşgabat.

Azat ganatym bar, asmana galsam,
Garagum gül açýar, nazarym salsam,
Beýik bagt kanaly, Jeýhunda bolsam,
Ýüzüme nuruny saçar Aşgabat.
Gün-günden güýç alyp, gözer Aşgabat.

Aşgabat-Aşgabat, janym, Aşgabat,
Watanym, şöhratym, şanym, Aşgabat.

Müň iýmiş getirer, biri «waharman!»
Datmasaň, daýyma çekersiň arman,
Howasy hoştapdyr, ili mähriban,
Bizi ýat eýleýip, gelseňiz myhman,
Gülüban goýnuna guçar Aşgabat.
Gün-günden güýç alyp, göçer Aşgabat.

## SÄHER KEPDERLERŇE DÄNE SEPEŇDE

Säher çagy kepderlerňe çykyp däne sepeňde,
Oýnadyp ak gollaryňda, guşjagazňy öpeňde,
Göwnüm diýýär:
«Şol guş bolup gonsam seniň goluňa»
Guşlar bilen bile bakýar gözlerim seň ýoluňa.

Aýdyň säher, ak kepderi, seni göremde,
Aýdyň bagt, parahatlyk duýýan dünýämde.

Eziz goňşym, kepderçi gyz, kepderleriň uçanda,
Oýun edişip, al-asmana parlap ganat açanda,

Göwnüm diýýär:

«Oň yşgyna uç asmana guş bolup,

– Oýna – diýýär

– Oň yşgyna kepderlere baş bolup»

Aýdyň säher, ak kepderi, seni göremde,
Aýdyň bagt, parahatlyk duýýan dünýämde.

Sen güleňde, kepderçi gyz, dünýä gülýär ýüzüme,
Gyş paslynda, gar üstünde gunça ilýär gözüme,
Eziz goňşym, kepderçi gyz, gel bileje uçaly,
Kepderler dek müň näz bilen ýürekleri açaly.

Aýdyň säher, ak kepderi, seni göremde,
Aýdyň bagt, parahatlyk duýýan dünýämde.

Bu gün bolsa has nurana bagtly günüň şöhlesi,
Has hoş gelýär bu gün maňa kepderleň ganat sesi.
Bu gün akja kepderlere bile bakýas şadyýan.
Bir ýürekli iki guş dek iki goňşy jana-jan.

Aýdyň säher, ak kepderi, seni göremde,
Aýdyň bagt, parahatlyk duýýan dünýämde.

## ZOR OGLAN

Watan seniň gollaryňa guwanýar,
Dag göwsünden nebit alýan zor oglan.
Ägirt senagatlar saňa daýanýar.
Dag göwsünden nebit alýan zor oglan.

Gara altyn derýa bolup akanda,
Zarbyndan möwç alyp, göge çykanda,
Göwnüm joşa gelýär saňa bakanda,
Dag göwsünden nebit alýan zor oglan.

Ýeriň ýüreginden ýag alýan ynsan,
Senden gudrat alýar bu güýçli watan,
Seňkidir gelejek, seňki bu döwran,
Dag göwsünden nebit alýan zor oglan.

Çäksizdir topragyň nebit magdany[9],
Wyşkalaň[10] tokaýy tutýar her ýany,
Ýaşa, Nebitdagyň mert gahrymany,
Dag göwsünden nebit alýan zor oglan.

Nebitçiler, pagtaçylar ýaryşýar.
Gara altyn ak altyna garyşýar,

---

9 Düzüminde metallar, metalloidler ýa-da gazylyp anylýan peýdaly minerallar

10 Вышка -Tower *english*

Şahyr-da şanyňa goşgular goşýar,
Dag göwsünden nebit alýan zor oglan.

## PARAHAT ÝAŞASYN HALKLARYŇ BARY

Biz azat watanyň — azat ýaşlary,
Baky şatlyk üçin geldik jahana.
Bagtly etmäge bar ynsanlary,
Zähmet, göreş bilen çykdyk meýdana,
Watanmyz nur saçýar bütin jahana.

Parahat ýaşasyn halklaryň bary.
Bagtly ýaşasyn dünýäň ýaşlary.

Dünýäniň ýaşlary! Galkyň göreşe!
Ýaşlygy saklalyň gaýdan, tupandan.
Goşulsyn hemmeler biziň ýörişe.
Dünýäni saklalyň uruşdan, gandan;
Watany saklalyň gaýdan, tupandan.

Parahat ýaşasyn halklaryň bary.
Bagtly ýaşasyn dünýäň ýaşlary.

Ýok bolsun dünýäde uruş, ot, tupan!
Azat guş dek azat ýaşasyn ynsan.
Parahatlyk üçin göreş, gahryman,
Halklaryň dostlugy bolsun baş nyşan
Parahat dem alsyn bu ýagty jahan.

Parahat ýaşasyn halklaryň bary.
Bagtly ýaşasyn dünýäň ýaşlary.

Biz azat watanyň — azat ýaşlary,
Baýdagymyz — parahatlyk baýdagy.
Goşulyň bizlere, dünýäň ýaşlary,
Ýok bolsun dünýäden atom ýaragy!
Goralyň, gül açsyn ýaşlygyň bagy!

Parahat ýaşasyn halklaryň bary.
Bagtly ýaşasyn dünýäň ýaşlary.

## JOŞ, KANALYM!

Bahar bolsa, bahar gyzy — gül geler.
Bulut oýnar, ýagyş ýagar, sil geler,
Joş, kanalym, lemmer-lemmer aýlanyp,
Tomaşaňa bu gün azat il geler.

Suw boýunda derek, çynar bakyşar.
Ýaşylbaşlar sende ganat kakyşar.
Joş, kanalym, lemmer-lemmer aýlanyp,
Kenaryňda söýgüliler öpüşer.

Suw boýunda alma biter, nar bilen,
Garagumdan gyzyl öner, bar bilen,
Joş, kanalyan, lemmer-lemmer aýlanyp,
Seýle çyksam kenaryňa ýar bilen.

Suw boýunda goýun, guzy mäleşer,
Gülleriň yşkynda şeýdalar joşar.
Joş, kanalym, lemmer-lemmer aýlanyp,
Ak altyn seň, gözelligňe görk goşar.

Suw boýunda dörär ençe şäherler,
Halkym seýran eder agşam, säherler,
Joş, kanalym, lemmer-lemmer aýlanyp,
Şanyňa müň eser düzer şahyrlar.

Suw boýunda eziz halkym ornaşar,
Jeýhun baryp Kaspi bilen birleşer.
Joş, kanalym, lemmer-lemmer aýlanyp,
Şohratyň watana şan-şöhrat goşar.

*1952 ý.*

## KASPINIŇ TOLKUNLARY

Goja Kaspiň ýüregi
Ýüregim dek joşgun, şat.
Goja Kaspiň gujagy
Dünýäm kimin parahat.

Goja Kaspiň kenary
Jana derman, sapaly,
Çykýar agşam kenara
Wadadaky wepaly.

Kaspiniň tolkunlary
Oýnaýardy saz bilen.
Kenarda iki juwan
Oýnaýardy näz bilen.

Balykçy gojaň gyzy
Güler ýüzli şadyýan.
Balykçynyň gyzyny
Söýýär matros[11] Gurban.

Mawy deňziň ýüzüne
Aý şöhlesin saçýardy.
Gurban Kaspiň gyzyna
Ýüregini açýardy.

Kaspiniň tolkunlary
Oýnaýardy saz bilen,
Gaýykda iki juwan
Oýnaýardy näz bilen.

Akja ganat gaýykly
Aý batynça ýüzdüler.
Akja ganat gaýykly
Aý batynça gezdiler.

Aşyklar ýaka çykyp,
Güjaklaşyp, öpüşdi.
Tolkunlar çawuş çakyp,
Maýaklar[12] göz gypyşdy.

---

11 Deňizçi
12 Gämilere ýol salgy berýän

Kaspiniň tolkunlary
Oýnaýardy saz bilen,
Kenarda iki juwan
Hoşlaşýardy näz bilen.

Goja Kaspiň ýüregi
Ýüregim dek joşgun, şat.
Goja Kaspiň gujagy
Dünýäm kimin parahat.

## BALYKÇYNYŇ AÝDYMY

Säher güni şöhlesini mawy deňze dökende,
Akja guşlar, ýaşylbaşlar deňze ganat kakanda,
Men çykýaryn ganat açyp goja Kaspiň goýnuna,
Guwanýaryn tolkunlaryň, balyklaryň oýnuna.

Dolýar meniň torlaryma dürli balyklar:
Altyn balyk, kümüş balyk, zerli balyklar,
Azat mahy, bekre, takgaz, çapak balyklar.
Gerşi gyzyl, ýakut, tylla şapak balyklar.

Balykçy men, gorkmaýaryn suwda gaýdan, tupandan,
Kaspiň däli tolkunlary topulanda her ýandan,
Balykçy men, balyk yzlap, balyk kimin ýüzýärin,
Semiz-semiz balyklary düzüm-düzüm düzýärin.

Dolýar meniň torlaryma dürli balyklar:
Altyn balyk, kümüş balyk, zerli balyklar,
Azat mahy, bekre, takgaz, çapak balyklar.
Gerşi gyzyl, ýakut, tylla şapak balyklar.

Bulut geçýär, tupan geçýär, joşan tolkun ýaýylýar,
Goja Kaspiň ýüzüne kümüş şöhle çaýylýar,
Ine şonda çykarýaryn al şeraply torbamy,
Bişirýärin lezzetlije, şorja balyk çorbamy.

Dolýar meniň gazanjygma dürli balyklar:
Altyn balyk, kümüş balyk, zerli balyklar,
Azat mahy, bekre, takgaz, çapak balyklar.
Gerşi gyzyl, ýakut, tylla şapak balyklar.

Agşam ýene seýran edip çykýan deňziň goýnuna,
Guwanýaryn söýgülimiň tolkun bilen oýnuna,
Geze-geze, ýüze-ýüze, aý ýaşanda gaýdýan,
Söýgülime şat balykçyň aýdymyny aýdýan.

Dolýar meniň torlaryma dürli balyklar:
Altyn balyk, kümüş balyk, zerli balyklar,
Azat mahy, bekre, takgaz, çapak balyklar.
Gerşi gyzyl, ýakut, tylla şapak balyklar.

Men Kaspiniň zürýady men, goja Kaspi mekanym,
Wolganyň balykçysy doganym, mähribanym,
Men Kaspiniň balykçysy, doldurýaryn planym,
Keýpim kök, sagat janym, gözel doly döwranym.

Goja Kaspiň ekdisidir dürli balyklar:
Altyn balyk, kümüş balyk, zerli balyklar,
Azat mahy, bekre, takgaz, çapak balyklar.
Gerşi gyzyl, ýakut, tylla şapak balyklar.
Daşy kümüş apbasydan torja balyklar,
Lezzet berer şerap bilen şorja balyklar.

# HALLY GÖZEL

Baga çykan şat gyzlaryň içinde,
Birisiniň goşa gara haly bar.
Hally gözel güle-güle geçende,
Ýürek duýdy onuň ne hyýaly bar.
Bir hyýaly bar, öz hyýaly bar.
Şol gözeliň goşa gara haly bar.
Ýürekden ýürege yşkyň ýoly bar.

Bag seýlinde aklym alan näzliniň
Al ýaňakda goşa gara haly bar.
Ýüregime soltan bolan näzliniň
Indi näz etmekde ne hyýaly bar?
Bir hyýaly bar, öz hyýaly bar,
Söýgülimiň goşa gara haly bar,
Ýürekden ýürege yşkyň ýoly bar.

Ol çeper ýüpekçi ýüpek içinde,
Döşünde zähmetiň gül medaly bar.
Ýüpekçi gyz ýüpek geýip geçende,
Ýürek duýdy onuň ne hyýaly bar.
Bir hyýaly bar, öz hyýaly bar,
Bilýän, onuň maňa dost hyýaly bar.
Ýürekden ýürege yşkyň ýoly bar.

## TÄZEGÜL

Ýadyňdamy, Täzegül, täze ýylda duşuşdyk,
Soradym men adyňy, adym diýdiň Täzegül,
Sözsüz bakyşlar bilen, gaş kakyşyp duşuşdyk,
Şerap ýerne ýüregme söýgi guýduň, Täzegül.

Meýlisimiz joşanda täze ýyly garşylap,
— Bagtyňyz açyk bolsun — diýip, ençe näz etdiň.
Gergin gara gaşlaryň astyndan humar garap,
Her bakaňda, Täzegül, ýüregimi ýaz etdiň.

Perwana dek pyrlanyp, tans edeňde şadyýan,
Bakdym bagtymyň güli, seniň näzli oýnuňa.
Aldyň ygtyýarymy, etdiň aklymy haýran,
Ýüregim bir hal bolup, gondy-la gyz boýnuňa.

«Görüşýänçäk sag boluň!» diýip, maňa aýdaňda,
Ýüzüme bagtym ýaly gülüp gitdiň, Täzegül.
Müň näz edip, hoşlaşyp, sen öýňüze gaýdaňda,
Meniň jeýhun ýüregmem alyp gitdiň, Täzegül.

Ýüregimiň yzyndan geldim, gülüm ýanyňa,
Täzegülüm, gün kimin gülüp çykdyň ýalbyrap
Özümem ýüregim dek aldyň, gülüm ýanyňa,
Ine onsoň açyldy bagtymyň güli parlap.

Gel, Täzegül, ber eli täze bagtyň şadyna,
Gel, «Täzegül» dakaly şu aýdymyň adyna.

## DAGLAR

Ölüm ýassygynda ýatan çaglary,
Pyragyň hoşlaşan beýik daglary.
Şahyrymyz ötdi diýmäň dünýäden,
Hoşlaşyban gitdi diýmäň dünýäden.
Ýüreklere ýürek sözün dolduran,
Dür söz bilen dünýä özün aldyran.
Dünýäniň aşygy dünýäden gitmez,
Dünýäň aşygyny dünýä unutmaz.
Dünýä durdugyça durar Pyragy.
Asyrlar geçse-de sarsman durmagy
Daglar, sizden öwrenipdir Pyragy.
Dünýä durgugyça durar Pyragy.
Akyl saçar, söhbet gurar Pyragy.

* * *

Watanyň ugrunda janyny goýan
Halkyna wepaly batyr zürýatlar –
Size minnetdardyr her bir ýaşaýan,
Watan sizi her gün, her minut ýatlar.

Siz öldüňiz durmuş ölmesin diýip,
Ölümiňiz bu durmuşa jan berdi.
Siz öldüňiz ölüm gülmesin diýip.
Ölmüňiz ölüme — öl! — perman berdi.

Sizi baky beslär watanyň ýazy,
Çyn durmuş aşygy bolanňyz üçin,
Guşlaryň owazy, bilbiliň sazy,
Gülleriň gadyrny bilenňiz üçin.

Siziň belent, eziz ýadygärňize
Arka-arka nesillermiz bakarlar.
Baky alkyş okap eneler size,
Atlarňyzy çagalarna dakarlar.

# BU GÜN

Bu gün parlap çykan günüň ýüzünde
Köp zat okadym men, köp zady gördüm.
Sanardan waka köp ýeriň ýüzünde,
Diňe öz ülkämiň çäginde durdum.
Men bu gün daňdanyň sazynda turdum.

Bir bakyň, ne gözel bu gün daň sazy,
Bu saz mekdepleriň açýar gapysyn.
Bu sazda müň enäň göwnüniň ýazy
Mekdebe ugradýar ilki çagasyn.
Çagalar mekdepleň açýar gapysyn.

Kim bilýär bu gezek körpe çagalar,
Erte kimler bolup ýetişjek bolar,
Kimsi alym bolup, äleme dolar,
Kimsi kuýaşlara uçar, dolanar,
Watanmyz hersine aýry guwanar.

Çagalarny mekdeplere ugradýan
Işçiniň-de, kolhozçyň-da ýüzünde,
Gaýgydan, gussadan ýok birje nyşan,
Şeýle bir şatlyk bar hemmäň ýüzünde,
Bagt röwşen atýar halkyň ýüzünde.

Ýüzlerdäki şatlyk ýürek şatlygy,
Ýürek şat bolmasa ýüzler-de gülmez.
Watanmyň şatlygy — dünýäň şatlygy,
Dünýäde hiç şatlyk deň gele bilmez,
Meniň bagtly halkym işden ýeňilmez.

Döwrümiň taryhyn ýazýan taryhçy,
Her gün taryhydyr biziň döwürde.
Zähmet bilen taryh ýazýan kolhozçy
«Ak altyny» ýetişdirdi boz ýerde,
Taryh neneň guwanmasyn ol merde.

Ýaňy dälmi Jeýhun däli derýanyň
Murgap derýa bilen tapyşan güni.
Damjasy döwletden doly derýanyň
Murgap derýa bilen bir joşan güni.
Kanalda dabaraň dag aşan güni.

Döwrümiň taryhyn ýazýan taryhçy,
Her gün taryhydyr biziň döwürde.
Kanaldan suw alan bagtly kolhozçy
«Ak altyny» ýetirip ýatan boz ýerde,
Bu gün ýygnamaga çykdy säherde.

Döwrümiň taryhyn ýazýan taryhçy,
Bu güni hem belle altyn hat bilen.

Bu gün ülkämiziň bar kolhozçysy.
Ýygyma başlaýar belent bat bilen.
Asla görülmedik hereket bilen.

Herekete-bereket diýipdirler atalar,
Hereket bereketli bolsun, kolhozçy dostlar!
Belent-belent ak daglara aýlansyn ak pagtalar,
Ýaryş şowly hem şöhratly bolsun, kolhozçy dostlar,
Şat göwünli, per ganatly bolsun, kolhozçy dostlar!

## BAGT NÄÇE GAÝTALANSA, AZ ÝALY

«Dünýäde bir waka bir bolup geçse,
Ýene de ol hökmän gaýtalanarmyş...»,
Men ynanmak islemeýän bu gepe,
Goý, bu pelsepejik bolsun gury «myş»

Başymyzdan geçen ejirli günleň,
Täzeden gelmegin kim arzuw eder?
Ýüreklerde galan köne düwünleň
Dagly tagmalary nä wagt gider?

Nä wagt aýrylar uruş ýyllarnyň
Ençäniň bagryny kesen ýarasy?
Ne gözel ýigitleň naçar dullarnyň,
Juwan ýüreklerne basan ýarasy?

Goý, ol ýowuz ýyllar hiç dolanmasyn,
Taryh öňe gitsin, taryh durmasyn.
Adamzat indi bir ahmal bolmasyn,
Hiç kes hüşgärligi elden bermesin.

Gaýtalanjak bolsa, ýaz gaýtalansyn,
Bahar gaýtalansyn, has zybalansyn.
Her gunçada yşgyň çyragy ýansyn,
Bilbiller çarh ursun, gül humarlansyn
Gaýtalanjak bolsa, ýaz gaýtalansyn,
Ýaşlyk gaýtalansyn, bahar ýaz ýaly.
Betbagtlyk asla gaýtalanmasyn
Bagt näçe gaýtalansa, az ýaly.

Bagtly ýaşasyn biziň balalar,
Eneden bolmaka ýetim galmasyn.
Ömürlik dünýäden gitsin nalalar,
Hiç bir gunça açylmaka solmasyn.

## MENDEN ÝADYGÄR

Diňe seň yşgyňa düşen günümden
Eşidip başladym dünýäň sazyny,
Diňe seň dünýäňe düşen günümden
Dünýä täze gelip, dünýäň özüni,
Täze dogan aýy gören mysaly,
«Akkaý-akkaý!» edip alnyma sylyp,
Göýä yşgymyzdan döräýen ýaly,
Meniň dünýäm — diýip, doldum gujagna
Soňra-da dünýäni aldym gujagma.
Göz aýyrman dünýäň gara gözünden
Men many aňladym dünýäň sözünden.
Diňe seň yşgyňa düşen günümden,
Maňa aýdymyny berdi bilbiller,
Şol günden ýaňagny görkezdi güller,
Dünýäniň syryny aýdýan ýaly,
Çawuş çakyp başladylar çeşmeler,
Gülleň gözündäki näz-kereşmeler
Ozal meniň gözüme-de ilmezdi.
Ozal meniň gulagma-da ilmezdn,
Şaglap owaz edýän kümüş derekler.
Diňe tapyşandan biziň ýürekler,
Saz edip başlady ýaşyl ýapraklar,
Saňa ganatynda hallar getiren,
Aşyk perwanalar, ak kebelekler,

Indi şeýle eziz maňa dünýäde,
Meniň dilber, läläm, saňa dünýäde
Duş gelen günümden dünýä üýtgedi.
Düýäde sen bolsaň dünýä ebedi
Sowulmaz bahara aýlandy älem
Baharyň öz gyzy söýgüli, Lälem,
Seniň ebedilik göwün şadyňa,
Bir aýdym döretsem diýýän adyňa,
Ol aýdymy çaljak sazyň taryny,
Ýugrup ýürekdäki söýgiň baryny,
Kalbymyň taryndan işesim gelýär.
Aýdym bar adam dek ýaşaýar, ölýär,
Aýdym bar aşyk dek asla ölmeýär.
Hak aýdyma aşyk bolýar adamzat.
Hak aşyga aşyk bolýar adamzat.
Adamzat söýenni ýaşadýar baky.
Meniň dilber, Lälam, kim bilýär, belki,
Seniň aýdymyň hem ýarar ynsana,
Goşa ganat baglap ýaýrar jahana,
Men seniň aýdymňy şeýle nurana
Şeýle dürdäne, şeýle merjana
Dury duýgulardan düzüp otyryn.
Yşgymyň çekmesi gözde rowana
Guwanç ýaşlam bilen ezilen sözler,
Goý, galsyn dünýäde menden ýadygär.
Meni şahyr eden piýala gözler

Men ölýänçäm meniň gözümde parlar.
Kirpikleri apat ol ala gözler
Men ölemsoň meniň sözümde parlar.

## EZIZ ŞÄHERDEŞ!

Aşgabady aýna ýaly etmäge,
Aýlyk ýowar edýär aşgabatlylar.
Aşgabady hoş sapaly etmäge,
Baky bahar edýär aşgabatlylar.
Biriniň elinde saýaly agaç,
Biriniň elinde miweli agaç,
Biriniň elinde garamahmal gül,
Biriniň elinde gyzylmahmal gül,
Birisi gülleriň agyna aşyk,
Birisi lälelek çoguna aşyk.
Birisi ýaz yşkyna «Ýasemen» ekýär,
Birisi «Nergiziň» näzini çekýär.
Aşgabat aýlanýar bu gözel baga,
Göz gerek, göz gerek oňa bakmaga!
Aşgabada baksaň aý yşygynda
Aşgabat owadan arzuwa meňzeş.
Onuň jemalynyň lowurdaşynda
Seniň-de söýgüň bar, eziz şäherdeş!

# AÝADYMYŇ MENDEN

Daşy ýaryp çykan ýazyň güli dek,
Adatyň dagyny ýaryp çykan gyz.
Saňa bagtyýarlyk isleýär ýürek,
Dünýä aşyk gözler bilen bakan gyz.

Sen seýle çykaňda, aý dek ýaldyrap,
Göz degmesin diýdim, gözlerňe garap.
Bir gulaç saçlarňy başyna orap,
Zülplerini al ýaňakdan döken gyz.

Baýram güni gördüm eliňde sazyň,
Sazyňda çalýardyň waspyny ýazyň,
Aklym haýran etdi bilbil owazyň,
Şat mukamy şa perdeden çeken gyz.

Aýdyma laýykdyr seniň jemalyň,
Aýdyma laýykdyr seniň kemalyň.
Aýdyma laýykdyr seniň ykbalyň,
Belent sazda bagt lälesin kakan gyz.

Döräňde-döräpsiň aý bilen günden,
Dünýäde päk gunça görmedim senden.
Sen näçe aýytsaň aýdymyň menden,
Pyragynyň şägirdini ýakan gyz.

# ÝAZ ÝÜREK BOLSUN

Bir gün seýle çykdym seýil bagyna
Guwanyp gülleriň her ýapragyna,
Men lezzet alýardym gözelliklerden,
Aýdym öwrenýärdim şeýda bilbilden,
Eşider bolsaňyz şo demde birden
Ýöremän adamlaň ýörýän ýerinden,
Biri urup geçdi gülleň, içinden.
Ol mäz ýürek mynjyradyp gülleri
Aglatdy saýraýan şat bilbilleri.
Dünýäde döreýän gözellikleri
Görüp guwanmagam oňarmak gerek.
Gözellik älemni duýmadyk ýürek
Ýürek däl, bir bölek mäz bolsa gerek...
Arzuwym dünýäde ýekeje ynsan
Mäz ýürek bolmasyn, saz ýürek bolsun.
Arzuwym dünýäde ýekeje ynsan
Buz ýürek bolmasyn, ýaz ýürek bolsun!

## BÄLÇIKLER

### 1.

Futbolyň ýesiri «Ursana!!!» diýip,
Gygyryp galypdyr gijäniň ýary.
Birden gözün açsa, düýşdügni duýup,
Seňseläp ýatyrmyş ýanynda ýary...

### 2.

Kakasynyň ertir ýygnakda etjek
Dokladyny[13] kiçi ogly ýyrtypdyr,
Tursa doklad ýok, ýeri indi nätjek?
Şo demde pahyry ötle tutupdyr...

## YNSAN KÖP ÝAŞASA

Bu dünýäden geçen akyldarlaryň
Hemmesi bir zady arzuw edipdir.
Göýä bir adam dek bary olaryň:
— Ynsan köp ýaşasa! — diýip gidipdir.

13 Maglumat-habar

Baky bagtly ýaşar adamzat nesli,
Hiç kim nahak uruş odun ýakmasa.
Adamlaň-da ömri uzar ep-esli,
Hiç kim nähak-ýere göwün ýykmasa.

## SÖZI MENDEN, SAZY SENDEN

Besdir, şahyr, galdyr başy düşekden,
Heý şunça-da kesel ýatmak bolarmy?
Galk-da soraş, şahyr, dostuň ýürekden
Bahar gelip geçse, gaýdyp gelermi?

Geçen gaýdyp gelmez—bu hakykatdyr,
Geçmänkä duşuş sen bahar-ýaz bilen.
Ýazda ýatmak şahyra gabahatdyr
Çyk dünýäň seýline söhbet-saz bilen.

Sen bir dünýä seret, misli bir jennet,
Elwan güller atyr saçýar bark urup,
Her täze gunçada täze muhabbet
Jümle jandar joşa gelýär çarh urup.

Buşlukçy gyzlar dek ak kebelekler,
Gül salamyn güle aýdyp güldürýär.
Dünýäde gaýgysy ýok kebelekler,
Gamly ýüreklere şatlyk doldurýar.

Tolkun atýar daglaň göwsi lowurdap,
Göýä diýpsiň onda şapak dogupdyr.
Topragyň astynda ýüregi howlap,
Gyrmyzy läleler birden çogupdyr.

Daglaň eteginde ençe bulaklar
Yşkyň çeşmesi dek gaýnap çykyp dur.
Guwduraşyp köpük saçýar balyklar
Balykgöz düwmeler oýnap böküp dur.

Jak-jak edip ses berende daglardan,
Käkilikleň gözelligni görmeli.
Ol örän zyba guş atyp awlardan,
Aýagy hynaly, gözi sürmeli.

Awçylaryň kalbyn awlan jerenler,
Sizi görüp gazal düzmedik barmy?
Şahyr bolýar gözlerňizi görenler,
Gözlerňizde gülýän gözel baharmy?

Bu soragyň jogabyny almankam,
Geldi gulagyma şeýle bir seda:
Gül bahary wasp etmäge bir mukam
Bize döretmäge gel diýýär şeýda.

Sözi menden, sazy senden, hoş şeýdam,
Sazyň seniň bahar ýaly şat bolsun.
Seni diňläp, arzuw etmek hoş, şeýdam
Saýra, dostum, kalbyma gam ýat bolsun.

## ÝER ULUDYR

Dünýäniň habarny alsaň daglardan
Daglar aýdar: — Durkum — dünýäňdurkudyr.
Dünýäň durky hem-de görki daglardan,
Dünýäde belent erk — ynsan erkidir.

Dünýä dörese-de örän gadymdan,
Taryhyň döreýşi — ynsan bilendir,
Köp jandar has gadym dörän ynsandan,
Emma şol syry hem ynsan bilendir.

Dünýä jennet bolup, onuň içinde,
Bir ynsan bolmasa, ol kime derkar?
Baky tozap ýatan çölüň içinde
Birje ynsan bolsa jennete ogşar!

Dünýä belentligi, dünýä döränden
Adamlaryň akly bilen ölçelýär.
Adam hem adam däl dünýä döränden,
Ol hem dünýä ýaly üýtgäp ulalýar.

Alymlar aýdýar: — Uzak ýyldyzlar,
Biziň dünýämizden — Ýerden uludyr.
Maňa çig görünýär entek bu sözler,
Nirde jandar bolsa şol ýer uludyr.

Her öňýeten jandaram däl, geregim,
Maňa akly jöwher adamzat gerek.
Adamsyz dünýä hiç diýýär ýüregim,
Adamzat bardygna bir şaýat gerek?

Eger ol ýyldyzlar — parlak kuýaşlar[14],
Adamsyz, boş ýatan bir dünýä bolsa?
Onda men däl, alym dostum ýalňyşýar,
Ýer uludyr, hatda bir adam galsa!

14 Güneş

## AÝRYLMASYN ARAŇYZDAN ADALAT

Ýaz ekişi başlan günden ýaryşda
Myrat galyp gelýär Oguljerenden.
Zähmet frontunda, şanly ýörişde,
Jeren göz görkezýär işe girenden.
Ozallar gyzarmyş Myrat galanna,
Indi ol gyzanok, ýöne gyzarýar.
Jeren bolsa aýagynyň alanna
Sürüp polat aty näzik ýylgyrýar.

Ozallar gyzarmyş Myrat galanna,
Indi ol gyzanok, indi guwanýar.
Myradynyň adalatly bolanna
Jeren hem guwanyp uçaýjak bolýar.

Bagt guşy bol-da uç sen, Jerenim,
Uç-da, gon sen öz Myradyň destine.
Bagtly gün bolsun sizi görenim,
Geläýdim men toýuňyzyň üstüne.

Toýuňyzda tost göterip diýjegim:
Aýrylmasyn araňyzdan adalat!
Bagt adalatda diýýär ýüregim,
Bagtly ynsanlary görmegem bagt!

# ŞEÝLE ÝALBYRAP

Burmanyň başynda bir gözel selbi,
Sülmüräp zülplerni ýere döküp dur.
Selbä baksa gopýar ynsanyň kalby,
Göýä daragt däl, dilber bakyp dur.

Daň çagy daransa ol humar selbi,
Zülplerinden yşk mukamy akyp dur.
Säher oýn edende sabanyň ýeli,
Lälämiň zülpi dek oýnap—böküp dur.
Lälämi ýatlapdym, ekemde weli
Belki, Läläm bolup meni ýakyp dur?...

Şeýle bolsa gerek ol gözel selbi,
Ýene-de dur suw başynda sülmüräp.
Oňa seredeňde şahyryň kalby
Nädýänňi nä bilsin o hana-harap?
Meni ýakyp giden ol läle selbi
Hemişe durardy şeýle ýalbyrap!..

## BIR SOWATSYZ ATA

Bir sowatsyz ata alym ogluna
Akyl berip otyr sakgalny sypap.
Öwredýär ol, öz mugallym ogluna
Dünýäň gerdişinden mysallar oklap.

Atasynyň berýän öwütlerini
Her gün özi okatsa-da ýaşlara,
Diňleýärdi onuň wesýetlerini
Hatda-da goja düşmese-de ýaşlara.

Sowatsyz bolsa-da, ata-atadyr,
Onuň göwni üçin, eşit pendini.
Dünýäde bir jandar tapyp bolarmy,
Öwretmeýän özüniň perzendini?

Islese guş bolsun, islese balyk,
Öwreder uçmagy, suwda ýüzmegi.
Atalardan eşdip bilen halaýyk
Ýaşaýyşda müň çigini çözmegi.

Ýaşaýyşda köp zat köp hili bolar,
Hemmeje hilini okap bileňok.
Dünýäde şeýle bir hiller duş gelýär,
Hatda hyýalyňda çaklap bileňok...

Bir sowatsyz ata alym ogluna
Akyl berip otyr sakgalny sypap.
Öwredýär ol, öz mugallym ogluna
Dünýäň gerdişinden mysallar oklap.

## DOSTUMYŇ ÝÜREGI

Doktor Çary Baýry—hormatly lukman,
Haýran galyp, oň ýüregniň urşuna.
«Bor eken beýle-de merdana ynsan,
Bu adam bir bitew ýürek durşuna!...»

Onuň Göwresiniň ýary sowady,
Emma şol urşuna urup dur ýürek.
Onuň göwresiniň bary sowady,
Şonda-da säginmän urup dur ýürek.

Ýürek sygmaýardy oň kükregine,
Ýürek ömür diläp çabalanýardy:
Çünki onuň entek döwürdeşlerne,
Galdyryp bilmedik sazlary bardy.

Bilmedim dostumyň ýüregi bilen
Näçe gözel sazlar gitdi mazara?
Ýüregim ýüregniň soragy bilen
Gözläp ýör, tapanok sazlar ýazara?

Ýene bir dem ömür süräýen bolsa,
«Göroglyny» sahnamyzda direldip,
Şol arzuwny özi göräýen bolsa,
Ölüp ötäýtmejek ýalydy beýdip?...

Dostumyň, ýüregniň ol arzuwy hem,
Saglyk bolsa, bir gün bolar berkarar.
Göroglyny söýýän halkyna hemdem
Dostumyň, bir dosty ýazar ýadygär.

## ATYRSYZ GÜL BOLMAZ

Botaniki baga bardyk seýl edip
Bagbana baş egdik, güle meýl edip.
Bagyban diýenmiz bir alym çykdy,
Ol bize gül berdi gülden saýladyp.

Güllerden saýlanan ter gülüň ysy,
Tutaýmaly ýaly belendi-pesi.
Ol gunça bolsa-da güller nepisi
Ýokdy ol gunçada çyn gülüň ysy.

Ondan bark urýardy kelemiň ysy,
Ýalançy gülmidir gülleriň şasy?
Aýt, alym, atyrsyz kelemmidir
Bilbilleriň zaryn çekýän gunçasy?

Bir kelem diýseler söýginiň güli,
Sen öldi bil aşyk şeýda bilbili.
Lal boldy bil şahyrlaň-da şat dili,
Atyr saçmalydyr söýginiň güli.

Dünýäň bagbanlary onuň şaýady,
Atyrsyz gül bolmaz — gül bolsa ady.
Arzuwym çyn güller bezesin parlap,
Aşyklar watany şat Aşgabady.

«Çyn gülni saklasaň müň ýylda solmaz»
Diýip aşyklarmyz aýdym düzüpdir.
Diýmesinler dünýä aşyk neslimiz
Çyn gülleri ýok etmäge dönüpdir.

## ADAM BOLAN HOŞBAGTLYK GETIRSE

Bu gün myhmanymyz dünýäde meşhur
Alkyş alan aýdymçylaň biridir.
Adamlara aýdym güneş dek zerur.
Maňa bu sözleri ýürekler diýdi.

Adamlaryň, bary aýdymdan humar,
Hemmeler hoşbagt şirin hyýalda.
Jadyly aýdymlar şeýle diňlenýär
Bir siňejik uçsa eşdiljek zalda.

Şeýle şat tomaşa gidip otyrka,
Birdenkä bir elhenç sykylyk çykdy.
Şol sykylyk çalan deýýusa baka
Hemmeler gaharly, alarlyp bakdy.

Müňläp gülüp duran röwşen ýüzlerde
Ýygyrt peýda boldy ol sykylykdan.
Müňläp gülüp durap röwşen gözlerde
Gazap peýda boldy ol sykylykdan.

Aýdymçyň hem keýpin pozdy ol piýan.
Diňleýjiň hem keýpin pozdy ol piýan.
Zaldan çykarsalar, däl eken piýan.
Neneň şeýlelere diýersiň ynsan?

Adam bolan hoşbagtlyk getirse,
Adamlara hoşbagtlyk getirse.
Eger düýpden adamçylyk bolmasa,
Adamzada meňzän bolup otursa...

## ŞEÝLÝ ROWAÝAT BAR

Şeýle rowaýat bar:
Dünýäde meşhur

Bir hudožnik[15] öz sergisin açypdyr.
Görenler «Gözel zat» diýseler, bir gün
Bir paşmak[16] tikýän hem oňa geçipdir.
Paşmakçy seretse bir gözel ýigdiň.
Paşmagynyň bagy düz çekilmändir.
Paşmakçy suratça ony aýdanda
Suratçy paşmakça geňirgenmändir.
Suratçy paşmakça bolup minnetdar
Ýalňyşyny düzetjegni aýdýar.

Emma ol paşmakçy ýene-de gelip
Bir gözeliň gözüne at dakypdyr.
Suratçy bu gezek hiç bir zat diýmän
Paşmakçynyň gözlerine bakypdyr.

15 Suratçy
16 Kowuş

«Göz hakda men sizi azara goýman»
Diýensoň paşmakçy daşa çykypdyr.

## NENEŇ GÜLMEJEK

Häzir bagşy haýsy mukamy çalýar?
Diýseň jogabyny berip bilmejek
Biri bize bagşylary tanadýar.
Neneň onsoň, neneň oňa gülmejek?...

## YNANASYM GELENOK

Heý-de mugallymam para alarmy?
Para alýan bolsa mugallym däldir.
Mugallym pozulsa päklik galarmy?
Belki bu bir «myşdyr» hakykat däldir.

Hakykatmy? Hakykat däl, kim bilýär,
Mugallymlaň özi jogap bermese?
Ýöne nirä barsaň gürrüň edilýär,
Halk diline almaz bir zat görmese?...

Has beterem ýoldaş mugallym hakda
Töhmet ýaýrap bilmez iliň içinde.
Halkyň ýüreginde mugallym hakda
Iň eziz sözlerdir söhbet açaňda?

Eýsem kim günäkär bu erbet «myşa»?
Ýalan myş hem al-asmandan inenok.
Ýa bu-da azarmy ýaýran durmuşa?
Hawa diýmäň! Ynanasym gelenok.

Ozallar-ozallar ýokdy bu gürrüň.
Bu elhenç «myş» soňky ýyllar döredi?
Bir mugallymsumak hakda bu gürrüň
Dörese-de, il içine ýaýrady?..

Ýene ýetip gelýär ekzamen wagty
Ne tanyşlyk, ne telefon geçmesin!
Goý, açylsyn ylmy söýýänleň bagty,
Parahorlar «bagt bazaryn» açmasyn!

Men ýüz tutýan hemme mugallymlara,
Mugallymsumak däl, mugallymlara,
Arañyza düşen kä melgunlara
Gahar, gazap bilen göreliň çäre!

Paraçyny paş edeliň, pent bolsun,
Alymlara ak ýüreklik ant bolsun.
Mugallyma berlen päk, beýik ady
Hiç wagt, hiç adam, hiç unutmasyn!

## ÜÝTGEŞIK ŞAHYR GEREK

Öýle çaýyna çykan gelin-gyzlaň içinde
Bir owadan şäherli gyz otyr hormatly ýerde.
Obala-da meňzäp dur owadan çaý içende
Tanap bilmän ol maraly galdym men ýüz pikirde
Müň bir arzuw-hyýallar aýlanyp gitdi serde.

Kim bolanda bize näme ýolumyzdan galmaly.
Diýip öňe sürjek bolsam ýürek diýdi — aýak çek.
Ýürek dostum, islenmedik myhman weli bolmaly.
Diýsem, ýürek diýdi maňa: — Bu sözleriň biderek.
Bagşy bilen şahyr gelse, ýerleri törde gerek!

Ýüregim näme diýse meniň üçin kanun ol
Baraga-da baş egip salam berdim gyzlara.
Soňra-da: «Armaň!» diýdim, gyzlar diýdiler:
«Bar bol!»

Bar bol! Diýip gülüşende gülab ýaýrap ýüzlere
Aýry bir ýalkym indi humar-humar gözlere.

Humar-humar gözleriň içinde onuň gözi.
Has hem röwşen göründi meniň şahyr gözüme.
Pagtazardan gülgüzara öwrüldi kolhoz düzi
(Şahyr ýürekler düşer meniň ýürek sözüme)
Dünýe lälezar bolup göründi meň gözüme!

Hemme gyzlar gepleýär, emma ol gyz geplänok
Otyr ol gyz, çaga ýaly bar gürrüňe guwanyp.
Meger gül diýip gonandyr bir perwana kebelek
Üç gezek öpüp gitdi onuň ýaňagna gonup
Ol gyz hasam gyzardy kebelekden uýalyp.

Perwana ýene gaýdyp gonan bolsa ýaňagna.
Indi ot diýip gonandyr diýerdim men perwana.
Gül ýaňaklar lowurdap, güne ýalkymyn saçyp,
Aýry görk berip otyr ol gyz jümle-jahana.
Ne men günäkär, dostlar, ne-de aşyk perwana.

Ne men günäker, dostlar, ne-de aşyk perwana.
Ol gözele gözi düşen geçip bilmýär hiç ýana.
Al ýaňakda gara hal — ak bagtyna nyşana
Şeýle päk gözelligi görmek — jennet ynsana
Ne men günäkär, dostlar, ne-de aşyk perwana.

Men goşgy okap berdim, gyzlar çapak çaldylar,
Çaý wagtynyň geçenni duýman galdyk hemmämiz.
Soňra gyzlar:—Biz hakda-da ýazyň — diýip galdylar
(Tankytçylar bagyşlasyn bu azajyk günämiz)
Pagta hakda ýazmakçydyk, üýtgäp gitdi temamyz.

Temamyzy üýtgeden ol üýtgeşik gözeliň
Üýtgeşik tarypyna — üýtgeşik şahyr gerek.
Üýtgeşik saýramasa, şahyrym, şeýda diliň
Üýtgeşik gözellikden söz açmagyn biderek
Onuň waspyn ýazmaga üýtgeşik şahyr gerek...

* * *

Dünýäniň giň güni hemme giň ýürek
Hemme deň akylly, hemme edermen.
Dünýäniň dar güni ýürek giň gerek.
Eýse ol çykýarmy dar ýüreklerden?

Dünýäsi azajyk daralan güni —
Dar ýüregiň gorky dörär gözüňde
Dünýäsi azajyk daralan güni —
Ol tapyla bilmez düýnki sözünde.

Dünýäde dar günüň ömri az bolar,
Bir erbet epgek dek öwser-de geçer.
Soňra ýene dünýä misli ýaz bolar,
Emma şol epgejik köp syry açar...

Dünýäniň dar güni giň ýürek bolmak
Öwredilse dil açandan ynsana,
Daşyna polatdan berk tala salmak
Bilen deň bolardy eziz Watana.

Dünýäniň dar güni giň ýürek halka
Tupan bolup görnebilmez boş duman.
Dünýäniň dar güni giň ýürek halky
Aljyradyp alabilmez hiç duşman.

* * *

O-how, Şepe, boýnuň döwüläýmesin,
Käte gowşat doňan ýeňsäň damarny.
Şemaljyk üstüňden sowulaýmasyn,
Gowşat agaç atyň çüýrük kemerni.

Bardy-geldi ykbal birden, sowaýsa,
Häzir seni çişirýänje şemaly.
Hiç kimçe bolmarsyň, gör sen bakaly
Salamam bermezler saňa kemally.

O-how, Şepe, seni oňat tanýas biz,
Bilýäs seniň sanajyňda[17] baryňy.
Sen «akyl» bereňde, lowlap ýanýas biz.
Ýansak-da ýylgyryp çekýäs baryny.

Halkymyzyň oňat nakyllary bar:
«Içi ýananyň-da güläýmesi bor...»
Nä wagt diýseler «Şepäň soraýar»
Şo boýny görjegme kelläm agyrýar.

Hiç zat hakda öz pikiriň bolmasa,
Seniň ol boýnuňdan halka ne peýda?
Özbaşdak eliňden bir iş gelmsse,
Nädip sen saklanyp bilýäň o taýda??

Nädip sen o taýda saklanyp bilýäň,
Ýekeje sowaly özbaşdak çözmän?
Başga biri çözenden soň güberilýäň,
Iň bolman şondan soň gürläýseň çişmän?

Häzir seniň gepläp duran sözüň-de,
Özüňki däl biri ýazyp beripdir.
Seniň özüňki däl, hatda özüň-de,
Seň şeýle hiçdigňi hemme görüp dur.

17 Sanaç- Deriden eýlenip edilýän halta

Saňa iş gerek däl, wezipe gerek.
Halkyň hem gerek däl wezipäň bolsa.
Sen nirde ýetişdiň beýle boş ýürek.,
Seniň derdiňe däl, ýurdy sil alsa.

Diňe seň üstüňden akma-sa bolýar,
Başganyň üstünden, goý, aksa-aksyn.
Diňe seň gapyňy kakmasa bolýar,
Goý, başgaň gapysyn müň bela kaksyn...

O-how, Şepe, boýnuň döwüläýmesin,
Käte gowşat doňan ýeňsäň damarny.
Barja ýüzler senden sowulaýmasyn,
Şeýdip doýrup ýörseň adam baryny?

Bardy-geldi ykbal birden sowaýsa,
Häzir seni çişirýänje şemaly,
Hiç kimçe bolmarsyň, aýdyşym ýaly,
Salamňam almazlar seniň kemally!..

## ÝESIR

Ýigrimi ýyl men Watandan aýrylyp
Watanma söýgimi bogup gezdim men.
Bir inerdim ýesirlikde maýrylyp,
Duşmana başymy egip gezdim men.

Dünýäde haýwan hem ýesir bolmasyn
Ýesire, ýesirlik çekenler düşer.
Arzuwym enem-de ýada salmasyn,
Ýat etse ýüregi ot alyp bişer.

Haýyş edýän meniň zaryn sesimi
Ne dostum eşitsin, ne-de duşmanym.
Men hem ýat edemok hiç bir kesimi,
Kime gerek meniň zaryn puşmanym?

«Puşman» diýsem «duşman!» diýýän duşman bar,
Jellat duşman düşünmeýär puşmana.
Ençe puşman edenleri duşmanlar
Gözümiň öňünde gark etdi gana.

Ýigrimi ýyl duşmanyma dost diýip,
Ýaşadym men dostlarymdan uzakda.
Näme diýse, siziňki rast diýip,
Azat gezdim — aýaklarym duzakda.

Azat gezdim hiç azatlyk ýok ýerde,
Azat diýmesem men azaplar çekjek.
Meniň çekenlermi çeksedi şir-de
Ýagyr iner ýaly bagyryp çökjek.

«Inerim» diýerdi maňa jan enem
Men inerdim agyr ýüki duýmazdym.
Dagy göter diýse mähriban enem
Beýik dagyň bir daşyny goýmazdym.

Men nädeýin indi men bir gury sal,
Kim pul berse şonuň guly ýüregim.
Ýaman oýun saldy başyma ykbal
Duşman ýat illerde ýitdi deregim.

Eziz mugallymym, käýeme maňa,
Beren sapaklarny saýma biderek,
Dünýede iň uly hormatym saňa
Diňe saňa duşmak isleýär ýürek.

Diňe sen düşersiň öz şägirdiňe,
Şägirdiňden hormatyňa şek ýetmez.
Ýigrimi ýyl içinde täk size diňe
Hat ýazdym, bilse şef günämi ötmez.

Şef diýýärin, şef diýsem, şepe ýaly,
Şepe hakda gürrüň gidýändir öýtme.
Dünýäde iň zalym jellat mysaly
Gan içeniň gaňryşyna gaýytma.

Gaýytdyňmy, güňüň şo gün ýaşdy bil
Elektrik tagma basar diliňe.
Ömrüzaýa ýyldyzyň-da öçdi bil
Haraýyň ýetmez seň eziz iliňe.

Başga ýurtdan ýazdym size bu haty
Bilmedim ýetdimi ýa-da ýetmedi.
Ýatlamak hem söýginiň alamaty
Ýazman öleýn diýsem, ýürek etmedi.

Meni diri tasma-tasma tasmalap,
Mert inerden ýasadylar bir namart.
Siz bolup sorýar-da berýärin jogap
Ne mende at galdy, ne güýç, ne gaýrat...

Meni dogran ene eşitse şuny
Güründe dik otyr, ýata bilmez hiç,
Eli ýetse tüýder ol öz ogluny
Meňiň günälermi öte bilmez hiç.

Belki ýalňyşýan men, adam darganda
Galmaýar oň üçin mukaddes hiç zat.
Belki begenşi dek meni dogranda
Begener tanyşsak, şirindir zürýat?...

Ýöne maňa aýdyň, eziz mugallym,
Enäň ýüregimi — hemmäň ýüregi?
Şonuň şeýle däldigini men bildim.
Bilmesem soragyň barmy geregi?

Meniň adym dönük. Dönuk kim? Duşman:
Dönüge dünýäde barmy ynanýan?
Eger bar diýseňiz galardym haýran
Diýmersiňiz, diýseňiz-de ynanman.

Meniň adym — dönük, eziz mugallym,
Ynanyň bu atdan men çaşy boldum.
Gahrymandym, dönük adyny aldym
Şol sebäpden ýana-ýana kül boldum.

Siz birine aýdypsyňyz «Gaýytsyn?»
Dönük Watanyna niçik gaýytsyn?
Dönük Watanyna näme üçin gitsin?!
Dönük Watanyna näme aýytsyn???

Bu soraglaň jogabyny tapmak kyn.
Diňe bir jogaby — Dönüge ölüm:
Ak lybasly durarmy kömre ýakyn?
Men size geň galýan eziz mugallym.

Kömürden-de gara meniň täleýim,
Ony hiç zat bilen ýuwup boljak däl.
Meňki ýaly bolsa seniň täleýiň,
Özümä seň golaýyňa geljek däl.

Haýyş edýän dogrusyny aýydyň.
Meni siziň ýadyňyza kim saldy?
Duzak bolsa, päliňizden gaýydyň
Şägirdiňiz duzaklarda ulaldy.

Meni siziň ýadyňyza salana
Aýydyň, goý menden gaty görmesin.
Dowzahy şeýtandan sapak alana
Düşülmejek duzagyny gurmasyn.

Bagyşlaň, mugallym, meni bagyşlaň
Size aýdylmajak zatlar aýytdym.
Hatymam özüm dek unduň-da taşlaň
Birden menem adammykam öýütdim ...

Adam bolan adam, adama meňzär
Käýetmez okadyp adam edeni.
Sözlem ýürekdäki oduma meňzär
Bagyşlaň, Mugallym, bagyşlaň meni.

Sizi men görsedim oduň içinde
Oda özüm urup, alyp çykardym;
Kirpikleri ýanan gözün açanda
Mugallymmyň garşysynda çökerdim.

Çökerdim dyzyma golum gowşuryp
Siz meniň ezizim, bagyşlaň diýip.
Öl diýseňiz ,müň ölüme tabşyryp
Ölerdim ezizim, saz başlaň! diýip.

Besdir meň ýananym, siz beri ýanmaň,
Ýüregimi ýakan ýaman otlara.
Haýyş edýän, bu sözlere ynanmaň,
Adama ynam ýok, näki hatlara.

Menem siziň hatyňyzy alamda
Ynanmadym tanasam-da hatyňyz.
Hatyňyzy okap-okap bolamda
Şu sorag döredi — näme niýetiňiz?!

Men barmamda, meniň eziz Watanym
Gülli baharyndan jyda bolýarmy?
Men görmämde, meniň eziz Watanym
Hazan urup, saralýrmy, solýarmy?!

Men eşidýän her gün onuň sesini
Her eşdemde ýüzin düşüp aglaýan.
Watanymyň, sesi ýaşadýar meni
Belki görern diýip umyt baglaýan.

Ynsan umyt bilen ýaşaýar diýip,
Ömrümde men ilki sizden eşitdim.
«Ynsan umyt bilen ýaşaýar» — diýip
Menem başgalara wesiýet etdim.

Meň ýeke däl faşistleriň elinde
Meniň ýaly ýesir düşen köp munda.
Ynsanýetiň duşmanynyň ilinde
Meniň ýaly azap çekýär köp bende.

Bende diýsem, bende-de däl hemmesi,
Hemmäniň adyndan gürrüň etmek kyn.
Duşman lälik saklýar bir näçe mesi
Olar öz ilinden duşmana ýakyn.

Olar gije-gündiz keýpi-sapada
Jem olaň daşynda näzli jelepler.
Ýara wepe, ýa Watana wepa-da
Olar üçin örän könelen däpler.

Olar ýaşaýyşyň düýp mazmunyny
Ýa keýpde görýär, ýa-da uruşda.
Ýanmasam ýazmazdym size men muny
Bular meň düýşüm däl, otyrlar başda.

Sizem biliň muny, eziz mugallym,
Hemmäniň arzuwy arakdyr öýgmäň.
Hasam biliň şuny, eziz mugallym,
Hemmäniň ýüregi — ýürekdir öýtmäň.

Ýürekler bar — ýürekleriň jellady
Olara duşmasyn ynsan öwlady.
Olara duş gelse ynsan öwlady
Hiç kime ýetişmez ýüregniň dady.

Hiç kime ýetmeýär ýüregmiň dady
Soraň jan enemden eşidýärmi ol.
Hiç göze ilmeýär ýüregmiň ody
Size minnetdar men, mugallym, sag bol...

Men biderek samrap ynjytdym sizi
Eziz mugallymym, meni begyşlaň.
Okamadym ýuwtdum her sözüňizi,
Ýalbarýan sapagy täzeden başlaň.

Mugallymym, mukaddesdir — mugallym
Halasgärim, halas ediň dowzahdan.
Ölüpdim men ýene asgyryp galdym
Ynanyň, ynamdan güýç alýar ynsan.

Ynanyň diýýärin, özüm ynanman .
Ynanyň siz dönük bilen deň bolman.
Iň nejis dönük hem edende puşman
Däp bardyr: dolanyp dönmez andyndan.

Dönük diýsem men dönükdir öýtmäň,
Heý, eziz Watandan dönmek bolarmy.
Bu sözi siz Watanyma aýytmaň
Watan wepadaryn aňsat bilermi???

Aňsat bile-bilmez biljek bolsa-da.
Takdyryň tanapy çigin-çigindir.
Ykbal güle bilmez güljek bolsa-da,
Ykbalyň tanapy düwün-düwündir.

Bagt gerek düwünleri çöşmäge
Hany bu dünýäde şeýle köp wagt?
Bagt gerek ezizlere duşmaga
Hany mende, hany mende ol bagt?!.

Bagtsyz döräne bagt gerekmi?
Aýdyň maňa dogrusyny, mugallym?
Aýdyň meni ýatladan kim? Ýürekmi?
Aýdyň maňa dogrusyny, mugallym.

Aýdyň dogrusyny menden gizlemäň,
Men sizden hiç zady gizlämok bu gün,
Bagt ýok ýerinden bagt gözlemäň,
Menem hiç bir bagty gözlämok bu gün.

Her adam bir gezek ýaşar dünýäde
Käsi ýaşap geçer, käsi ýaşaman.
Bagt hem bir gezek duşar dünýäde
Käsi duşup geçer, käsi hem duşman.

Siz bagt hakynda ýazan ekenňiz
Ýazmasaňyz men ýazmazdym bu sözi.
Siz «bagt» hakynda ýazan ekenňiz
Ýazmasaňyz men ýazmazdym bu sözi.

Wagt hakda aýdanymy geň görmäň
Meniň Şefim wagty şeýle haýdaýar.
Bagt hakda-da siz hiç wada bermäň
Dünýämizde bagty atom paýlaýar.

Dogry sizde atom güýji ýeterlik,
Meniň Şefim şo sebäpden ýatanok.
Käte atomdan-da güýçli mekirlik
Şef aýydýar: Mekirligmiz ýetenok.

Meniň Şefim kimdir guman edýäňiz
Ol — Ölen Gitleriň diri kölgesi.
Onuň güýji kimdir güman edýäňiz
Kemdir öýtmäň bol melgunlaň bombasy.

Bu dünýäde Kerinskiý bar entek
Ol gelende meni hem çagyrdylar.
Şef aýydýar dünýä bize dar entek
Uruş diýip, ulaşyp bagyrdylar.

Elbetde, bu maýmynlyk, beýle diýmek gülki zat
Ahyrzaman islemez akyllydyr adamzat.
Emma biliň, meniň Şefim atomy alsa sowgat
Gopar onda ahyr zaman, gutar onda adamzat.

Ah, eziz mugallymym, gutararmy adamzat
Gutarmazmy adamzat. Maňa näme parhy bar.
Meniň üçin bir eýýäm gutardy bar adamzat
Meniň daşymda diňe al-arwahlar uwlaýar.

Ýigrimi ýyl arwahlaň içinde bolan adam
Gaýdyp ýene dünýäde bolup bilermi adam?!
Şoňa men ynansadym kysmatym bolsa adam,
Adam bolup ölmäge çeýnärdim gyzyl odam.

Ýöne men ynanamok, ynanamok hiç zada
Dogrusy hatyňyzy okaýamda bir bada.
Aslymyň adamdygny bir minut saldym ýada
Emma ýene ol hyýal tozap sowrulyp bada.

Adam dünýäde ilki özüne ynanmaly
Özüne ynananyň sözüne ynanmaly.
Ynanan dönük bormy? Dönük bir ynam üçin
Müň gezek janyn berip dünýä täze inmeli?

Dünýä täze inmek üçin, bir jandan geçmek bolar
Täzaden ýanmak üçin, bir gezek öçmek bolar.
Emma şeýle şert bilen özüňe ynansalar
Ölüp dirileňden soňra sözüňe ynansalar.

Watanyma janym berip, ölüp dirilemde men,
Meniň eziz mugallymym, ýanymda bolsadyň sen.
Watanymyň merdi diýip, öperdiň gözlerimden
Emma häzir ne peýda meniň boş sözlerimden?

Peýda ýokdur! Peýdasy bolup-da bilmez dogan,
Geň görerler bagta ýetse ozal betbagt dogan.
Başgada bir betbagt bar meniň bagtyma dogan
Şoňa bir salam aýdyň, şolam bir bagt «dogan».

Şony bir görmek üçin, meniň gören görgimi
Hiç ynsanyň başyna sallamasyn Hudaýym.
Ýüz gezek gaçyp, tutulyp, meniň beren bergimi
Hiç ynsanyň başyna ýollamasyn Hudaýym.

Watanymyň keşbini — şonuň keşbinde gördüm,
Şoňa bir ýetmek üçin, müň ölüme ugradym.
Garaňky, garly gijeler bagrymy ýere berip,
Tikenekli simleri dişim bilen dogradym.

Doňan demiri çeýnäp, ak dişlerim döküldi
Arman sypyp bilmedim ganly demir duzakdan.
Indi maňa dünýäde diňe, diňe şu galdy
Şoňa bagt dileýän hyýalymda uzakdan.

Uruş aýyrdy bizi, aramyz uzak düşdi
Uzak düşse nädeýin ýok elimde çäresi.
Ömür baky sypma ýok boýnuma duzak düşdi
Başga bir ýürek tapsyn ýüregimiň parasy...

Besdir meniň ýananym, ol bir onda ýanmasyn.
Ýanmasyn iki ýerde bir ýüregiň parasy.
Çyksyn bagt ýoluna, bar diýip ýaýdanmasyn
Takdyra ten bermegiň diňe şeýle çäresi.

Mähriban mugallymym, siz hem meni bagyşlaň
Şägirdim dönük diýip, hapa bolmaň, ezizim.
Hatym hem özüm ýaly goý ýansyn, oda taşlaň
Jogap üçin galamam ele almaň, ezizim.

Ömrüm boýy ezizläp, sarpaňyzy tutmaga
Öňki ýazan hatyňyzy ýüregime saldym men.
Öz ilimden uzakda ýana-ýana ýetmäge
Ýat illeriň ýollarynda ýesirlikde galdym men...

# ÝALTA WE «TOKMAK»

Işe çykmanda näme bir kolhozda bir adam?
Iş durarmy öňünde, işläp ýörse bar adam.
Adam pugta ýatmasa, saglygna zyýany bar.
Şeýle wesýet berýär maňa tanyş tebipler.
Adam näçe köp ýatsa, şonça ýatasy gelýär,
Ukynyň gadyrjygny oňaryp ýatan bilýär.
Goý, başgalar işlesin, men entejik ýataýyn.
Gök çaýyň lezzetini şirin uka gataýyn.

Säher çagy uklasam,
Myr-myr edip myrlaýan.
Agşam çagy uklasam,
Hor-hor edip horlaýan.
Keçäň üstünde ýatsam,
Yssy bolýar, derleýän,
Halyň üstünde ýatsam,
Soňra ýeser gürleýän.

Ýagşy bolýar ýataňda, dünýäden ses çykmasa,
Hatda ýatan ýeriňde siňek ganat kakmasa.
Lal etmeli bar ýerde gygyrak horazlary.
Sazanda hem aýtmaly: — «Astarak çal sazlary.»

Maşynlaň, traktorlaň sesini peseltmeli.
Şu betda çagalaram bir terbie etmeli.
Ýogsam, ýatyp bilemok, meniň ukym bozulýar.
Daňdan aljak ukymy gündiz almaly bolýar.
Goý, başgalar işlesin, men entejik ýataýyn.
Gök çaýyň lezzetini şirin uka gataýyn.

Säher çagy uklasam,
Myr-myr edip myrlaýan.
Agşam çagy uklasam,
Hor-hor edip horlaýan.
Pelde, joýada ýatsam,
Yssy bolýar, derleýän,
Emma saýada ýatsam,
Soňra ýeser gürleýän.

Başlyk ýatanmy görse, käýýärdi hoşluk bilen
Brigadirem[18] käýýerdi dostluk, ýoldaşlyk bilen
Emma indi gutardy meniň gözel döwranym.
Şirin ukyň ýerine «Tokmak» meniň ýaranym.
— Ýaltalaryň ýaltasy — diýip tanatdy meni.
Bütin halkyň içinde wejera etdi meni.
Indi işde uklasam, düýşde «Tokmak» görünýer.
Gowaçalaň gozasam tokmak bolup sürünýär.

---

18 Başçy

Säher işe çykýaryn,
Myr-myr edip myrlamok.
Agşam kitap okýaryn,
Hor-hor edip horlamok.
Indi başlygy görsem,
Utanamok, derlämok.
Ýygnak-meýlise barsam,
Boş güpüläp gürlämok.

Goý, ýaltalar bilsinler, ýaltaň haky tokmakdyr.
«Tokmagyň» wesýetin tutmadyklar akmakdyr.

## BIKÄRDEN WATAN BIZAR

Halkymyň akylly nakyllary bar:
«Bikärden halk-da, Watan-da bizar,
Il ogrusyz bolmaz, çöl-de börüsiz»,
Şeýle bir «ýigidi» tanýansyňyz siz.
Ony görýänsiňiz mydam şäherde,
Işsiz, keýp çekilýän dürli ýerlerde,
Daş görnüşi hondan bärsi, haýbatly,

Duranja «Intelligent», jalaýja murtly,
Geplände, gepleýär her kimden batly.
Bir bada diýersiň: oda sowatly.
Emma sen sorasaň onuň, kärini,
Işleýän ýerini ýa hünärini,
Ol saňa belli bir käri aýtmaz,
Meňki diýip, belli hünäri tutmaz.
Ol gözel baglarda gezmegi söýýär.
Çöldäki çopanlar — diýýär: — Betbagt.
— Haýyp — diýýär — çölde geçirlen wagt.
Emma söýýär özi çal garaköli.
— Çebişden çişlijek, guzudan kebap,
Ýanynda-da bolsa dürlüje şerap,
Näçe iýsem, ýene kebap az bolýar.
Şerap, kebap bolsa keýpim saz bolýar. —
Diýip, hezil edip, şapbyldap içýär,
Soňra durmuş hakda lakgyldy açýar.
— Durmuşda gerek zat bize şu pagta.
Pagta hakda ýatyp oýlandym pugta.
Göwne düwdükmi biz kanal çekmegi,
Öňküden pagtany has köp ekmegi,
Ekäýmeli, göçüp derýaň başyna.
Baryp üýşsek Kaspiň degre-daşyna
Nädersiň, dolaýsa pagta planyň!
Deňiz barka, nämejikdir kanalyň! —
Diýip, şapbyldadyp ýene-de içýär.

Şerap has degensoň, has beter göçýär:
— Etmeli ýene-de bir zerur iş bar.
Men bolsam çykardym şeýle bir karar.
Bize hökman gerek şu ýüpekçilik,
Gowy zat şu ýüpek, söýýär köpçülik,
Ýöne men geň galýan şu gurçuklara.
Azypdyr bu bet päl, maňlaýy gara
Hawa, muňa hökman şatut gerekmiş
Tutdan başga bar zat hiç, biderekmiş.
Mundan gürrüň bolmaz, gurçuklar bilsin.
Läliksiräp ýörmän, akyla gelsin!
Beribermek gerek dürli zatlary,
Tuda çalym edýän dürli otlary.
Ot iýmän, kimmişin ol kesir gurçuk?
Alsak ynha meni aýydýan açyk!
Içgileň içinde içýänim şerap,
Şerap, kebap bolsa, keýpim bolýar tap.
Emma birdenkä bolup bir sebäp,
Tapylmasa kebap, bolmasa şerap
Şerabyň ýerine arak berseler,
Ýa kebap ýerine börek berseler.
Aragy içjek däl, şerap bolmasa,
Böregi iýjek däl, kebap bolmasa —
Diýip, gurçuk ýaly burnum sallamok,
Halymsyran bolup, ili aldamok,
Şerap boldy, arak boldy parhy ýok.

Kebap boldy, börek boldy parhy ýok
Hatda sowuk piwodanam gaýdamok,
Spirt berselerem, bir söz aýdamok,
Ot iýmän, kimmişin ol kesir gurçuk?
Gurçuklaň päliniň azany açyk!
Diýip, şapbyldadyp ýene-de içýär.
Tanyşlar ýanyndan syp berip göçýär.
Ol ýene-de içýär, ýene-de göçýär,
Ýene bir meýlisde lakgyldy açýar:
Günler-de geçýär,
aýlarda geçýär
ýyllar-da geçýär..

Halkymyň akylly nakyllary bar,
Bikärden halk-da, Watan-da bizar.
Bir durna pis bolsa hatary bozar.
Bigaýrat, binamys biderek gezer.
Isle çoluk bolsun, islese çopan,
Hoşbagtdyr halk üçin işleýän ynsan.
Bütin halk işleýär uludan kiçä,
Ýokdur ygyp ýören köçeden-köçä,
Mert ogullar bu gün kanal-da çekýär,
Goýun-da bakýar, pagta-da ekýär,
Tut-da ýetişdirýär, ýüpek-de çekýär.
Watan bähbidine daglary sökýär.
Jansyz ýatan boz ýerleri oýadýar,

Il olara goşup, aýdym aýdýar.
Okasaň okuw bar, işleseň iş bar,
Bikärden ata-da, ene-de bizar.
Biderek ýaňrama, biderek içme!
Bu gözel dünýäden biderek geçme!

## AK PAGTA

Daýhan gardaş, gulak goý sen sözüme,
Ülkämiziň gudratydyr ak pagta.
Kümüş kimin şöhle salar ýüzüňe,
Watanmyzyň kuwwatydyr ak pagta.

Hatar-hatar bezeg berip ekiler,
Gögerensoň gözel joýa çekiler,
Agaransoň anbarlara döküler,
Kolhozçynyň şöhratydyr ak pagta.

Kim beslese, ol hasyly kän berer,
Döwran berer, döwlet berer, nan berer,
Şöhrat berer, şatlyk berer, şal berer,
Kolhozçynyň hormatydyr ak pagta.

* * *

Uklap ýatan goja Uzboý[19]
Galkynar bagtyýar indi.
Garagumuň gujagynda
Açylar lälezar indi,
Çöl bolar sonadar indi.

Akar suwlar akyşar,
Baglaň başy çakyşar,
Bagt kanalnyň başynda
Söýgüliler tapyşar.

Garagum guçar derýany,
Nur saçar, derýaň her ýany,
Uzboýuň teşne meýdany
Bolar bolmaz bahar indi,
Galkar ençe şähär indi.

Akar suwlar akyşar,
Baglaň başy çakyşar,
Bagt kanalnyň başynda
Söýgüliler tapyşar.

*1951.*

---

19 Bir oba

# KEMAL



## KEMAL

**(Poema)**

Şadyýan hem bälçik oglandy Kemal.
Keýpi kök bolanda, Kemal kämahal
Üýşürerdi oglanlary daşyna.
Ol ýaňy ýetse-de on iki ýaşyna,
Aýdymy aýdardy ussat mysaly.
Körpeje aýdymçy — aşyk Kemaly
Hemmeler söýerdi öz ogly ýaly.
Her gün ol mekdepden ,öýe gaýdanda,
Ýol boýy şadyýan aýdym aýdanda,
Her kim aýak çekip, gulak asardy.
— Kemal gelýär! — diýip, köçä bosardy,
Oýunlarny taşlap, körpe çagalar,
Kimsi zurna[20] çalar, kimsi dep çalar,
Kimsi aýdym aýdar Kemala goşup.
Bütin köçäň ugry misli toý bolar,
Oýnardylar olar wagyr edişip.

* * *

20 Tüýdük

Bu gün ýene Kemal mekdepden çykyp,
Düşdi eziz dostlarynyň öňüne.
Ýene-de dostlary çapak, dep kakyp,
Goşdular aýagy onuň heňine.
Onuň gaýnap çykýan gözel owazy
Gamly ýüreklerde açýardy ýazy.
Kemal oýnanrdy, Kemal gülýärdi,
Kemal öýlerine ýetip gelýärdi.
Hemişe öýlerne ýakyn gelende,
Bir heňi aýdardy, çykyp belende,
Kemal şat başlady söýýän heňine,
Emma arman öýleriniň deňine
Ýetende, kesildi Kemalyň sesi.
Bile işleýän dostlarynyň ikisi
Götörip gelýärdi onuň kakasyn.
Görende pederniň ganly ýakasyn,
Gorkudan agardy Kemalyň ýüzi.
Gamly ýaşdan doldy şadyýan gözi,
– Kaka jan!.. Kaka jan!.. Saňa näm boldy?
Diýip, kakasynyň gujagna doldy.
Aglap, sansyz gezek ogşap ýüzünden,
Kemaljyk ýaş dökdi çaga gözünden
Atasynyň ýaralanan döşüne.
Kitaplaryn ýassyk edip başyna,
Bagryn berip, ýandy biçäre Kemal.
Kemalyň sesine çykyn şo mahal

Enesem ýetişip, bile aglady.
Bu hal hemmäň ýüregini daglady.

* * *

Uzyn gije ene, ogul ýatmady,
Oturdylar ýaraly atañ başynda.
Kemal birjik kirpigini gatmady,
Gaýgy bardy onuň çaga başynda.
Birden bagty ýatyp, kakasy ölse.
Niçik geçer olaň garyp hallary;
Ýa işe ýaraman bir maýyp bolsa
Onda niçik bolar!.. Bu sowallary
Çözüp bilmeýärdi onuň ýaş başy,
Dolýardy bogazy, gözünde ýaşy...

* * *

Daňa ýakyn birden gözüni açdy
Kemalyň atasy sojap: — Suw! — diýip.
Ýüreklerde ýene umyt nur saçdy.
— Alla jan, belany bizden sow! — diýip,
Kemalyň ejesi nalady aglap.
Hasanyň ýaraly döşüni baglap.
Diýidi: — Rehmiň gelsin ýeke balaňa,
Goşulma, goşulma sen gozgalaňa!

«Biz aç» diýip, germe oka döşüňi,
Goşma syýasata garyp başyňy.
Ölýäniň sany ýok — gorkuly wagt.
Ýalbarýaryn, bizi etme betbagt...

Gaçanda, arkadan atylan ok däl,
Oka ýüregini tutupdy Hasan.
Göreş meýdanynda mert Hasan täk däl,
Köpdi bu gün döşden ýaradar bolan.
— Eýranyňky bolsun Eýranyň nebti,
Ýok bolsun, Eýrandan iňlisiň iti! —
Diýip, çykypdylar olar meýdana.
Bu şygar ýaýrapdy bar Abadana.
Bu şygar ýaýrapdy ýetip Tähranа,
Bu şygar ýaýrapdy külli Eýrana!
Bu gün göreş edip şanly meýdanda,
Söweş gahrymany bolanlar az däl.
Otly köçelerde, ganly meýdanda,
Dollar bilen göreş salanlar az däl.
Gaçanda, arkadan atylan ok däl,
Oka ýüregini tutupdy Hasan.
Göreş meýdanynda mert Hasan täk däl,
Köpdi bu gün döşden ýaradar bolan!

— Mert bol, göwnüňe gaýgy getirme,
Ejeň ýaly aglak bolma, Kemal jan.
Kakam syrkaw diýip, gitmän oturma,
Ýetiş okuwyňa, galma, Kemal jan.
Tapylsa doktoryň ýazan dermany,
Ýatmaryn men, tiz aýaga galaryn.
Maňa ýoldaş bolar suduň diwany.
Sen gelýänçäň, okap, meşgul bolaryn.
Bar, oglum, mekdebe, okuwdan galma.
Kakam syrkaw diýip, ýadyňa salma!

Kemaljygyň tukat göwni açyldy,
Hoşal boldy kakasynyň sözünden.
Tiz turup, kitaply torbasyn aldy,
Öpdi kakasynyň güler ýüzünden.
Hem guwançly hem-de gaýgyly halda,
Ylgap gitdi Kemal mekdebe tasap.
Tüweleý turuzyp tozonly ýolda,
Gelip ýetdi Kemal mekdebe sojap.

Okuw gidip durdy eýýam klasda,
Mugallymdan başga hemme dymýardy.
Göýä çagajyklar otyrdy ýasda,
Günäsiz gözlerde bir gaýgy bardy.
Mugallymdan başga bary dymýardy.

Birden mundan ozal ýany ajanly[21]
Müdir gelip, bäş oglany kowupdy.
Ajan gaharlydy, bili naganly,
Başa gelen bela, düşen howupdy;
Bäş oglany ýenje-ýenje kowupdy...

Birden Kemal girdi bu dem içeri,
Oglanlaň hemmesi bakdylar oňa.
Ýanyp oň halyna hut ýürekleri,
Gamly gözlerini dikdiler oňa:
Oglanlar gaýgyly bakdylar oňa.

Oňa mugallymy-da, bir ýoldaşy-da
«Geç, otur!» — diýmedi salamyn alyp.
Kemaljygyň aşak egildi başy,
Çytyldy gaşlary çuň gaýga galyp,
«Otur!» diýmediler salamyn alyp.

Ýuwaş-ýuwaş ýöräp Kemala tarap
Kemalyň iň söýýän jan mugallymy
Müýnli ýaly oňa ötünçli garap:
— Kemal jan, bagyşla sen mugallymňy!
Diýip gujaklady jan mugallymy.

Gapyda doňan dek durdy biçäre,

21 Ajan Polis işgäri

Soragly gözlerne ýaş aýlanýardy.
Uruldy bagryna ýene bir ýara,
Nätjegini bilmän, ol oýlanýardy;
Soragly gözlerne ýaş aýlanýardy.

Ýok, ýok, oglum, ýigrenç bilen garama.
Ýeke sen däl, ýoldaşlaryň, bäşi ýok.
Näm üçin kowýarsyň? — diýip sorama,
Buýruk şeýle, sebäbini bilemok;
Ýeke sen däl, ýoldaşlaryň, bäşi ýok.

Bagyşla, Kemal jan, sen gahar etme,
Oglum bilen deň görýärdim men seni.
Ygtyýar ýok, menden närazy gitme,
Aýt ataňa, ýatdan çykarmaň meni;
Oglum bilen deň görýärdim men seni.

Bu sözleri eşitmedi Kemaljyk,
Göýä top sesinden ker bolan ýaly.
Akdy ýaňagyna ýaş monjuk-monjuk,
Dumanlydy onuň çaga hyýly,
Durdy top sesinden ker bolan ýaly,
Meniň günäm näme? Bir aýdyň maňa?
Diýen many bilen Kemal bakýardy.
Hiç kim jogap berip bilmýärdi oňa,

Kemalyň, bakyşy ýürek ýakýardy;
Kemal jogap isläp, ýene bakýardy.

Kyndy, örän kyndy kowulyp çykmak,
Dolanýardy aňryk Kemalyň, ýüzi
Kyndy, kyndy häzir Kemala bakmak,
Dolup başlaýardy biçäräň gözi;
Ýüreginde galdy ýüregniň sözi...

Ýeke-täk gelýärdi mekdepden Kemal.
Buýra saçlaryny oýnýardy şemal.
Gaýgyly başynda her hili hyýal;
Çykyp täk gelýärdi mekdepden Kemal.

Oýun-da ýok, aýdym-da ýok, saz-da ýok,
Lal ýaly, agzyndan çykýan söz-de ýok,
Mugallymyň aýdan sözlerni belläp,
Gelýärdi ol tukat ýüzüni sallap.

«Ozalam ýaraly mähriban atam,
Menem bärden öýe hamsygyp barsam —
Has hem beter bolar atamyň haly,
Aýtmaýyn oňa bolan ahwaly.
Sorasa, diýerin bolmady okuw.
Diýerin mugallym ýatyrmyş syrkaw.

Ine, indi boldy, şeýdip aýdaryn,
Ertir ýene okuw diýip gaýdaryn;».
Şeýle ykrar edip, pikirni jemläp,
Gelýärdi ol ýaýdanjyrap ädimläp.

Hemişe hemmeden bälçik, şadyýan,
Ýol boýy tans edýän, aýdym aýdýan,
Köçäniň guwanjy — aşyk Kemaldan
Bir seda çykmýardy ýagşy-ýamandan.
Duşanlar geň görüp, bakýardy oňa.
— Kemal dost, Kemal dost, näm boldy saňa?

Diýip, sorasa-da çagalar ondan,
Ol sessiz geçýärdi olaň duşundan.
Göýä kowulany hemme bilýän dek,
Hiç kim gülmese-de, göýä gülýän dek,
Utanjyna derläp, başyn galdyrman,
Gelýärdi Kemal täk, ýürekde arman...

Daňdan galkyp, bir dem gözün açsa-da,
Ýene erbetläpdi Hasanyň haly,
Umyt ýüreklere ýagty saçsa-da,
Göýä günüň öňün bulut alan ýaly;
Ýene erbetledi Hasanyň haly.

Yhlas bilen ok ýarasy gutulsa

Kemalyň enesi gutardy ony;
Yhlas bilen melhem guşy tutulsa,
Kemalyň enesi tutardy ony.
Bagryn melhem edip gutardy ony.
Arman... täk yhlasdan bolmaýar derman,
Dermana mätäçdi ýaradar Hasan.
Bedeni göýä bir otdy lowlaýan,
Ynjap samraýardy biziň gahryman;
Dermana mätäçdi ýaradar Hasan.

Birdenkä bu demde gapy açyldy,
Girdi şemal bilen şadyýan Kemal.
Emma ok degen dek tapba gapyldy,
Atasynyň ahy etdi ony lal;
Şeýle agyr güni görmändi Kemal...
— Dermany içdimi atam, eje jan?
Doktor — hökmän şypa tapar — diýipdi.
Gidip, ýene ýazdyraýyn men derman,
— Gerek bolsam, Kemal tapar diýipdi:
Atań hökmän şypa tapar — diýipdi.

—Derman nirden bolsun, puluň bolmasa,
Garyplygyň ýüzi gursun, jan balam;
Alla janyň özi nazar salmasa,
Bar dermanym: gözde ýaşym hem nalam;
Garyplygyň ýüzi gursun, jan balam...

Kemal janyň gözlerine ýaş geldi
Enesiniň aýdan ýürek sözünden.
Ogul garyp enäň derdini bildi,
Gujaklap boýnundan, öpdi ýüzünden;
Ýaş akdy oguldyr eneň gözünden...

— Halwa!.. halwa!.. halwa! Jan şirin halwa!
Barja pulun goýar jan şirin halwa!
— Engur!.. engur!.. engur! engura bir bak!
Bidäne, kişmişi, ak gelinbarmak!..
Ýokreň! Dürenk — ikireň çaý bar!
Ajysy, şirini, şerbete taý bar!
— Aýran!.. Aýran! Aýran!.. Aýrandan içiň!
Lawaşsyz, çöreksiz, doýrandan içiň!
— Kebap! kebap!.. kebaş!.. Gel, ýagly kebap!
Ýanynda nar şerap, sumagly kebap!
— Nuhut bar! Kişmiş bar! şahanabat bar!
Sebzebat, miwejat! Her dürli zat bar!
— Dert ýürekde galsa, goýar armana!
Alan şypa tapar, geliň dermana!

Bu seseleriň, bary goşulyp, ýaňlap,
Kemalyň gulagny gapsa-da şaňlap,
Dürli dükanlaryň duşundan geçip,
Kemal iş gözleýär derini saçyp.

Birden sakga aýak çekdi geňirgäp,
Has ýakyna bardy ileri ýöräp,
Oň gülesi geldi, emma gülmedi.
Adamdygyn, ganardygyn bilmedi
Öňünde oturan güpbi semiziň.
Ýüregni ýag alan ol ýüreksiziň
Dükany doludy dürli iýmişden.
Onuň äpet garny gidipdi işden,
Nakys stakandan onun hatarlap,
Çişik çaý içýärdi haşylap, derläp.

Çişik birden gördi duran Kemaly.
Ertekilerdäki zalym döw ýaly,
Birdenkä çişdi-de gazaba galdy,
«Ýok bol, ogry!» — diýip, taýagyn saldy.
Kemal ondan döwden gaçan dek gaçdy,
Sag-aman çişikden arany açdy.

Ýene ol bazary söküp barýardy,
Töweregne, her geçene garýardy.
Birdenkä adamlar çozdy bir ýana,
Kemal hem ýüwürip bardy şo ýana.
Bir garyp bulaşyp ýatyrdy gana.

Amerikadan gelen jenap Eýrana,
Urdurypdyr ony häzir geçende.
Kemalyň öňünde jan berdi bende.
Durdular egrilşip onuň daşynda,
Bir oglanjyk aglaýardy gaşynda...

Kemalyň kakasy düşdi ýadyna,
Iş bolar öýdýärdi gelen badyna.
Emma iş tapmady, hyrçyn dişledi.
Ýüregi indi has gysyp başlady.
O ýana, bu ýana urup özüni,
Aýlaýardy töweregne gözüni.

Birden gördi barýan bir ýaş zenany,
Göterip barýardy bir çemedany.
Kemgal derröw onuň yzyndan ýetdi.
— Men götereýin! — diýip, ol haýyş etdi.
Onuň gülüp duran gara gözleri,
Ýürekden aýdýan çaga sözleri
Birhili üýtgetdi ol ýaş zenany:
— Göterip bilermiň sen çemedany? —
Diýip, çemedany oňa uzatdy.
— Arkaňa al! — diýip, soň kömek etdi.

Gidip bargýrdylar olar tirkeşip,

Ýol boýy gürleşip hem kömekleşip,
Ýagşyja tanyşdy ol Kemal bilen,
Hiç wagt gelmändi ol hammal bilen
Bazardan öýlerne pyýada ýöräp.
Bu ýaşajyk hammal zenana ýarap,
Ýykmajak bolupdy çagaň göwnüni.
Ony hammal eden durmuş düwünni
Ýaşajyk hammaldan bir soraşsady,
Ýüregni ýakardy Kemalyň ody...
Agyr çemedanyň astynda derläp
Gelýärdi, syr bermän Kemaljyk gürlep,
— Ine, geldik, şunda düşüräý Kemal,
Ine, bu pula-da bir süýji zat al! —
Diýip, mähir bilen bakyp uzatdy.
Hanymyň hoş sözi ony şat etdi.

Kemal ýylgyrjaklap puly aldy-da,
Ilki kisesine saljak boldy-da,
Soň elinde saklap, diýdi: — Hanym jan,
Şu pul ýetermikä alaýsam derman?...
— Derman?
Keseliň näme sen, o niçik derman?
Kemal kesel hakda sesin çykarman,
Çykardy jübsünden doktoryň hatyn,
Hanym hatjagazyň açanda gatyn,
Birden ýüzi üýtgäp, bakdy Kemala.

Gamly baka-baka, gitdi hyýala...
— Ok nirden degipdir?
— Döşünden.
—Ýaraly kim?
— Atam.
— Atam?
Bu günler köp öýde tutulýar matam ...
Kemalyň derdini paýlaşýan ýaly,
Onuň nätjegini oýlaşýan ýaly,
Hanym Kemaljyga diýdi ýakynlap,
Onuň buýra saçyn ýuwaşja sypap:
— Al, Kemal jan, indi ýeter dermana,
Gaýgy etme, ok kär etmez merdana!
Kemaljyk hoş bolup, gitdi hoşlaşyp.
Hanymyň gözünden ýitdi daşlaşyp.
Gözünden ýitse-de kiçijik Kemal,
Batyp çuň pikire, durdy ol aýal...
Dertliniň derdine dert çeken düşer.
On barmagy gyzyl, üsti-başy zer
Lälijek han gyzy däldi ol zenan,
Emma ömür boýy tapman parça nan,
Şäherden-şähere gezdi sergezdan
Ýöreniňem gyzy däldi ol zenan,
Meşhur taryhçydy onuň atasy.
Häzir hem öňünde dünýäň kartasy,
Gadym geçmiş taryhyna göz aýlap,

Otyrdy Eýranyň geljegin oýlap.

Tutanýerli bolýar şeýle gojalar.
Her hakda olaryň öz pikiri bar.
Toty ýaly gaýtalamaz eşdenni.
Ulumyň, kiçimiň çekinmän göni,
Öz pikirni aýdar dogry ýüzüňe.
Ölüp tapan ýaly, görnüp özüňe,
Soňra gybatyňy etmez arkaňdan.
Bir bolşudyr sen ýokkaň-da, barkaň-da.
Ol it ýaly ýagly omaça satylmaz.
Ýa kim güýçli bolsa, şoň iti bolmaz.
Dost bolsa-da, bolmaz ýeke aş dosty.
Kime ol dost bolsa, bolar baş dosty.

Tutanýerli bolýar şeýle gojalar.
Gojanyň ýürekde bir arzuwy bar:
«Dirikäm guwanjym, ölse-de yzym,
Gözümiň röwşeni bir ýeke gyzym.
Birdenkä düşmesin okuwda hata.
Bar ylymlar bagly bir syýasata.
Ýekeje ylym bar bu gün jahanda,

Ne syýasat, ne-de göreş bar onda.
Meniň gyzym hökman doktor bolmaly,
Dünýäde ol ýeke şuny bilmeli.

Hassanyň derdine etmeli derman,
Deň bolmaly oňa hemmeje ynsan.
Ölüm bilen göreşmek — ynsana şöhrat
Mundan beýik bolmaz hiç bir adalat.
Gyzym doktor bolsun, şondan gowsy ýok.
Syýasatdan uzak, göreşden uzak...»
Diýip, okadýardy gyzyny alym.
Gyzynyň gapyda durany mälim
Bolsady, galkardy alym ýerinden,
Bir dem aýrylardy pikirlerinden...
Emma oň dünýäden habary ýokdy,
Çünki dünýäden ol örän uzakdy...

— Ata jan, ata jan, bagyşla meni,
Birjik ynjytmadym ömrümde seni.
Kyn bolsa-da, diňle sözüm, jan ata,
Ynan, goşulmadym men syýasata.
Toplanyp meýdana çykdy işçiler,
Goşulyp olara hem okuwçylar,
Parahatlyk üçin ýöriş etdiler.
Olary aldadyp, oka tutdular.
Ylgap köçä çyksam, tutuldy dilim,
Ganyna bulaşyp ýatyr söýgülim...
Ýygnadym köçeden ýaraly ýarym,
Etdim gutarmaga elimde barym,
Emma haýp, peýda bermedi derman,

Elimde jan berdi, gitdi mähriban...
Ine, meniň barja günäm, ata jan,
Müdir bilen gelip, bir ýogyn ajan,
«Duşman ýarasyna edipdir derman»
Diýip, gazap bilen okanda perman,
Bile ölmänime etdim men arman...

Kemal ylgaýardy, Kemal uçýardy.
Kemal guşa dönüp, ganat açýardy.
Jübsünde kakasyn gutarjak derman.
Ýokdy oň göwnünde çigit dek arman.
Her öňden çykana durup garaman,
Gelýärdi ylgawna Kemal ýadaman.
Şol dermany berseň, berjek müň gyran,
Hatda şol dermana, berilýär Eýran,
Diýseň-de bermez ol, ýokdur gümana.
Ata, ene bar zatdan şirin ynsana!

Kemal ylgaýardy, Kemal uçýardy,
Kemal guşa dönüp, ganat açýardy.
Ýüzüni ýaksa-da howanyň howry,
Gulagyn gapsa-da bazaryň gowry.
Kemal bir barşyna haýdap barýardy,
— Maşyn urar — diýip, ol durmaýardy.
Köçe-köçe geçelgeden geçende,
Köçedäki zat satýanlaň içinde

Biriniň daşyna üýşüp märeke,
Şadyýan wakyrdap, berýärdi gülkä.
— Beýle gyzykly zat munda nämekä? —
Diýip, geçip bilmän, märekä ursa,
Ortada bir maýmyn oýnaýar görse,
Maýmyn gyz geýmini geýip çykanda,
Ýüz-gözün sypalap, aýna bakanda,
Birden garry bolup, äýnek dakanda,
Ýa-da paşmak tikip, çüýni kakanda,
Geň görüp Kemaljyk, güldi jykyrdap,
Şat maýmyn bolansoň oýnuňy oýnap,
Her kim bir zat berdi maýmyna oklap.
Birden maýmyn elin serip, bökjekläp,
Kemalyň ýanyna geldi pul diläp,
— Wah, pulum ýok — diýip, Kemal ökündi.
Soňra munda durmaga-da çekindi...

Kemal ylgaýardy, Kemal uçýardy,
Kemal guşa dönüp, ganat açýardy.
Ýolda maýmynjygyň oýnun ýat edip,
Gülýärdi öz-özi göwnün şat edip.
Kim geçse, geçene aýagny goşup,
Oýun edýärdi çaga ýüregi joşup.
Ýokdy ýüreginde çigit dek arman,
Jübdedi kakasyn gutarjak derman.
Söýýän aýdymyna başlady Kemal.

Söz aşygy bolsaň, dostum, gulak sal:
«Şa ýolsa bir alma halkyň bagyndan,
Gulamlary[22] pürdär kök, pudagyndan!..»

Kemalyň owazly, hoş sesi bardy,
Her geçen saklanyp, gulak asýardy.
Emma oň aýdymy kesildi biriden.
Tüýlek ýüzi gara — gara kömürden,
Misli bir it, ajan oňa topuldy.
Kemaljygyň sesi tapba gapyldy.
Ýençdi Kemaly birehim ajan.
— Deýýus, seniň ýeriň garaňky zyndan,
Bolarsyň aýdanja aýdymňa gurban! —
Diýip, alyp gitdi Kemaly ajan...

Erinlek, murtlak, çep gözi gypyk
Gözi gyzyl, ýazzy maňlaýy çapyk
Türmäniň reýsi otyr gaharly.
Göýä onuň içýän çaýy zäherli,
Çaýy her ýuwdanda, çytýardy gaşyn.
Çapyk salam alman, galdyrman başyn,
Soraşdy Kemaly tutan «agadan»:
— Sen näme isleýäň bu ýaş çagadan?
— Aga reýis, bu bir ýöne çaga däl.
Ýaman aýdym aýdýar bu bezzat, betpäl.

22 Nökerleri

Onuň aýdymyny eşitseňiz siz,
Belki, maňa pul sylag-da birsiňiz?
– Ol niçiksi aýdym?.. Kimiň sözleri?!
Diýip gygyranda, onuň gözleri
Kemaljygyň ýürek-bagryndan ötdi.
Kemal gorkujygyna öl dere batdy.
– Aga reýis, ynan ýöne aýdym däl,
Şahy älem hakda aýdýar betpäl!
– Ýagşy, gulak asýan, goý ol aýtsyn!
Soňra goýber, öýlerine gaýtsyn!
Kemal eşidende «gaýtsyn» sözün,
Çapyga bakdy ol, galdyryp ýüzün.
– Urmaň meni — diýip gözün ýaşlady.
Soňra söýýän aýdymyna başlady:
«Şa ýolsa bir alma halkyň bagyndan,
Gulamlary pürdär kök, pudagyndan...»

Bu demde bir goja girdi içerik,
Eşitdi aýdymy ol-da jikbe-jik.
Oňa «otur» — diýip, buýurdy çapyk.
Soňra Kemaljyga gygyrdy çapyk:
—Aýt, bu aýdanyň kimiň sözleri?
Çapygyň çykaýjak bolýar gözleri.
—Aýtmasaň, tabşyraryn ajana,
Ajan atar seni, baryp zyndana
Aýtsaň, ýazany — ony tutarys,

Seni däl, zyndana ony atarys!
Kemal hiç zat diýmän, lal dek dymýardy
Birden çapyk onuň ýanyna bardy.
Dişin gyjap, çapyk şeýle bir urdy,
Kemaljyk ok degen ýaly bagyrdy.
Goja dözmän zöwwe ýerinden turdy:
— Meni uruň, onuň ýerine, aga
Rehim ediň günäsiz, biçäre çaga.
Gerek bolsa, size ýazanyň ady.
Ol gazaly ýazan— Sädidir, Sädi...
Jahana tanadan biziň Eýrany
Ferdöwsiň, Hafyzyň, Sädiň dessany...

Hasan öz huşuna gelipdi agşam,
Ortada ýanýardy ölügsije şem.
Daşynda Hasanyň ýakyn dostlary,
Hasana göwünlik berýärdi bary:
— Näme kömek gerek bolsa ederis,
Her gün gelip, dermana-da gideris.
Aglamaň siz, ene, ogluňyz geler.
Siziň gaýgy etjegňizi ol biler.
Häzir gidip, Kemaly biz taparys.
Soňra-da güýç toplap, ýene goparys! –
Diýip, otyrdylar olar çaý içip.
Bu demde birdenkä gapyny açyp:
— Gijikdim, bagyşla meni, eje jan,

Kaka, ine saňa getirdim derman! —
Diýip, şat uzatdy Kemal dermany.
Kemalyň ýürekde ýokdy armany:
— Kaka jan, ýük çekip, men pul gazandym,
Dermany men ine şol pula aldym.
Soň aýdym aýtdym ýolda şadyýan,
Munam aýdym üçin berdi bir ajan —
Diýip, görkezdi ol gögeren gözün.
Garyp ene saklap bilmedi özün.

Basdy ol bagryna oglunyň başyn.
Ata-da gizledi gözünde ýaşyn.

*1957 ý*

## EÝRAN ENELERI GUL DOGURMAÝAR

Gözel İspihanyň halyçy gyzy
Ýasemen bellidi gyzlaň içinde.
Oňa sataşypdy Jowadyň gözi,
Festiwalda aýdym aýdyp geçende;
Ýasemen bellidi gyzlaň içinde.

Bir toparda barsalar-da ikisi,
Iki ýürek bir-birini duýmaýardy.
Ýaňlanýar şat Ýasemeniň gülküsi,
Joralarnam bälçik edip goýmaýardy;
Oň ýüregi hiç bir zady duýmaýardy.

Festiwal gaýnaýar, festiwal joşýar,
Ýaňlanýar Jowadyň aýdymnyň sesi.
Jowada juwanlar sesini goşýar,
Gaýnaýar Tähranyň bu gün köçesi;
Ýaňlanýar ýaşlaryň aýdymnyň sesi.

– Eşitsin sesimiz dünýäň ýaşlary!
– Parahat ýaşasyn halklaryň bary!
– Özbaşdak ýaşasyn ülkämiz Eýran!
– Uruşsyz, parahat ýaşasyn jahan!
Diýip, gygyrýardy ýaşlar şadyýan.

Emma köp çekmedi şatlykly sesler,
Ýaşlaň aýdymlary birden kesildi.
Çykdy öňlerine gurt dek willisler[23],
Ýaşlar aýak çekip, yza tesildi;
Emma arkadan-da ýollar kesildi.

Ýaşlar gazaplanyp protest[24] etdiler,
Aýdym aýtdylar has-da joşgunly.
Willislerden howa tüpeň atdylar,
Howa dumanlanyp göründi ganly;
Ýaşlar gygyrdylar has-da joşgunly.

Ýöräp möýler ýaly gyr-töwerekden,
Willisler ýaşlary gysyp başlady.
Ýaşlar gaýtmady göreş etmekden,
Emma duşman ataş açyp başlady;
Ýaşlar dumly-duşa gaçyp başlady.

Maşynyň öňünden gaçyp barýarka,
Ýykyldy büdüräp daşa Ýasemen.
Jowat çalt ylgap ýetişdi, arka
Alyp gaçdy ony ajala bermän;
Ýapyşyp Jowada gaçdy Ýasemen.

23 Maşyn Jeep
24 Garşylyk- närazylyk

Nirä gaçjagyny bilýärdi Jowat,
Köçeleriň baryna ol beletdi.
Arman şofýor Jowat maşynsyz şu wagt,
Maşynsyz-da bolsa, ol gözden ýitdi;
Jowat bu ýerlere örän beletdi.

Bir azdan soň olar aýak çekdiler,
Jowat Ýasemeniň elin goýberdi,
Ätiýaç edip, bile yza bakdylar,
Ýasemen ýylgyrdy hem-de gyzardy:
Soňra tanşyp bir-birine el berdi.

Jowat hem utanjaň, gyz hem utanjaň,
Hiç birisi bada gürrüň açmady.
Bir dem aşak seredişip duransoň,
Gyz sorady: — Näme bu köçäň ady?
Bu sorag oýatdy göýä Jowady.

— Bu köçä diýerler «Perhat» köçesi!
Diýip, Ýasemene bakanda Jowat.
Ýasemeniň solak çitden lybasy
Aýtdy ol gyzyň kimdigin magat[25].
«Döwletli çit geýmez» — oýlandy Jowat.

---

25 Anygyna ýetmek, anyk bilmek

Boýnunda ýokdy oň altyn medalýon.
Gulagyndan brilliant syrga asmandy.
Gurjak ýaljak bezenmändi Ýasemen,
Şyltak däldi, sada hem mähribandy,
Ýasemen zähmetde ösen ynsandy.

Çadrasyz, boýasyz, ýüzi nikapsyz,
Durdy gyz Jowadyň gülüp gaşynda.
Sadaja köwüşde ýüpek jorapsyz,
Ýüpekden çargat-da ýokdy başynda;
Durdy ol Jowadyň gülüp gaşynda.

Oýnaýardy şemal çala degende
Uzyn gara saçlaň uçlary dagap.
Göýä ol saçlaryň taryna bende,
Jowat doýmaýardy ol gyza garap,
Gözlerden ýetýärdi yşk kalba darap.

Dilewar, ýomakçy, bälçik Ýasemen,
Dogry bakyp bilmän näzli sülmüräp,
Diýdi: — «Ugratmasaň azaşaryn men» —
Gabagnyň astyndan mähirli garap;
Gyzardy ýaňaklar çaýylyp gülap...

«Perhat» atly köçejige çalymdaş
Başga bir darajyk köçäň burçunda.
Hoşlaşýardy iki mähriban ýoldaş,
Bir kiçijik gülli bagyň içinde;
Utanjyrap her bir adam geçende.

Oglanlykdan täsin häsiýeti bardy
Bu gün Ýasemene duşan Jowadyň.
Kim bilen tanyşsa, ondan sorardy:
«Näme, dostum, seniň iň söýýän zadyň?
Şuň ýaly häsiýeti bardy Jowadyň.

Geň görse-de, jogap berdi Ýasemen,
Ujypsyz ýylgyryp, diýdi Jowada:
«Bahar çeçaklerni söýýärin çenden
Hem arzuw etmegi azat howada»
Bu sözler aýdym dek ýakdy Jowada...

Birinji festiwal gününden bäri
Köp wakalar geçdi ülkäň başyndan.
Eýranyň ençeme mert zürýatlary
Eýranyň ugrunda boldy başyndan;
Dollar melgun ýaly girdi daşyndan.

Iňlisiň elinden Eýrana geçen
Eýran nebti ýene gitdi Eýrandan.
«Tutulsyn dollara garşy agyz açan
Permanlar mergi dek ýaýran Tährandan,
Dolandy permanlar reňk alyp gandan.

Git-gide agraldy halkyň mydary,
Gijeler köşkde ülke satyldy.
Köpeldi Eýranyň dar zyndanlary,
Festiwalçy ýaşlaň köpi tutuldy;
Ýurt alymy bir günäsiz atyldy.

Baglandy gazetler, okalýan jaýlar,
Studentler tussaglyga kowuldy.
Çagalar aç gezdi hepdeler, aýlar,
Emma saraýlarda ballar guraldy,
Gorkuly Tähranyň ýüzi garaldy...

Emma gowşamady halkyň göreşi,
Göreş öňküsinden has pugtalaşdy.
Eýranyň işçisi, bar zähmetkeşi
Duşmana has beter gazaply joşdy;
Göreş öňküsinden has pugtalaşdy.

«Parahatlyk öýün» ajan ýaksa-da,
Ýene parlap galkdy oduň içinden,
Dollar ülkä zynjyr aýlap çyksa-da,
Dönmedi halk ogly öz göreşinden:
Ýene parlap galkdy oduň içinden,

Jowat hem Ýasemen — gahryman ýaşlar,
Durýardy göreşiň öň hatarynda.
Festiwalda bolan ençe ýoldaşlar
Ýokdy bu gün olaň, hatarlarynda;
Olar zyndanlarda bu gün Eýranda...

Ine, bir kümede otyr Ýasemen,
Daşyna üýşürip aýal-gyzlary.
Gür berýär halklaryň azatlygyndan,
Aýallaň begençden dolýar gözleri;
Oýanýar Eýranyň aýal-gyzlary!

Dünýäň köp halklary indi bagtly,
Olaň saçagynda bu gün nany bar,
Göreşdiler erki üçin gaýratly,
Olar bizem bagt ýoluna çagyrýar;
Olaň hemme sanda beýik sany bar...»

Ne oňat gepleýär, bakyň, Ýasemen!
Ýasemeni ösdüripdir göreşler.
(Oňa uly eser bagş etjekdim men,
Kiçi ýazdym, bagyşlasyn ýoldaşlar;)
Ýasemeni ösdüripdir göreşler!

Birden üýşen aýallaryň içinden
Uzyn boý bir aýal turdy ýerinden:
«Dünýäň eneleri eşitsin menden,
Gul dogmaz Eýranyň enelerinden!»
Diýende enäni guçdy Ýasemen...

Soňra gitdi aýal, gyzlar hoşlaşyp.
Ýasemen täk galdy tukat kümede.
Ýene-de Jowady ýadyna düşüp,
Ol aýdym aýtdy tukat kümede;
Jowady gelmedi geler çemede.

Jowat iki ýyldyr ýatyr türmede,
Geçen, iki bahar Jowatsyz geçdi.
Tähranyň çetinde garyp kümede.
Ýasemen gizlenip, gözlerden gaçdy;
Gyzgyn göreşlerden Jowatsyz geçdi.

Geçen gijäň ýary garyp kümeden
Ýasemeniň aýdym sesi çykýarka,
Jowat gaçyp çykdy ganly türmeden
Çykdy-da, ýüz tutdy daglara baka;
Daň çagy çykdy ol şäherden ýaka.

Iki ýyllap gün görmedik Jowada
Dogup gelýän güni görmek bagtdy.
Doýmaýardy ol dem alyp howada,
Ala bahar iň söýgüli wagtdy;
Körpeje gök otlaň üstünde ýatdy.

Zyndanda gysylan tukat ýüregi
Bahardan güýç alyp, giňedi, joşdy,
Arzuw edip onuň azat ýüregi,
Uçup Ýasemeniň ýanyna düşdi;
Galkyp Jowat ýola ganatyn açdy.

«Pulum ýok almaga ýara ýadygär,
Emma ýüregimde doly söýgi bar.
Men saňa minnetdar, söýgüli bahar!
Sende söýgülimiň söýýän güli bar;
Aldym seň gülleriň ýara ýadygär!»

Dilinde bu aýdym, elinde çemen,
Haýdaýar ýarynyň ýanyna Jowat.
Çemende benewşe hem-de ýasemen.
Sowgat alyp barýar janyna Jowat.
Haýdaýar ýarynyň ýanyna Jowat.

Zyndanda Jowada güýç beren söýgi
Jowady tigirläp hol alyp barýar.
Ýaşasyn ynsanda bu beýik duýgy!
Jowadyň ýüregi dünýä sygmaýar;
Onuň ýüreginde beýik söýgi bar.

Täze dogan günüň şöhlesi bilen
Garyp kümejige girende Jowat,
Ýürekleriň urýan şat sesi bilen
Ýaňlanan aýdyma ýekeje şaýat –
Şol garyp kümedi. Bolsun ol abat!

Tukat kümejige şat bahar geldi,
Açyldy Ýasemen, güldi Ýasemen.
Ýasemen eline ýasemen aldy
Bahary getiren ýaryň elinden.
Açyldy Ýasemen, güldi Ýasemen.
Ýasemen ýaşamaz günsüz, baharsyz.
Ebedi gije ýok ýagty sähersiz!

# ALTYN ADASYNDA AÇ

Aşagyndan nebit okeany akýan
Eýranyň topragy altynly ada.
Ençe ýyllar bäri bakýan hem okaýan
Eýran suw gözleýär ýaşap derýada:
Eýranyň topragy altynly ada.

Abadany toplan million turbadan
Akýan nebit dökülmeýär Eýrana.
Işçiler doýmaýar gara çorbadan,
Altyn paýlasa-da her gün, her ýana
Eýran nebti dökülmeýär Eýrana.

Altynyň üstünde aç otyr Hasan.
Hasanyň ýüzünde görünýär Eýran,
Zähmetkeş Eýran, zähmetkeş Eýran,
Zähmetkeş Eýran, zähmetkeş Hasan,
Hasanyň ýüzünde görünýär Eýran.

Hasanyň atasy tapman döwüm nan
Altyn guýysynyň başynda öldi.
Ynsan ýaly ýaşamady ol ynsan.
Joş gün görmän, ýigit ýaşynda öldi,
Altyn guýysynyň başynda öldi.

Altyn topragynda aç galmaz Eýran,
Açlyk ýetişdirdi ençe gahryman.
Taryh yza dönmez, berse-de gurban,
Eýran halky tapar derdine derman,
Açlyk ýetişdirdi ençe gahryman.

# HINDISTANYŇ GÜLLERI



## HINDISTANYŇ GÜLLERI

Hindistana aýak basan badymyz,
Hemmämiziň tutýan ýaly adymyz:
— Hindi — rusi bhaý-bhaý! — diýişip,
Aldylar daşymyz dostlarmyz üýşüp.

Kimler gujaklaşyp, kimler öpüşip,
Kimdir biri eýýäm bir beýt goşup,
Gözel gazal bilen gutlaýar joşup...
Dost şahyrlaň bir bor eken dilleri,
Boýnumyza bukaw ýaly gülleri
Dakdylar-da «Ýörüň indi!» diýdiler.
Nirä barsak maňa «Hindi» diýdiler.
Görüşe-görüşe gezdik illeri.
Ter açylan Hindistanyň gülleri
Gezdi meniň bilen boýnum gujaklap.
Ol dostluk güllerni ezizläp saklap,
Herdem-herdem ogşaýaryn sypalap.

Dost gülün saklasaň ýürekde solmaz,
Dostlugmyz bakydyr — asla bozulmaz!

## ÝÜREGI OŇ ÝARAGY

*«Hindiniň awçysy çyksa şikara*
*Başga aw islemez pil sesin aňsa».*
*Mollanepes*

Pil awyna, şir awyna çykmaga,
Şir-peleňden batyr ýürek gerekdir.
Äpet pili sürüp barýar bir çaga,
Belki, oň ýüregi
Şeýle ýürekdir.

Çaga ýüregi däl onuň ýüregi,
Oň ýüregi Hindistanyň ýüregi.
Ynsansöýer ýürek — onuň ýaragy,

Şeýle ýarag bolsun
Hemmäň ýaragy!

## HINDI SEN

Bäş müň ýyl içinde bäş million gaýdan
Belent ruh bilen çykan, hindi sen.
Tupanda güýç diläp güneşden, aýdan,
Dünýä umyt bilen bakan, hindi sen.

Hindi okeany — hindi ummany,
Döräpdir, doganym, döken ýaşyňdan.
Taryhyň — gaýtyly jebir dessany,
Okadym tupanlar geçen başyňdan.

Astyndan çykmaga jebir dagynyň,
Taryhyň böwedin açan, hindi sen.
Ýurduňda ýurtbasar iňlis baýdagnyň
Üstünden pil sürüp geçen, hindi sen.

Seni görmek boldy miýesser maňa,
Myhmanladyň meni bereket bilen.
Goý, bagt getirsin gelejek saňa.
Ýene bereket tap
Hereket bilen!

## ERTIRIŇ ŞAPAGYDYR

Polady mum edýär, doganym, seniň güýjüň,
Gara polat goluňda, gara çekiç saz edýär,
Gara gözelek gardaş, seniň işçi çekijiň
Eýsem bagt arzuwlap täzeçe owaz edýär.

Daň ýyldyznyň ýalkymy dek ýalkym saçýar uçgunyň,
Eýsem ol seň watanyň ertirniň şapagydyr.
Arzuwyň dek syçrap ganat açýar uçgunyň,
Bu kanundyr, garaňkyny, daň şapagy dagydar!

Orak ýasýan ekeniň öz daýhan doganlarňa,
Gaýduwsyz güýçden ýasa polatdan oragyňy.
Polat orak ýollaňda mähriban doganlarňa
Ýolla polat orak bilen polat dek ýüregiňi.

Polady mum edýär, doganym, seniň güýjüň,
Seniň polat goluňda, polat çekiç saz edýär.
Gara gözelek gardaş, seniň işçi çekijiň
Ýürek arzuwyň ýaly täzeçe owaz edýär.

## KELKETTE

Ýanyny deňze berip, ýatyr äpet Kelkette[26],
Ýok, ýatonok, ýatyranok deňziň tolkunlary.
Gygyrşýan korabllar[27] daşdan gelen, elbetde,
Gije-gündiz gaýmalaşýar taýmyllaň ýelkenleri.

Ýüzlerçe demir reňk ýükçüler ýük daşaýar.
Göterip ol ýükleri bagyryşýar kranlar[28].
Port mydama der içinde dynjyn alman ýaşaýar,
Der içinde demirler, der içinde ynsanlar.

Deňiz ýeli tolkunlary sürýär, süri mal ýaly,
Ýüz ýerde ýük-ýük edip, ýükleýärler mallary.
Galmagal edýär deňiz, işlense-de lal ýaly,
Haýdaşyp ýükleýärler ýüňdür ýüpek şallary.

Garny banandan doly garry-garry gaýyklar
Zordan süýrenip barýar goja deňziň goýnunda.
Agyr bolsa-da haly garry-garry gaýyklar
Saklamaly salyny güýçli gomlaň oýnunda.

Ýagyşdan az ýagmaýar bu ýerde ynsan deri,
Der derýasy aka-aka deňiz suwy bolan şor.

26 Hindistanyň şäheri
27 Корабл- Gämi
28 Кран – Göteriji maşyn, galdyrgyç

Ähtimal, bu ýerdäki – bu akýan derýa deri
Görende çalarandyr juwanka beýik Tagor.

## TAGORYŇ MYHMANY

Nähilikä? – diýýärdim – beýik Tagoryň öýi.
Ynha gadym Kelkette, ynha Tagoryň öýi.
Ak mermerden ýasalan periler ýok bu öýde.
Agşam aýdan howza düşen hüýrüler ýok bu öýde.
Bu öýüň bar bezegi bir köneje kilimdi.
Kim bilýär, ol kilimi dünýäde dokan kimdi?
Belki, ol hem ýadygärdir beýik ogla eneden!
Ýazyp teswir edere aýry zat görmedim men.
Içerik giremizde hemmäniň ünsün çeken:
Şahyr özi bir gazalny diwara kakan eken.
Ol kiçijik gazalyň ady «Gözel bahardy».
Ol kiçijik gazalda Tagoryň kalby bardy.
Ol gazaly okap durkam, pikirim dünýä gezip,
Gördi gözüm dünýäde san ýetmýez kitaphana.
Diýdim: «Tagor bar döwletiň setirlerine düzüp,
Gatbar-gatbar kitap edip, bagş edipdir ynsana».
Ynsanlaryň ýüreginde onuň altyn mekany.
Ýüreginden çykarmaz, okan beýik ynsany.
Hindi doganlar bilen seýl edip Hindistany,
Boldum beýik Tagoryň öz oýüniň myhmany.

# ÝAGYŞ ÝAGSA ÝAGŞYLYKDYR

«Ýagyş ýagsa ýagşylykdyr» diýip, selleli şofýor
Aýdym aýdyp, artdyrýardy ak maşynyň badyny.
«Nakylymyz bir eken» diýip belläli, şofýor,
Ýazdym ýazuw depderime ýagşy ýigdiň adyny.

Ýolda ýagyş ýaga-ýaga, aram-aram diňende,
Diň salyp, gulak assaň ,Hindiniň owzyna,
Diňen ýagyş ýagyp durdy ýagşy ýigdiň heňinde,
Eşde-eşde aşyk boldum, Hindistanyň sazyna.

Ýagyş ýagsa ýagşylykdyr, aýdymyňy kesme, dost,
Şirin-şirin ýagyş ýagsyn seniň şirin sazyňda.
Ýagşy niýetin ýagşa deňän atalaň nakly rast,
Adamzat arzuwy bar aýdýan owazynda.

«Rehm eýleýip, ,ýagmyr ýagdyr, beýik soltanym» diýip,
Ýazan beýik Pyragynyň gözläp çykdym men bu gün,
«Rehm eýleýip, ýagmyr ýagdyr, dymma, asmanym» diýip,
Gezen beýik Pyragyny yzlap çykdym men bu gün.

Ýagyş ýagsa ýagşylykdyr, aýdymyňy kesme, dost,
Ýaz ýagşy dek aýdymyň ne gözel owazy bar.
Ýagşy niýetin ýagşa deňän atalaň nakly rast,
Aligaryň ýolunda Magtymgulyň yzy bar.

## SÄHER

Bu gün şeýle owadan, şeýle mylaýym säher,
Tagory Tolstaýa duşuran säher ýaly.
Goý, şeýle ýalkym bilen açylsyn daýym säher,
Ilki aşyk ýüregi duşuran bahar ýaly,
Tagory Tolstoý duşuran säher ýaly!

## ZÜLFIÝANYŇ SÖZLERI

Delide ýygnagymyz dört günläp dowam edýär,
Dört günüň içinde iş maksada laýyk gidýär.
Konferensiýaň başlygy ýazyjy jenap Anand
Söz berip, yglan edýär: «Zülfiýa — Özbegistan».
Beýik döwletiň gyzy belent tutup başyny,
Gözlerini güldürip, gerip galam gaşyny,
Diýýär: «Orta Aziýa wekillerniň adyndan
Çagyrýaryn, gelen gezek Daşkente geliň myhman.
Gül bilen garşy aldy, bizi munda Hindistan.
Güller bilen garşylar sizi hem Özbegistan».
Çagyryşy şowhun bilen kabul etdi bütin zal,
Zülfiýanyň sözleri dünýä ýetdi şo mahal..

Azat özbek gyzynyň sözlerine guwanyp,
Azat özbek gyzynyň gözlerine guwanyp,
El çarpýan ägirt zala göw gerekdi bakmaga,
Gül gerekdi Zülfiýanyň her zülpüne dakmaga!
Hindistanyň şahyr gyzy rapa gözli Amrita
Zülfiýany gujaklap, ogşanda gaýta-gaýta,
Iki şahyr gözeliň ýürekleriniň joşy,
Aýdym bolup ýaňlandy näletleýän uruşy.
Aýdymdy iki joraň bu mähriban görüşi.
Aýdymdy iki joraň gujaklaşyp duruşy,
Iki şahyr gözeliň döşünde kepderi guşy
Ýüreklerniň üstünde ýaýýardy ganatlarny.
Gundogaryň güni hem guçýardy zürýatlarny.

## ÇÖKÝÄN MINARA

Durşuna bir bütew daşdan guralan
Gadym bir minara bar Benarestde.
Köwe-köwe Ganga düýbüni alan,
Indi ol minaraň saly suw üste.
Indi ol minara gününi sanap,
Batyp barýar Ganga derýaň teýine.
Ol çökdükçe Ganga joşgunly oýnap,
Sarsgyn salýar köne dünýäň öýüne.
Dogrudan-da, maňa şeýle göründi:

Batyp barýan köne minara bilen
Könelik gark bolup derýaň teýine,
Täzeligiň düýbi tutulýar indi.
Ganga güýçlerine güýç goşýan ýaly,
Gedaýlaryň bary çykyp kenara,
Köşk hem dünýä bilen hoşlaşýan ýaly,
Uzyn günläp bakyp otyr minara.
Köşk hem dünýä bilen hoşlaşýan ýaly.
Ýuwaş-ýuwaş çöküp otyr minara.
Gangaň gujagynda men ýüze-ýüze
Köne köşge hem kenara bakamda,
Kenarda dem tutup, men geze-geze
Ol gedaý gözlere bakyp çykamda,
Galam ot sowurdy meniň elimde,
Şu arzuw aýdyma döndi dilimde:
Taryhyň ýörişi, Gangaň akyşy
Öňküsinden çalt aýlanyp müň gezek,
Aýyň aýlanyşy, günüň çykyşy
Öňküsinden çalt dolanyp müň gezek,
Çalt hereket etse Hindistan öňe,
Dönüp derýa batyp barýan şol diňe,
Mätäçlik, gedaýlyk batyp giderdi.
Hiç bolmanda, bir kärjagaz ýeterdi
Bu oturan işsiz işçi gollara,
Kimsi orak, kimsi çekiç tutardy,
Guwanardy ýurdy bu ogullara.

# ÖLI ŞÄHERDE

## 1

Dünýäniň çagalary, bu ýazylan hekaýat
Däldir köne dünýäden miras galan rowaýat.
Bu wakany görensoň dünýäde meniň gözüm,
Ot ýaly gyzaransoň, göremde meniň ýüzüm,
Ýüregimde saklap bilmän, ýazdym men bu wakany.
Ykbaly bagrym dilen — bu çaga gahrymany.
Bu eseri ýazmak üçin gözläp-gözläp tapmadym.
Hyýal guşum uçuryp, çar tarapa çapmadym.
Syýahata çykamyzda bir gün dymyk säherde,
Özi tapdy bu çagaň meni «Öli şäherde».
Oňa duşan günümiň agşamsy men ýatmadym.
Uzak gije pikirde — kirpigimi gatmadym.
Yzgarly uzak gije çaga çölüň myhmany;
Öý-de ýok, öwzar-da ýok, tokaý onuň mekany.
Ata-da ýok, ene-de, ýassykdaşy — ýylany.
Üşände örtünýäni, doňanda dolanýany —
Asmandan aşak inen daň çagynyň dumany.
Säher güneş oýadanda timarlap Hindistany,
Ol çaga-da emaý bilen, hoşamaýlap ýylany,
Arkasyny sypalap, oýatmaga başlaýar.
Ýatan äpet ýylan äwmän agyr haşlaýar...

Düýrlenme, ýazyl, ýylanym,
Oýan, tur, gözel ýylanym,
Çörek ýoluna çykaly
Hemmeden ozal, ýylanym...

**2**

Ynha ol ýetip gelýär, meň ýanyma golaýlap.
Her öňünden çykanyň öňünde böküp oýnap,
«Aga, bagşiş, aga!» diýip, oňa boýnuny burýar,
Azajyk gowşatsa elin, ýylan gaňyryp barýar...
Içere öl tapylman, «Öli şäher» atlanan
(Ençe asyr mundan öň taryhlarda ýatlanan)
By gadym galaň bozup, ýüz ýyllyk tukatlygny
Gazanjak bolýardy ol bir günlük owkatlygny.
Çykdygyça turistler bu gala galka-galka,
Ol çaga-da dyrmaşýardy, boýnunda ýylan halka.
Ol ýokary çykdygyça ýylan güne çydaman,
Sümere sümelge gözläp, urýardy özün her ýan.
Çaga oňa ýalbaryp: «Oýna!» diýse, oýnaman.
Galdyrsa alkymyndan, ters towlap başyn ýylan
Sümülýärdi çaganyň, uzyn buýra saçyna;
Şir ýürekli ol çaga meňzeýärdi laçyna!
Gaharlymy, mähirli — gözüňden duýýardy ol.
Gözleriňden çykan mähre ýüregni çoýýardy ol.
Ah, meniň körpe dostum, Hindiniň laçyn ogly,

Gezermidiň sen gedaý günüň ýylana bagly?
Eger başga bir ýylan — ýurtbasar, zalym ýylan,
Ýurduňa salyp talaň, ýüregňe salyp talaň,
Seniň ata watanyň boýnuna berk çolaşyp,
Syrtmak ýaly bogmasady iki ýüz ýyl gul edip...

## TARYHA HAÝYNLYK

Akberiň köşgüne edip tomaşa,
Agra galasyna aýlanyp ýördük.
Bir maýmyn iňlisiň hetdinden aşa
Taryha haýynlyk edenin gördük.

Iňlisleriň höküm sürýän wagtynda
Gubernator[29] eken ol garry kezzap.
«Ölsem meni imperator tagtynda,
Köşkde jaýlaň» diýip gidipdir sargap.

Galyňdan çapylan, giňden tutulan
Haýbatly galanyň dik ortasynda,
Göýä altyn jama maçja atylan,
Ýatyr gözel köşgüň aýmançasynda.

29 Başlyk, häkim şähr

Demrew başy ýaly demir mazaryň
Daşynda dört maýmyn, başga janly ýok.
Maýmynlaň içinde bir sag janly ýok:
Biri kel, biri kör, ikisi çolak.

Galanyň taryhyn, köşgüň taryhyn
Aýdyp gutaransoň hindi gardaşym,
— Bu nähili mazar? Şuňňam taryhyn
Aýdyp beriň — diýip, ondan soraşdym.

Ahmet soragymň jogabyn bermän,
Bir ah çekip, bir hyrçyny dişledi.
Soňra çigit ýalam çekinip durman,
Ýüregine urup, söze başlady:

«Dostum, eşder bolsaň, ol dört maýmynyň
Goraýanam bir maýmynyň mazary.
Gabram bize azar ol bet maýmynyň,
Öýkünmek bolupdyr onuň azary.

Akberiň tagtynda jaýlansa nejis,
Akber dek taryha düşern öýdüpdir.
Dirikä ýürekler ýakan ol iňlis
Ölende-de bizi ýakyp gidipdir.

Bir owadan rara gözüň agyna
Gül düşer-de, bozar ýüzüň keşbini...
Basym ol mazaryň ýanars ýoguna,
Indiki geleňde görmersiň ony.

Öz küli dek, mazarnyň-da külüni
Tozadyp-tozadyp, göge sowrarys.
Iňlis tikenine hindi gülüni
Horlatmarys, haşal çöpden gorarys...»

Ahmet bu sözleri aýdanda maňa
Şeýle gazap bilen gabra garady.
Hindiniň içi ot iňlisden ýaňa,
Gözlerinde ýandy gaharnyň ody.

## TÄÇMAHAL

«Ak mermerden ýasalan bir dessandyr Täçmahal,
Töweregne ýalkym saçýar agşam aý çykan mahal,
Ony görseň, şahyr bolsaň, hökman goşgy goşarsyň,
Hindistana Täçmahaly göreňden soň düşersiň...»
Bu sözleri köp eşitdik hindileriň dilinden.
Dogrudan-da, ýasapdyrlar ony mermer gülünden,
Emma ol gözel köşgüň sapaly saýasynda,
Hindistanyň ýangynly, jöwzaly yssysynda,

Ýaýnamandyr Hindistanyň ony ýasan gullary,
Dünýäni haýran eden hünärment ogullary.
Taryhda görülmedik bir belent waka bolsa,
«Täçmahalyň» ussasy meşhur Isa jan gelse,
«Täçmahalyň» taryhyny etsedi bir-bir beýan.
Belki, onuň her nagşyna bir gul berlendir gurban,
Ak mermer däl, gara mermer görünerdi ol dessan.
Belki, şonda aýdyň bordy hindistanla Hindnstan.

## KEPBE

Täçmahalyň ýolunda üç ýerde durup geçdik,
Üçünji duramyzda suw ýerne şeker içdik.
Bize suwuň ýerine şirin-şeker berenler,
«Hoş geldiňiz, doganlar!» diýip, gülüp duranlar,
Şeker çiňňirik ýygýan, güýçli goly orakly,
Hem sada, hem-de homart, hem-de açyk ýürekli
Mähriban daýhanlardy, mähriban daýhanlardy,
Gadyrdan ynsanlardy, gadyrdan ynsanlardy!..

Bir mis jamy alagada, tüsseli kümä girip,
Gaýnap duran şekeriň, edil gaýmagny syryp,

Süýjülik suwy ýaly, her kime bir owurtdan
Paýlan hindi doganym ölinçäm çykmaz ýatdan.
Jam bilen bile tutup doganymyň elinden,
Içdim hindi oglunyň zähmetiniň balyndan,
Şirin-şekeriň baly etdi agzym bal ýaly,
Baldan-da şirin geldi, göýäki asal ýaly...

Soňra daýhan doganlarmyz täze palaç ýygdylar.
Gelinler çöl gülünden çemenjikler bogdular.
Kime şeker çiňňirik, kime desse gül berip,
Ýigitler gujaklaşyp, gelinler-de el beriip,
«Hindi — rusi bhaý-bhaý!» ýaňlandy dilde ýagşy.
«Hindi — rusi bhaý-bhaý!», «Ýolagçy ýolda ýagşy!»
Hoşlaşdylar bar duranlar jana-jan dogan ýaly,
Ýadawlyk gitdi bizden, gün ýaňja dogan ýaly!..
Şeker paýlan ýigit bilen şirin-şirin bakyşyp
Ugramda ýola sary gol tutup, gadam goşup,
Birden ol elin salgap, görkezdi bir kepbäni,
Üm bilen ol: «Gör!» diýip getirdi kepbä meni,
Güle-güle giremsoň, gülen bolup durdum men,
Emma kepbäň ömründe gülmänini gördüm men.
Iki sany gara gözli, gara gaşly oglanjyk,
Ýaş Puşkini ýada salýan buýra saçly oglanjyk
Ýatyr kepbäň dulunda, ýorgan-da ýok düşek-de,
Düşek beýle-de dursun, egninde ýok eşik-de...
Çaga tenleri bilen gara ýeri gyzdyryp,

Ýatyr olar gyzdyryp... ýatyr olar gyzdyryp...
Olaň inçejik elin ele alan badyma,
Gurap barýan ýaş çiňňirik düşdi meniň ýadyma...
Içen şirin-şekerim awa döndi agzymda,
Kepbä şat giren ýüregim kepbeden çykdy gamda...
Ýol boýy şeker çeýnäp, güller ysgap gitsem-de,
Täçmahalyň jemalyna müň tomaşa etsem-de,
Açylmady ýüregim, açylmady, gülmedim;
Şol garyp kepbäni men hiç unudyp bilmedim,
Haýyşym hindistanly ýazyjy dostlarymdan:
Şol kepbäni hiç wagt çykarmasyn ýadyndan,
Şol kepbe gülen güni çyndan güler Hindistan.
Şol gün hem bir gün geler, çyndan geler, ynanýan!

## ALYM WE DERWÜŞ

Hindistanyň meşhur alymy bilen
«Ylymlar köşgünde» ýaňja hoşlaşyp,
Ol beýik alymyň gürrüňlerinden
Belent täsir alyp, ýüregim joşup,
Döwrümize guwanyp, hiňlenip barýardym men.
Birden bir terkidünýä derwüş çykdy öňümden.
Dogrusy, duýmandyryn niçik aýak çekenim.
Bilemok men ol derwüşe niçik garap bakanym,

Derwüş birden sakga durup, bakdy meniň ýüzüme;
Derwüşiň gözlerinden duman indi gözüme.
Endam-jany hek ýaly palçyk bilen suwalan,
Ynsanlykdan aýrylyp, elhenç bir sypat alan,
Büs-bütin güne ýanan palçyk durdy gaşymda,
Bakdygymça ol ynsana tupan turdy başymda.
Gulaklarmy ker etdi ýüregimiň sarsgyny,
Demikdirip derletdi ýüregimiň sarsgyny.
Söz bilen däl, göz bilen, men derwüşden soraşdym.
«Niçiksi men ynsanyýetiň ilki döwrüne düşdüm?
Ýaňja-da men alym bilen öz asyrmyzda durdum?»
Derwüş maňa: «Geň görme, şeýle ýurt meniň ýurdum...»
Diýdi-de, gaýyp boldy öz derwüş dünýäsine.
Soňra men döwrümize dolanyp düşdüm ýene.
Ýene-de men şatlanyp, alymyň sözün ýatlap,
«Hindistan atça» heňin gaýta-gaýta gaýtalap,
Duşan däli derwüşi düýş dek ýatdan çykardym.
Hindistany alymyň güler ýüzünde gördüm.

## MUŞAÝRA AGŞAMY

Kätä-kätä ýygnanşyp,
Şahyrlar meýlis açyp,
Çykyp gezek-gezegne
Gazal okýarlar joşup.

Bir gün hem şeýle üýşüp, muşaýra geçende,
Güller hakda gazal okan şahyrlaryň içinde
Bir şahyryň bagtyna baýrak düşýär bir çemen.
(Bu wakany ol şahyryň özünden eşitdim men)
Gülçemeni göterip, çykýar şahyr meýlisden,
Baýrak alan gazalna ýolda hiňlenip pesden
Barýarka birden şahyr büdreýär bir taýata.
Göterip ýerden çemeni, galsa şahyr aýaga,
Büdräni bir garybyň aýagy bolup çykýar.
Şahyr garyba bakýar, garyp şahyra bakýar,
Ses çykarmak nirede, garyp biçäre gorkýar.
Gorkusyndan şahyryň egin-başyny kakýar.
Şahyr doganny tanap, beýnisinden ot çykýar...
Duran ýerinde şahyr, däli ýaly gygyryp,
«Bagyşla, dogan!» diýip gujalaýar bagyryp.
«Doganym, sen bagyşla» diýip hamsygyp garyp,
Ogşap şahyr doganyny, sypaşdyrýar ýüzünden.
Düwme-düwme akan ýaş doganlaryň gözünden
Ezýär şahyry gutlap sylag berlen çemeni.
(Bu sözleri aýdanda, hut agy tutdy meni)
Soňra öz penjegini onuň egnine atyp,
«Köçede ýatma, dogan» diýip, golundan tutup,
«Ýör, doganym, ýör bize, ýör bileje ýaşaly,
Gaýgymyzy, şatlygmyzy bileje paýlaşaly»
Äkitjek bolsa şahyr, garyp dogan gitmeýär.

«Meniň köçeden gitmegim — durmuşy düzetmeýär
Eziz dogan, bu ýatan doganlara seret sen.
Şahyr dogan, sagja bol, gazallarňy seret sen.
Bagşy dogan, düşmesin aýdymlaryň dillerden.
Bilbil dogan, sagja bol, ylham al sen güllerden,
Ýurdumyzyň güli köpdür, gül çemen gerek bolsa,
Käşgä, dogan, taryplaňda güllerden çörek bolsa...»
Gül hakda gazal ýazyp, sylag alan şahyry
Gül hakda gazal ýazyp, meşhur bolan şahyry
Sandyradýar dogannyň soňky aýdan sözleri.
Öýe gelip galam alsa , doganynyň gözleri,
Gözlerine garaňky köçelerden garap dur,
Geçene gerşin berip «Münüň» diýip sorap dur.
Şahyr otyr dogannyň agyr halyn oýlanyp,
Oýunda onuň bilen uzak gije aýlanyp,
Ýüzüp pikir derýasynda, şahyr daňyn atyrýar;
Ol gamly gije şahyry gökden ýere getirýäri.
Ine, şol günden başlap, ol güller şahyrynyň,
Hyýaly jennetde gezýän gözeller şahyrynyň,
Azalýar aýdymynda gunçalar, gülüstanlar.
Köpelýär aýdymynda zähmet çekýän ynsanlar.

## ÝOLDA

Rimde nahar edinip, ýene mündük uçara.
Uçar ýene-de galkdy — galkdy asmanlara,
Diktor gödek ses bilen diýdi: — Rim — Abadan.
On sagatlap uçjak biz ýolda hiç ýerde gonman.
Maňa agyr göründi Abadanyň ahwaly,
Bugarýardy bu toprak gyzzyrma tutýan ýaly
Abadanyň ýüzüne garadym, men garadym,
Abadanyň topragyndan bu soragy soradym:
— Aýyt maňa, gözel toprak, näme beýle bugarýaň?
Ýatyş ýagyp, sil gelip, bulandymy seň derýaň?
— Ýok – diýdi maňa toprak. — Men hemişe bugarýan,
Işçiň derinden döreýär meni büräň bu duman!..

## BIZDEN UZAK ILLERDE

Men şeýle ülke gördüm bizden uzak illerde,
Ömründe gar görmändir, açylyp dur güller-de.
Bilbiliň-de aýagy bişmese zor howurdan
Gyzyl gülüň yşkyna saza başlaýar irden.
Ynsan käte oturyp, şeýle hyýala gidýär:
Gül bolsa, bilbil bolsa, şol bagtdyr öýüdýär.
Ynha olar otyrlar dünýäň meşhur bagynda,

Bu ýerde gül parlap dur gyşyň aýny çagynda.
Emma bu oturanlar bakmaýar gyzyl güle,
Gyzyl gülüň atyrny çekmeýär şatlyk bile.
Bulary humar edýän gyzyl gülüň ysy däl.
Olar bir doýmak üçin besleýär şirin hyýal...

## HINDISTAN

**(Aýdym)**

Daň ýeri saz berýär, saýraýar guşlar,
Oýanýar ukudan beýik Hindistan.
Ugraýar mekdebe okaýan ýaşlar,
Okuwsyz çagalar gezýär sergezdan.

Hindistan, Hindistan, men saňa myhman.
Ýüregiň giň seniň, iliň mähriban.

Beýik taryhyň bar — sözleýär daşlar,
Daşlarda yzy bar geçen illeriň.
Ýazylýar horlukdan çytylan gaşlar,
Täze reňk alýar solan gülleriň.

Hindistan, Hindistan, men saňa myhman.
Ýüregiň giň seniň, iliň mähriban.

Topragyň ne gözel — sowulmaz bahar,
Bagtyň-da gül açsyn baharyň ýaly,
Ýüzüňe nur saçsyn her dogan säher
Hindi gözellerniň gözleri ýaly.

Hindistan, Hindistan, men saňa myhman.
Ýüregiň giň seniň, iliň mähriban.

## PÄKISTANLY DAÝHANYŇ JOGABY

«Haýwan ysgaşa-ysgaşa, ynsan soraşa-soraşa»
Diýipdirler gadym çaglar dünýä gezen babalar,
Egni-başy horaşadan, horaşadan-horaşa,
Ýanyny ýere berip, ýapbaşanja obalar,
Tukat hem-de garraňky görkezýärdi dünýäni...
(Öňümden adam çyksa, saklap bolýarmy meni?)
Sürdüm, ýer sürüp ýören päknstanlyň ýanyna.
Ol ýurduň otuz ýaşda, gojalan daýhanyna,
Birnäçe sorag berip, Şeýle jogap aldym men.
Onuň beren jogaplary çykmaýar hiç beýnimden..

– Ýer özüňkimi?
– Ýok, aganyňky.
– Suw özüňkimi?
– Ýok, aganyňky.
– Öküz özüňkimi?
– Ýok, aganyňky.
– Azal özüňkimi?
– Ýok , aganyňky.
– Özüň özuňkimi?
– Ýok, Allanyňky.

## ÝÜREKLERN AÝRYLMAZ

Belki, kanun ýazýanlaryň ýokdur mundan habary:
Hindileriň, musulmanlaň göreşjeň şahyrlary,
Döwlet ikä bölünse-de, bölünmändir olar hiç.
Olary böljek bolmak – manysyz hem örän giç.
Iki ýüz ýyl içinde iňlisleň, iblisleri
Musulmanlaň garşysyna gyzdyryp hindileri
Iki süýtdeş dogan halky duşman etdi haýynlar.
Iki dogan aldanyp, döküldi nähak ganlar...
Beýik Hindistan ýurdy birden ikä bölündi;
Hindistan hem Päkistan iki döwlet bar indi.
Emma men gözüm bilen gördüm bu hakykaty:

Kanunlar demir dyrnak — çakdan bolsa-da gaty,
Hindistanly, päkistanly iki şahyr jana-jan;
Ýüreginde iki dogan bir-birine mähriban.
Gördüm men bu dostlugy – bu dostluk ýatdan çykmaz.
Dostlugyň öz kanuny bar, başga kanuna bakmaz.
Serhetleri aýrylsa-da, ýürekleri aýrylmaz.
Gaňyrlyp döwülen gol-da, ebedi döwük galmaz.

*1959 ý*

## FAIZ AHMED FAIZE

Ýene seniň, eliňden galamyňy aldylar.
Ýene seniň ýüregiňi tutup türmä saldylar.
Ýene seniň sesiňi kesmäge çykdy perman,
Ýene şol sowuk zynjyr- ýene şol tukat zyndan...
Bize habar ýetende Faiz tutuldy diýip,
Şahyr Faiz zyndana ýene atyldy diýip,
Faiz, seniň dostlaryň bary çytdy gaşyny.
Ýürek bilen syldylar seň çagalaň ýaşyny.
Halkyny söýýän adam şahyryny tutdurmaz.
Halkyň söýmese nadan, halk hem etjegin biler.
Dünýäň dostluk aýdymyn daşa baglamak bolmaz,
Daşdan-da seda çykar, aýdym has-da güýçlener.
«Päk» sözünden alypdyrlar Päkistanyň adyny,

Päkistanyň şahyry, seniň ýüregiň päkdir .
Hiç bir töhmet garaltmaz päk ynsanyň adyny,
Sen ýene-de çykarsyň, muňa hiç güman ýokdur.
Ýaňja dälmi, şahyr dost, gözel Daşkent şäherniň,
Azat Orta Aziýanyň, altyn nurly säherniň,
Bizi gujagna gysyp, gül hödürläp durany,
Faiz Ahmed Faiziň parlap, gürläp durany...
Ýene-de sen gürlärsiň öz halkyň bagty üçin,
Garaňkylyga garşy, gelejek ýagty üçin,
Beýik maksatlaň ýolunda ýene-de bir görşeris
Görşeris, Faiz, eşit, görşeris biz, görşeris.

*1959 ý.*

## ÝENE-DE FAIZ AHMED FAIZ HAKYNDA

Bahar bir habar getirdi bize şähri Lahordan,
«Bilbil çykdy zyndandan eşdiň» diýdi bahardan.
Gözüň aýdyň, şahyr dost, gözüň aýdyň, gahryman,
Seniň-de gözüň aýdyň, Faizine guwanýan,
Faiziň aýdymyndan ylham alýan Päkistan.
Faizleriň sag bolsa boşar bir gün bar zyndan...
Päk ýürekli, şahyr dostum, ägä bolgun haýynlardan,
Ýüzüňe kümsük ýylgyrýan, ajalyňa taýynlardan,
Tutulanňy eşidemde, düşdi meniň ýadyma şol

Garry kezzap, içip şerap, gygyrýardy aýdyma ol.
Şahyrmy ol, jellatmy ol? Gojany tanamak kyndy,
Bir dilinde puldur şerap, bir dilinde Alla, dindi.
Ýadyňdamy habar geldi — Päkistanda tupan — diýip,
Seniň gaşyň çytylsa-da, ol papagny gopbam geýip,
Garry kezzap, içip şerap, gygyrýardy aýdyma zol.
Tutulanňy eşidemde, düşdi meniň ýadyma ol
Watanny-da, halkyny-da ol goja hiç ýatlamady.
Sen öz halkyň bagty üçin gürläňde ol gutlamady.
Belki-de siz goja bilen bir şäherde ýaşýansyňyz?
Belki-de siz bir köçede ýan-ýanaşyk goňşusyňyz?
Şahyr dostum, ägä boluň, «Goňşy ýaman göç» —
diýmýärin,
Gaýtam öňküden-de beter: — Göreş! Göreş! Göreş! —
diýýärin.
Garry kezzap, içip şerap, gygyrybersin entek heňe,
Sen hakykat jarçysysyň, çagyr halky öňe, öňe!
Kezzap gojaň bir öýkeni iňlisleriň elindedir,
Bir öýkenden demi gelse, han hem onuň dilindedir.
Bir gün geler seň köçäňde toý bolar, ýalkym saçylar,
Özüň ýaly mert ogullaň golundan zynjyr açylar.
Gamgynlykdan çykyp, güler zähmetkeşleň Päkistany,
Faiz, seniň ýürek sözleň bolar dilleriň dessany.
Şahyr dostum, ol gün geler, ol güni hökman görersiň.
Şahyrlara baş bolup, şat muşoiralar[30] gurarsyň.

30 Gazal-goşy aýdyşmak

Şol gün, dostum, şu günleriň bir-bir düşer seň ýadyňa,
Şahyrlaryň şat meýlisin sen parlap açan badyňa,
Garry kezzap, halymsyrap, geler başga sellede,
Seniň göreşiň taryplap, durmaz durar pellede,
Mekir goja maýmyn bolar, pursady utmak üçin,
Kiçi dilinden bäri, ýene allamak üçin,

Häzirki iňlisini, öwýän eziz hanyny,
Ömri baýy sežde edýän dinimi, imanyny,
Hemmesini öňümizde aglamjyrap paş eder.
Onuň ýylan bogazyndan çykýan gyryljyk sesi,
Uýdurar ahmal bolsaň, gözlerňizi ýaş eder.
Çalyşyň, şahyr dostum, duýuň ýylan hilesin,
Duýup, ýene rehm etseňiz, bir gün bela duş eder.
Diňe guýrugny çapmak az temmidir ýylana,
Başyny hem owradyň, hiç galmasyn nyşana.
Dörände haýyn döräpdir ýylan jynsy ynsana.
Nakyl bar: «Köne küýki gabra çenli düzelmez».
Nakyl bar: «Köne duşman gabra çenli dost bolmaz».

*1959 ý.*

## OÝNAMLAR

Kaşmir daglarynda gezer jerenler.
Kaşmir çeşmelerni süzer jerenler.
Kaşmir gözeliniň belli halyny
Gözel taryp edip ýazar görenler.

Halky meşhur eder dünýäde hünär.
Dünýäde meşhurdyr kaşmirli zergär.
Kaşmir gözeliniň gülli şalyny
Söýgülime alyp geldim ýadygär.

Kaşmir daglarynda duman gezmesin.
Kaşmir gunçalarny duşman üzmesin.
Kaşmir gözeliniň öz ykbalyny
Özi çözsün, özge hiç kes çözmesin.

## HINDI GYZY

Gülleriň içinde gara mahmal gül,
Aýry bark urarmyş aý yşygynda.
Güller dünýäsiniň bagşysy bilbil,
Ilki dil açanmyş şonuň gaşynda

Şol gözel rowaýat ýadyma düşdi,
Hindi gyzy, seni gören çagymda,
Gözel görküň şol gül bolup ýetişdi
Şahyr ýüregimiň güller bagynda.

Gülleriň şasyndan görk alan gözel,
Dura bilmez seni gören saýraman.
Yşkdan doly gara gözleň ne gözel!
Gözellik älemniň haly sen jenan!

Hindistanda ýyl aýlanýar ýaz bilen,
Hindi gyzy, ömrüň seniň ýaz bolsun.
Hindistanda ýaşaýarlar saz bilen,
Hindi gyzy, ömrüň seniň saz bolsun.

## GÖZLERIMDE SAKLANSYN

**(Garyp gyza)**

Owadandan owadan gyzlar gördüm dünýäde,
Emma seniň ýüzüň dek nurly ýüzi görmedim.
Owadandan owadan gözler gördüm dünýäde,
Emma seniň gözleriň dek nurly gözi görmedim;
Emma senden hem garyp harly gyzy görmedim.

Ýörişiň messan-messan.
Her bakyşyň bir dessan.
Seni dünýä bagş eden
Gözel ülke Hindistan.
Seniň röwşen gözleriň gözlerime saklansyn.
«Gara saňa aşyk!» diýip, goý çaklansa, çaklansyn.

Garyplyk gaýyp bolýar gara gözüň görende,
Çit köýnekde tawus dek görünýärdiň, garyp gyz,
Şeýle çekdi şekiliň Gara özüň görende,
Durduň çaga laçyn dek gözlerime garap, gyz,
Hindistanyň şemaly zülpleriňi darap, gyz.

Ýörişiň messan-messan.
Her bakyşyň bir dessan.
Seni dünýä bagş eden
Gözel ülke Hindistan.
Seniň röwşen gözleriň gözlerime saklansyn.
«Gara saňa aşyk!» diýip, goý çaklansa, çaklansyn.

# GÖZ BILEN

Hindi gözellerniň iň humar çagy
Näzden dolup dumanlar gara gözlerniň agy.
Inçe uzyn kirpikler kölge salsa gözlere,
Alar akyl-huşuňy, goýmaz seni sözläre.

Humar-humar süzende hindi gyzy gözlerin,
Sözsüz-de düşünersiň onuň ýürek sözlerin.
Hindistanyň, ilinde köp synladym özlerin,
Göz bilen beýan edýär olar söýgi sözlerin.

Bu pikiri toslamady oturyp, özi Gara.
Ol ýerde-de söýgi hakda taryhyň ýüzi gara.
Hindi gyzy aýdyp bilmän söýgüsini söz bilen,
Taryh boýy däp bolupdyr beýan etmek göz bilen.

# GÖZLERIŇ

Hindiniň şahyr gyzy gara gözli Amrita,
Göz süzüp gazal okaňda, gözlerňe batmak hata.
Düşmesem-de okanyňda gazalyňa sözüňden
Söýgi hakda okanyňy ýürek duýdy gözüňden.
Sen maňa oka diýýäň tarypyny gözleriň.
Manysyny duýar bolsaň gözlerimden sözleriň,
Diňle, aýdaýyn aýdymny men söýgüli gözleriň.

# OWADAN

Iki ýüz ýyl mundan ozal Pyragy
Wasp edipdir seniň hindi halyňy.
Dünýämiz dostlukda parlaýan çagy
Gelip gördüm seniň gül jemalyňy.

Hindi gyzy, gül jemalyň owadan.
Owadandan söz ýok dilde owadan.
Şahyr bolsa gerek seni ýaradan
Ýaňaklarňa hal düzüpdir owadan.

Ýaňaklarňa hal düzüpdir owadan.
Hala aşyk zülpleriňi tow eden.
Şahyr bolsa gerek seni ýaradan
Bagt ol şahyryň işin şow eden.

Bagt ol şahyryň işin şow eden.
Zergär şahyr hindi halyň gowy eden.
Bu aýdymyň adyn goýdum owadan
Owadan söz, ýok dilde owadan.

## «ÝYLAN TANSY»

Ýüregimde müň ýigrenç bar ýylana,
Has beter hem ynsan dänse ýylana...
Emma bu gudrata sen näme diýjek?!
– Häzir bakyň, «Ýylan tansy» ediljek –
Diýip, çekilende yglançy oglan,
Sen çykýarsyň göýä süňksüz ýylan.
Ýylanda beýle näz bolarmy, jenan?
Seniň gudratyňa galdym men haýran!
Sen ýylany şeýle gözel görkezdiň.
Şeýle gözel, şeýle gözel görkezdiň.
Oýnuň owsun ýaly özüne çekdi.
Ýylana ýigrenjim ýadymdan çykdy.
Ýylany söýdürýän sen gözel apat,
Seniň sungatyňa bolsun, müň şöhrat!
Taryp üçin aýytmaýan bu sözi,
« Ýylan tansyň» görse, ýylanlaň özi
Ýylanlygny bes ederdi ýylanlar,
Saňa baky sežde ederdi ynsanlar!

## DEGIŞME

— Näzi köp çekmek kyn — diýýersiň maňa,
Dostum, näzli gyzdan nägile bolma.
Alsaň meniň wesiýetim şu saňa:
Näzliniň näzin çek, göwnüňe alma.

Hindistanda Şiwa atly Allanyň,
Dag köşgüne baryp syýahat etdik.
Dagy çapyp köşük ýasan ynsanyň
Gudratyna haýran galyp seretdik.

Bir jaýda dört golly, bir jaýda sekiz,
Bir jaýda ondan köp goly Şiwanyň.
Bir ýanda bürgüt dur, bir ýanda öküz,
Bir ýanda ýylan dur — guly Şiwanyň.

Köşgüň her otagnyň aýry nagyşy,
Şiwanyň şekili dagdan çapylan.
Hindide rowaýat köp ýagşydan ýagşy
Şiwa hakda şeýle rowaýat galan:

Bir gün Şiwa öz köşgünde toý gurýar,
Emma toý şatlygy köpe çekmeýär,
Suwly çeşmäň suwy birden guraýar,
Näçe gazsalar-da damja çykmaýar.

Şonda Şiwa birden galyp aýaga,
Hökm edip, asmanyň erkini alýar.
Bulutlar oýnaşyp, başlýar ýagmaga,
Duranlar bu güýje aňk bolup galýar.

Zülplerini ýaýyp ýagýan ýagyşyň
Tutýar-da üç taryn ýere çekdirýär.
Şiwa, zülplerinden ýagýan ýagyşyň
Hindistanyň, üç derýasyn akdyrýar.

Hindistanly şahyr bu rowaýaty
Güle-güle gürrüň beren çagynda,
Ýazdym men depderme bu rowaýaty
Şiwa atly Allaň geln otagynda.

Şol otagda Şiwaň şekili bardy.
Şiwa bir näzijek gyzyň öňünde
Iki dyza çöküp bir ýalbarýardy.
Alla-da baş egen näziň öňünde.

«Seň meniň söýgülim-, sen meniň Taňrym!»
Diýip Allaň özi sežde edende,
Seň neneň çekmejek, çek, sen, ahyrym,
Geçip bormy ýardan bir näz edende?!

Müň tarly bir sazdyr gyzyň ýüregi,
Ol tarlar näz çalar — näzi-de hoşdur.
Müň baharly ýazdyr gyzyň ýüregi,
Gyzlar näz etmese, bahar-da boşdur.
Güller näz etmese — bilbil nähoşdyr;
Gunçalar näz bilen bilbili joşdyr!

## BEÝITLER

*«Mähribany»*

Bu bir kiçijik nyşan tanadýan Hindistany:
Hindiler «Salam!» deregne, diýýärler: «Mähribany!»

## «Gyzyl çüýje»

Köpdür dünýäde lezzet, naharyny süýji eden,
Emma Hindistana düşseň, geçme «Gyzyl çüýjeden».

## Kör boldum

Bir hindi gyzy aýdan: — Men bir goja ýar boldum.
Aşyň özünden doýman, tussesinden kör boldum.

## Goja

«Şahyr Alladan belent!» diýdi turup bir goja,
Zal wakyrda berende, goja bakdy dilmaja...

## Rikşanyň aýdymy

Uzak gün adam çekip, bir döwüm nan gazandym,
Agşam ysgap ukladym, säher ysgap oýandym...

## Yşkpeçek

Hindi gyzy — yşkpeçek — saçlary seçek-seçek,
Çyrmaşyp guçan çynary hindi ýigdi — mert goçak

## Sari

Çyrmaşyp dek çyrmanda hindi gyzy sarisin,
Näçe ýazsam, ýazabilmen gözelligniň ýarysyn.

## Höwes

Adamdan başga bar zat Hindistanda mukaddes,
Indi adamyň mukaddes boljagna etdim höwes.

# TURŞUJA OT

## Poema

Kelkettede «Beýik bazar» gyzanda,
Bir jemende bolsa älem jahanda
Bu bazarda jem bolupdyr diýersiň.
Hindiniň sanynyň çakdan köplügni,
Müňden bäri sanyň, gury gepdigni
Munda gelip görseň hasam duýarsyň.
Ir ertir, giç agşam — salkyn düşende,
«Bazar seýli» başlap, adam üýşende,
«Beýik bazar» gyzyp, gaýnap joşanda,
Hatda girmän, bakyp dursaň daşynda,
Şonda-da bir bada aýlanýar başyň.
Daşynda dursaň-da alýarlar daşyň
Suw satanlar, rikşalar gygyryp...
Bir gözel gyz has ýürekden çagyryp,
Saklaýardy geçenleri ýolundan.
Göýä onuň şepagatly golundan
Geçenler bir owurt içip geçmese.
Garyp gyzyň habar alyp halyndan,
Gam tutan göwnüni açyp geçmese,
Açylmajak ýaly bazarda bagty,
Nesýä dönjek ýaly bazarda nagty,
Oň elinden bir jam içip geçýärdi,

Onuň gamly göwnün açyp geçýärdi.
Göýä ol sakysy «Beýik bazaryň»,
Göýä ol bagşysy bazarçylaryň,
Aýdymynda bar dek bar derde derman,
Bir garyp geçmeýär ýanynda durman.
Elinde doly jam, oýnap şadyýan,
Saklady saky gyz: «Duruň, aga jan!»
Sözleriniň manysyny aňlaman,
Al şerap satýandyr etdim men güman.
Belki, oň küýzeden guýýany baldyr,
Sözlernem ýuwdýarlar, belki, asaldyr.
Geldi güle-güle, gülüp bakdym men.
Hödürlän jamyny başa çekdim men.
Şerap däl, suw eken gyzyň satýany.
Şirin arzuw eken oňa gatýany...
Dolduryp mis jamy, oýnap şadyýan,
Başlady suwçy gyz ýene-de durman.
Başlady çeşmäniň suwun taryplap,
Başlady bagşy gyz bilbil dek saýrap
Bu demde bir ýigit oňa golaýlap,
Golundaky oty sypalap, ysgap,
Suw içdi-de, suwça uzatdy ogşap.
Suwçy ilki tolgunjyrap, aljyrap,
Sülmüräp başyny saldy aşaga.
Soň ýylgyryp, ýigdiň yzyndan garap,
Meňzediler iki garyp aşyga...

Men bu söwda haýran-haýran garadym,
Oglan gitdi, gyzdan oty soradym.
Suwçyň ýüzi gyzyl gül dek gyzardy.
Gyzaranda güpbe ýadyma düşdi —
«Turşy otuň» täsin taryhy bardy.
Ol söýgi taryhyn edeýin beýan.
Goý, suwça ýadygär bolsun bu dessan.

Ilki dogulanda dünýäde ynsan
Ýa baý bolup, ýa-da garyp dogulman,
Dünýä deň gelýändir — edýärsiň güman,
Emma salym geçmän, edilen güman
Göýä gije düşen ýeňiljek duman,
Daň atyp-atmanka dargaýar durman.
Taryhyň gerdişi — geçen bir zaman,
Topragy döwletli — gözel Hindistan,
Aýyň şöhlesine gark bolup ýatan.
Ýatan Hindistana uçup asmndan,
«Buşluk, gyzyň boldy, buşluk, Hindistan!»
Diýýär-de, dünýäden geçýar bir ýyldyz.
Şol gijede dünýä gelen gözel gyz,
Garyp gahrymanym — gül ýüzli Nergiz
Bolsa-da bezegi çalja köne biz,
Gül bilen bäsleşýär gülli köýneksiz,
Gözel gyza gülüň adyn dakýarlar.
Oňa ýerde dogan aý dek bakýarlar.

Aý-da oňa bakyp gögüň ýüzünden,
Nergizi görmegeý görüp özünden,
Özünden owadan görse kä gyzlaň
Derrew gysganjyrap başlaşy ýaly,
Özünden owadan bolsa kä gyzlaň
Jan ýaly joranam taşlaşy ýaly,
Özünden gözele uzak garaman,
«Ýerde dogan aýy gärmesin asman!»
Diýýär-de, dolanýar bulutdan şala.
Göwni gidýän ýaly gara hyýala,
Gara bulutlara çümýär-de ýitýär.
Garaňky durmuşda gyz boýa ýetýär..
Takdyry gülmeýär gyzyň ýüzüne,
Döwletli topragyň garyp gyzyna:
— Ýaşaýşyň ýoluna özüň çyk — diýýär;
Çöregiňem, kömegiňem ýok diýýär.
Güzerannyň şemi sönen kümeden
Güzeran ýoluna çykýar-da gidýär.
Kümeden däl, göýä naçar eneden
Aýrylyp, gözýaşyn dökýär-de gidýär.
Ýaňja gamyş ganat bolan gögerçin
Uça bilmez güýçli ýeller ösende.
Gonup daşa busar saklanmak üçin,
Ýene uçar ýel owazyn kesende.
Körpe gögerçinim — gözel Nergizim
Bir gonup, bir göçüp barýar ýol aşyp,

Niräk barýar ömri zaýa ýyldyzym?
Bir ýanyp, bir öçüp, barýar ýol aşyp.
Göýä duman tutan daga dyrmaşyp,
Barýar Nergiz depe aşyp, gol aşyp.
Ýolda başga barýanlara birleşip,
Açlar kerweniniň yzyna düşüp,
Barýar umyt bilen uzak ýol aşyp,
Barýanlaryň ugry nirä? Soraşyp
Bilmek hem islemýär, tapawudy ýok,
Hiç ýerde, hiç kesi oň garaşanok.
Öňden çykan ençe garyp obalar,
Nergizi duşundan dymyp geçirýär,
«Gyrmyldan gyr aşar» diýen babalar
Ýirginsiz ýol ahyrynda getirýär,
Ýetirýär Kelkette şäherne ony.
Nergiz indi saýgarmaýar ýoluny.
Başly-barat akyp barýan adamlaň
Arasyna düşüp, akyp barýar ol.
Ugry nirä akyp barýan adamlaň,
Saýgarman, geňirgäp bakyp barýar ol
Özünden on esse agyr adamy
Çekip barýan görgülini görende,
Ädilmejek bolýar öňe ädimi,
Gorkup tupan turýar gyz ýüreginde.
Gorkuly gözleri töwereginde,
«Menden-de bar eken betbagt bende»

Diýip, özi diňläp öz nalasyny,
Boşadyp gözlerniň pyýalasyny,
Barýar çaňly ýola nem saça-saça.
Ynha biri barýar elinde parça,
Ol çişigiň ýüzi meňzeýär burça.
Göýe kişmiş tapan kiçijik serçe,
Bir oglanjyk geçýär eli halwaly.
Göýä çöle çykyp, bagt tapan ýaly,
Bir gyzjagaz geçýär eli selmeli.
Çiňňirik ýüklenen furgonlar weli
Zaryn jygyllaşyp, zordan süýrenýär,
Gäwmişleň eýesem zaryn zeýrenýär.
Halwa-da ýok, selme-de ýok elinde,
Ýaşamak arzuwy ýürek-dilinde,
Gelip düşýär Nergiz «Beýik bazara».
Gelip düşýär Nergiz «Beýik bazara».

Diýseň, «Beýik bazar» — munda ýok zat ýok,
Haýsy zada bakjagyňy bilenok.
Saňa gözel kaşmir şaly gerekmi?
Haýsy reňk gerek? Ýaşylmy, gökmi?
Ýa altyn syrgamy seniň geregiň?
Gulagyňda saýrap, açar ýüregiň.
Ne gözel ýaraşar daksaň goşara,
Altyn bilezikler meňzeş şamara.
Ýaglyklar bar, dürli-dürli gülleri,

Haýsy çeperleriň çeper elleri
Çekipdir nagş edip zerden pilleri?
Jüpje köwüşleň-de iň gözelleri,
Puluň bolsa «Beýik bazarda» bisýar[31].
Aýlanyp gördükçe altyn-zerleri,
Nergiz biçäräniň ýüregi gysýar.
Garyplyk belasy başykdan basýar.
«Bakma!» diýýär. «Ýakma!» diýýär ýüregňi
«Garyp Nergiz, gazan! — diýýär — çöregňi».
«Gazan!» diýmek aňsat, gazanaýmak kyn.
Gazanjyň yzyndan kowup ýetmeli,
Gara nan garyba durmaýar ýakyn.
Garyp — garabagt eýse nätmeli?..
Şu pikirde durka bazarda Nergiz,
Birden öz enesin gören ýaly gyz,
Geçen bir aýalyň yzyna düşýär.
«Ene!», diýip, onuň bilen görüşýär.
Onuň enesine meňzeş ýüzüne
Bakanda ýaş gelýär gyzyň gözüne.
Ol aýal gözýaşyn sylyp Nergiziň
Derdini paýlaşýar biçäre gyzyň:
«Hiç haryt bolmasa, gyzym, eliňde,
Haryt et-de çeşme suwun çekiber.
Teşne garyp köpdür, gyzym, iliňde,
Teşneleri sowuk suwdan ýakyber.

31 Köp=kän

Alsaň, gyzym, suw küýzäni goluňa,
Gollaryňa suwly küýze ýaraşar.
— Güller bitsin suw getiren ýoluňa!
Diýip, teşne gullar saňa garaşar.

Garyba şerbetdir çeşmäniň suwy,
Haýal etme, şerbet getir, Nergizim.
Ýadana kuwwatdyr çeşmäniň suwy,
Haýal etme, kuwwat getir, Nergizim.
Suwça-da bagtdyr çeşmäniň suwy,
Haýal etme, bagt ýetir, Nergizim».

Küýzesi golunda, çeşme ýolunda
Barýar alkyş okap duşan aýala.
Güzeran ýolunda, bagt ýolunda
Barýar göwün berip şirin hyýala.
Şirin çeşmäň şyr-şyr edip akyşy,
Açýar gamly göwnün garyp Nergiziň.
Umyt berýän ýaly çawuş çakyşy,
Guçýar gamly göwnün garyp Nergiziň.
«Kelkettäniň salkyn suwly çeşmesi,
Bahardan başlanar gaýnap joşmasy»
Diýip, aýdym aýdyp girende Nergiz,
Bazarda teşneler eşidýärler tiz.
«Çeşme suwy teşne janyň dermany,

Içmedik teşneler çeker armany.
Bir gananyň ýene geler ganasy,
Kimiň kisesinde çärýek annasy
Bolsa, şerbet suwdan ganmaga ýeter.
Ganmasaň, gaýtadan ýene-de göter.
Durnagöz çeşmäniň şerbeti arzan,
Teşne garyplara bolsun nuşy-jan!..»
Şu aýdym dilinde, küýze elinde,
Suwçy gyz her säher çeşme başynda.
Çeşmeden suw alyp, bazar gelende,
Bazarçylar suwçy gyzyň daşynda.
Gana-gana şirin suwdan içýärler
Hem-de poslan gulaklary açýarlar.
Bazaryň körpeje sergezdanlary,
Nergiziň pulsuzja, şat myhmanlary:
«Hemmämize bir jam besdir, hanym jan,
Biz seni ekläris, ösdür, hanym jan»
Diýip, mugt içişip, bälçireşýärler.
Olar bir-birlerne oňat düşýärler.
Bazarda bakmaýan ýokdy Nergize,
Aýdymyny eşden aşykdy gyza.
Kimler aýdymynyň sözlerne aşyk.
Kimler suwçy gyzyň gözlerne aşyk.
Çeşme suwun şerap ýaly satýar ol,
Şirin owaz bilen şypa gatýar ol.
Dolduran jamyna düşüp suraty,

Içenleri haýran edýär syraty.
Hemme haýran galýar syratly gyza,
Hemme haýran galýar gaýratly gyza.
Suwçy gyzyň döwlet tapan çeşmesi
Bazardan uzakda bir dagdan çykýar.
Uzakda bolsa-da, tapan çeşmesi
Suwçynyň elinden bazarda akýar.
Durnagöz çeşmäni bazara aýlap,
Satýar suwçy Nergiz şerap dek paýlap.

Ynha bir garynlak gelýär golaýlap,
(Belki, ol gelýändir bir ýerden toýlap)
Tas gyzy ýakypdy çilimniň ody.
Garynlak geçende, aýdymyň bady
Azajyk ýatsa-da, ýene batlanyp,
Saýraýardy Nergiz ýene şatlanyp.
Emma birden aýdym tapba kesildi,
Nergiziň ýanyna bir derwüş geldi.
Ertekide adam iýýän döw ýaly,
Nergiziň üstüne abanyp durdy.
Biçäre gyz bürgüt gören guw ýaly,
Gaçjak bolup, küýzesini göterdi.
Derwüş suwçy gyza gaharly garap,
Naýza bilen uzyn sakgalny darap,
Gaýyp boldy bir zat-bir zatlar sarnap...
Yzy bilen elde kartlarny oýnap,

Gözbagçy bir pelit maýmyn dek aýnap,
Gözün gypyp, suwçyň gözlerne bakdy,
Göýä gözel gyzy bir ýylan çakdy.

Çakdy ýylan gyz ýüregni daglady,
Garyp Nergiz gaharyna aglady...
«Aglama, aglama, garyp Nergizim.
Aglama bazarda, mähriban gyzym.
Bazarçy görmesin gözde ýaşyňy,
Göter ýerden, galdyr gyzym başyňy»
Diýip, oň derdini paýlaşyp duran,
Şol, ilki duşanda suw küýze beren,
Enesine meňzeş garyp aýaldy.
Ýene-de şol garyp saýasyn saldy
Gam alan ýüregi dagly Nergize,
Ýalňyz ýetim, bagty bagly Nergize.
«Eziz enem» diýip, boýnun gujaklap
Hoşlaşanda gitdi ikisem aglap...

Günleriň kerweni «Beýik bazardan»
Ýüküni ýazdyryp, geçýär-de gidýär.
Kimleriň kerweni «Beýik bazardan»
Geçse, suwçudan suw içýär-de gidýär.

Emma Nergiz bu bazardan gitmeýär,
Gyňyr täleý oňa rehim etmeýär.

Gündizler şadyýan, oýnap, suw satyp,
Gijelerni Nergiz aglap geçirýär.
Çeşmäniň suwuna gözýaşyn gatyp,
Suw, ýerine teşnelere içirýär.
Onuň gözlerinden akan gözýaşy,
Ýygnasaň, bazardan siller akardy.
Her damjaň ýerine atsaň bir daşy
Gam dagy dörär-de, bulda çykardy,
Uçguna öwrülse onuň gözýaşy,
Asmanam ýer bilen bile ýakardy...
Şeýdip güzerany bazara bagly
Ýaşaýar suwçy gyz, ýüregi dagly.
Şeýdip şo çeşmäniň suwuny çekip,
Suwdan köp bazarda ýaşyny dökup,
Ýaşaýar ol, suw küýzesin gujaklap.
Başga ugur tapsa, küýzesin oklap,
Gitjek-le bazardan bir minut durman
Emma arman... arman... ýene-de arman!...
Şol çeşmeden başga gidere ýer ýok.
Bir şo çeşme entejik guraýanok.
Ýigrense-de, ýene-de suw satmaly,
Gygyryp aýdyma, şowhun etmeli.
Tukatlygy ýuwdup, şadyýan oýnap,
Ýangynly ýüregi çeşme dek gaýnap:
«Hindistanyň salkyn suwly çeşmesi,
Bahardan başlanar gaýnap joşmasy,

Çeşme suwy teşne janyň dermany,
Içmedikler ömür çeker armany...»
Diýip, aýdym aýdyp aýlanýar ýene,
Owazy bilbil dek saýlanýar ýene...

Nergiziň owazyn rikşa Kumar
Eşidip, gaşynda doňan dek durýar,
Gerşindäki aýy ýaly bir adam
Sür diýse-de, sürmeýär ol bir gadam
Ne bir gadam öňe, ne daban yza,
Butnaman bakyp dur Kumar Nergize,
Aýy sypat adam agyr haşylap,
Kumaryň hakynam Nergize taşlap,
Çapgy ýassyk ýeňsesini tüňňerdip,
Uzaklaşýar hüňür-hüňür hüňürdäp.
Kumaryň şol dury Nergize garap,
Nergiz hem nätjegni bilmän sülmüräp,
Kä Kumara garap, kä ýere garap,
Saçlarnyň ujuny barmagna orap,
Iki ýürek bir-birini hüwdüläp
Durkalar, bir maşyn tupan dek güwläp,
Kumary togalap tozana garýar.
Nergiz biçäräň hem ýüregin ýarýar.
Suwlup geçen gara ýylan maşynda
Tumşugy ýokary ak jyns jenap,
Gygyrşsa-da bar duranlar daşynda,

Mademuazelne[32] ýylgyryp garap:
— Aý bir rikşa-la, durasy iş ýok.
Biri öleni bilen gutaraýanok —
Diýýär-de, maşynyň aýnasyn ýapýar,
Maşyndaky loly ganhory öpýär.
Gazaplanan gözler ganhora garap,
Gezelýär ýumruklar howada galgap.
Nergiz durman, derrew suw alyp ylgap,
Galdyrýar Kumaryň ýerden başyny.
Guma garylan gan ýüregni daglap,
Zordan saklaýar ol gözde ýaşyny.
Alsa-da adamlar onuň daşyny,
Hiç kim görünmeýär gyzyň gözüne.
Ot alsa-da görjek däl ol daşyny.
Diňe dyzyndaky ýigdiň ýüzüne
Garaýar Nergiziň gara gözleri.
(Diýersiň dünýäde diňe özleri).
Ömür baky dosty ýaly ezizläp,
Kumaryň ýüzüni ýuwup-tämizläp,
Eneden ýadygär ýaglygy bilen
Kumaryň ýarasyn sarap otyr ol.
Bütin ýürek-kalby — barlygy bilen,
Kumaryň ýüzüne garap otyr ol.
Bütin küýzäň suwun damjama-damja
Oňa derman edip, içirip otyr.

32 Hanym

Suw dere garyşyp, bolsa-da şorja,
Kumar damja-damja geçirip ýatyr,
Kumar ýuwaş-ýuwaş açýar gözüni,
Görýär suwçy gyzyň güler ýüzüni,
Ýaraly başynyň üstünde saýa.
Göýä gündiz dogan ýalkymly aýa
Gözi düşen ýaly, tolgunyp Kumar,
Bokurdagy dolup, ýuwdunyp Kumar:
«Suw ber, mähriban gyz, suw şeýle süýji,
Suw ber, jana-jan gyz, söýgüli suwçy...»
Diýýär-de, küýzäni çekýär başyna.
Soň olar bileje çeşmäň başyna
Ugraýarlar uzaklaşyp bazardan.
Ganat açyp, gaýyp bolup nazardan
Ýaraly laçyndyr sona gögerçin
Söýgi ganatynda suwa, ýetişýär.
Suwçy gyz suw içip, ýaýanda saçyn,
Çeşme-de Kumaryň kalby dek joşýar...

Iki garyp ýürek çeşmede birleşeli,
Çeşmeden ýol ýasan suwçy gözeli
Görmeýär bazaryň suwsan gözleri.
Suwçynyň şekerden şirin sözleri
Eşdilmeýär indi bazarda ýaňlap
Günde garyp gyzyň aýdymny diňläp,
Golundan suw içen gowgaly bazar

Bagşysyn ýitirip, bagşysyz gyzýar...
Has beter hem şol sergezdan çagalar,
Günde mugt suwdan doýýan çagalar
Bazarda täzeden ýetim galýarlar.
Nergizi her sagat ýada salýarlar.
Bazarda gyz sesi çyksa ylgaşyp,
Aldanýarlar... Her gezekde ýalňyşyp...
Emma ganatlanan, ýaraly Kumar
Bazar açylmanka bazarda taýýar.
Adam çekip, arslan ýaly aýlanýar.
Indi onuň toýa garaşýany bar.
Indi ol işleýär öňkä on esse,
Daş çekmelem bolsa, diýýär: «Baş üste!»
Kumar göterende dag ýaly ýüki,
Diýýärler Kumaryň ýüregi iki.
Goşa ýürek Kumar işden armaýar,
Güýjüne güýç goşýar onuň söwer ýar!

Çeşmäniň başynda şadyýan toý bar,
Nergiz zülplerini örüpdir tar-tar.
Dünýäň özün ýasan misilsiz zergär
Suwçy gyza, garyp gyza ýadygär
Bolsun diýip, joşup jomart tebigat,
Dünýäň gözelligni beripdir sowgat
Aşyklara açylypdyr ak güller,
Aşyklara saz çalypdyr bilbiller.

Çeşmäň şirin suwy şeker dek gaýnap,
Ýyldyzlar-da çeşmäň suwunda oýnap,
Aýyň altyn şöhlesi-de saçylyp,
Tä daň ýeri ýagtylýança açylyp,
Bezäpdir tebigat toýy eçilip.
Öz garyby Kumar bilen Nergizi —
Bir rikşa bilen bir suwçy gyzy,
Iki aşyk perzendine Hindistan:
« Tünegiňiz meýdan, tüýnügňiz asman,
Ömür sürüň gujagymda mähriban»
Diýipdir suw, howa, günün gysganman.

«Watan gujagynda berdi mekany,
Açlyk ala bilmez, aşyklar ýaşar.
Tapmasaň ak nany, al gara nany,
Gara nan garyba has arzan düşer.
Gözleme hurmany, gözle banany,
Banan bazarda däl, baglarda bişer.
Meýdan baýlygynyň tükenmez sany,
Dürli-dümen bahar çaglarda bişer.
Baharyň bagbany — aşyk ynsany,
Açlyk ala bilmez, aşyklar ýaşar».

Şu aýdym dilinde, meýdan öýünde
Ýaşaýarlar iki aşyk şadyýan.
Aç-da bolsa, aşyklygyň-toýunda

Gülüşýärler, güldürmese-de döwran.
Gülüşýärler, gülmese-de bet zaman.
Gülüşýärler, bolmasa-da parça nan.
Gün niçik gelse-de, geçip dur durman.
Dagdan agyr günleň geçenin duýman,
Ýaşaýar aşyklar didardan doýman...

Garly gyşy tanamaýar Hindistan,
Hoş howaly toprak-mydam gülüstan.
Ýyl boýy ýaz bilen döwran etmekde,
Gazaply gyş diňe garyp ýürekde,
Gazaba tutanda — tomus doňdurýar.
Doňmadyk ýüregi umyt oňdurýar.
Aşyklaň umytdan ganatlary bar,
Aşyk ýüreklerde hemişe bahar.
Nergiziň dyzyny ýassanyp Kumar,
Ýatyr çöl gülleriniň ysyndan humar.
Daň şapagy gyzyl güllerde ýanýar,
Nergiz ony aýdym bilen oýarýar.
Kumar ýerden kuwwat toplap oýanýar.
«Ýyl dolandy, geldi ýene nowbahar»
Diýip, Nergiz näzli-näzli ýylgyrýar,
Ýaňaklary şapak ýaly gyzarýar.
Badysaba zülplerini oýnaýar,
Çeşme-de şekilni öpüp gaýnaýar.

Suwçyň gözelligni gören nowbahar:
— Dünýäň gözelligi men däl, ýene bar,
Bar gözellik şol gözelde berkarar —
Diýýän ýaly, bahar bakyp guwanýar!.

Neneň guwanmasyn Nergize bahar,
Nergiz zülplerini örende tar-tar,
Her zülpüň ýüzüňde açylýar bahar!
Aşyklara bu gün röwşenli säher
Bagt getirene meňzeýär parlap.
Nergiziň kalbynda bir gozgalaň bar,
Kä bakýar ýalbyrap, kä-de sülmüräp,
Buşlajak bolýar ol, gitmänkä Kumar.
Kumar hoşlaşanda, gözünden ogşap,
«Turşuja ot...» diýip, gül dek gyzarýar.
Kumar, onuň läle ýüzünden ogşap,
Gujaklap, Nergizi göge göterýär.
Gün olaň şatlygyy dünýä ýetirýär...

Hindi gözellerniň gözel däbi bar,
Bu däp aşyklardan galan ýadygär.
Enelik bagtyny duýanda äşgär:
«Göwnüm meniň turşuja ot isleýär... »
Diýip, şatlygyny ýara ýetirýär;
Bu däp aşyklardan galan ýadygär.
Kumaryň ýüregi dünýä sygmaýar,

Turşy ot sargady ondan näzli ýar.
Ol şeýle şadyýan, şeýle bagtyýar,
Aşyk Kumar ganat baglap oýlanýar.
Aýlanýar ol söküp «Beýik bazary».
«Adamlar, saklamaň rikşa Kumary,
Goý, ol ýyldyrym dek çalasyn çapsyn,
Öz söwer ýarynyň sargydyn tapsyn» —
Diýip jar çekýärdi onuň ýüregi.

Gyzyl däl, turşy ot onun geregi,
Ol atla garaşýar — bagtly Kumar.
Dünýäde zürýatdan şirin näme bar!..
Birden bir garaja oglan gygyrýar:
«Turşuja ot alyň, bagtly agalar!»
Kumar oglanjygy sakga saklaýar,
Oglanjyga, ota bakýar hyrydar.
Garaja oglanyň hödürlän maly,
Turşy ot azajyk solagrak ýaly
Görünýär Kumaryň birden gözüne.
Oty almasa-da, körpäň ýüzüne,
Guwanyp, bälçiräp, gülüp geçýär ol,
Göýä öz ogluny görüp geçýär ol...
«Solak ot ýaramaz söýgüli ýara,
Sonar ot tapmaly näzli dildara:
Diýip, aýlanýar ol ýene bazara.

Elinde ot orak, barmagy ýara,
Agajet[33] bir goja duşup Kumara,
Güjeňläp gözüne bir desse oty,
Ker bolara çemeli, gygyrýar gaty.
Goja turşy oty desseläp, sarap,
Azajyk ezipdir elde mynçgalap.
Kumar utansa-da gojany sylap,
Sowulýar gojadan ol hoşamaýlap.
Soňra durýar Kumar bir salym oýlap.
Öňki pikirini ýene gaýtalap:
«Solak ot ýaramaz söýgüli ýara,
Sonar ot tapmaly näzli dildara,
Özgäň eli degse, bolmaz göwne jaý,
Özüm tirsem şonda bolar göwne jaý».
Şu pikirde Kumar çykýar şäherden,
Isläp myradyny täze bahardan,
Çykýar gülüstanly gözel çöllere.
Gülşende saýraşýan şat bilbillere
Öýkünip, goşulyp, sykylyk atýar.
Kumar şo barşyna tokaýa ýetýär.
Ol tokaýy görmäge göz gerek,
Gudrat gözellige tolgunýar ýürek!
Asmana baş çeken bir kümüş derek:
«Kumar, aýt, bizden saňa kim gerek?»
Diýýän ýaly, şabyrdaýar şatlanyp.

33 Garry arryk-hor adam

Gadamlary öz-özünden batlanyp,
Barýar Kumar baglaň görküne garap.
Dürli guşlar dürli dillerde saýrap,
Pudakdan pudaga böküp oýnaýar;
Sapaly tokaýda guşlar ýaýnaýar.
Tokaýyň läligi akja jeren-de
Oýnaýar bökjekläp ony görende.
Tawuslar beslenip suwa geçende,
Tokaýyň totusy söhbet açanda,
Kumar durup, toty bilen gürleşýär.
Göýä toty onuň diline düşýär.
Kumar tota diýýär: «Turşy ot gerek!»
Toty gaýtalaýar: «Turşy ot gerek»,
«Turşuja ot gerek», «Turşy ot gerek».
Toty tekrar edýär ony müň gezek.
Tä totyň gözünden ýitýänçä Kumar,
Toty «Turşuja ot» diýip saýraýar...
Tokaýdan-tokaýa, dereden-derä,
Ahyrda ýetýär ol, batsa-da dere.
Gözellik görmedik görgüli Kumar
Atyrly otlary ysgap ogşaýar
(Şahyr boluşyndan hiç artdyrmaýar)
Al-ýaşyl öwüsýän jülge-lälezar.
Haýsy ot derdime derman diýseň bar,
Turşy ot hem näçe isleseň bisýar[34].

34 Bisýar – köp, kän,

Öz ýaryna, öz eli bilen Kumar
Tirip, turşy otdan bir desse bogýar.
Çemen baglap turşy otuň terinden,
Jähekläp daşyny çöl güllerinden,
Getirýär söýgüli ýaryna Kumar.
Dünýäde söýgüden gözel näme bar,
Dünýäde söýgüden şirin näme bar,
Ol çemende söýgiň nury parlaýar!..

Garpyz ýaly bolýar kokosyň hozy.
Hozuň bal suwundan ýakyp Nergizi,
Söýgüli ýaryny begendirýär ol.
«Söýgüli soltanym, bezen!» diýýär ol
«Bezen, gitmeli biz bu gün seýrana,
Kelkettäni galdyrmaly haýrana».
Ömür täjir çeken rikşa Kumar,
Eýse bu gün täjir-päjir çekmeýär.
Garyp Kumar bu gün çäksiz bagtyýar,
Täjidary üçin araba taýýar.
Ýok, ýok, araba däl, kejebe taýýar,
Ol kejebä münjek aýry hökümdar.
«Nergiz jan, basym bol, eglenme, şaýlan,
Söýgüli soltanym bezen, zybalan!»
Şaýlanara altyn, kümüş şaý nirde?
Nätsin, garyp Nergiz galdy bir derde
Bir solak sariden başga zady ýok,

Hanymlary güldüresim gelenok.
Çölden gelen çöl güllerden täç bükýär,
Saçlaryny darap, omzuna dökýer,

Mestana-mestana araba çykýar,
Kumar haýran bolup, Nergize bakýar.
Aabada aý däl, gün dogan ýaly,
Ýalkym saçýar ýara ýarň jemaly!..

Kumar humar bolup, sürýär seýrana,
Bütin şäher bakyp, galýar haýrana,
Arabada gülýär Kumaryň bagty.
Daň atyp, gün dogup, saçan-da ýagty.
Gün hem garyp aşyklary gutlaýar,
Gün hem görýär — gelniň elinde ot bar.
Nergiz täze dogan güne seredip,
Rikşa Kumara suwçy näz edip,
Çeýnäp turşy otuň näzik baldagny,
Ýar getiren otuň şirin-baldygny
Säher çagy aýdym bilen aýydýar,
Aýdym bilen olar çeşmä gaýydýar.
Nergiziň şadyýan aýdymnyň sesi
Saklaýar ýolundan eşden her kesi.
Aňk bolşup galýar jenap agalar.
Emma ony eşidende çagalar,

Şol ýetim, sergezdan — eziz çagalar.
«Doganmyzyň sesi!» diýip ylgaýar.
Gapyşyp, şeýle bir hezillik bolýar,
Enesine meňzeş aýal hem gelýär,
Nergiz ol garybam ýanyna alýar.
Dostlaryň hemmesin göterýar Kumar.
Hemmesi-de aýdym bile aýydýar...
Aýdym bilen olar çeşmä gaýydýar

Çeşmäniň başynda Nergiz hem Kumar
Ýaşapdyr bir zaman garyp aşyklar
Aşyklar ülkesi - gözel Hindistan.
Kabul et, ýadygär bolsun bu dessan.

*Kelkette — Aşgabat*

*1956—1959 ý*

# ADAM WE DÜNÝÄ



## ADAM WE TOPRAK

Bar eneler garraýarlar dünýäde,
Diňe sen garraňok, ene topragym.
Sen ebedi juwan goja dünýäde,
Seni soldurmaýar sene, topragym,
Al-ýaşyl geýinen, sona topragym.

Gyş gelende agarsaň-da azajyk,
Ýaz gelende juwan ýene, topragym,
Ýaşa sen, ýaz ýaly ýüregi açyk,
Ýaz ýaly mähriban, ene topragym.
Al-ýaşyl geýinen, sona topragym.

Bu dünýäden ötüp gitýän eneler,
Saňa goýup gitýär öz balalaryn.
Öz göwsüňden ak süýt berip, ene ýer,
Sen etmeli hemmäň tagallalaryn,
Saňa goýup gitýär öz balalaryn.

Seň göwsüňde diriligiň çeşmesin.
Seň goýnuňda dünýäň zowky-sapasy.
Seň goýnuňda sekiz jennet sapasy.
Çäksiz sende ene mähriň joşmasy.
Çäksiz saňa balalaryň wepasy.

Wepaly balalaň iň wepalysy,
Neslimiň adyndan seni gujaklap,
Enesiz galmasyn ynsan balasy!
Diýip, ene toprak gözüňden ogşap,
Saklarys biz seni howpdan gorap.

Bar eneler garraýarlar dünýäde,
Diňe sen garraňok, ene topragym.
Sen ebedi juwan goja dünýäde,
Seni soldurmaýar sene, topragym,
Al-ýaşyl geýinen, sona topragym.

## ADAM WE DÜNÝÄ

Bir gün gazet okamasam galak men,
Habarym ýok dünýämiň habaryndan.
Men habar tutmaly her gün säherden,
Dünýädäki adamlaryň baryndan.

«Dünýä bir göwredir, adamzat bir jan!»
Diýip aýtsam-da meger ýalňyşman.
Men parahat bolsam, dünýä parahat.
Men biparahat bolsam, dünýä birahat,
Dünýäň ol ujuwnda otly tupanda
Wiýetnamly bir çagajyk aglanda,
Göýä meniň Akmyradym o tamda
Aglaýan ýaly oýanýaryn ukudan,
Adamzadam oýadýaryn ukudan,
Adamzady oýadýansoň ukudan,
«Habar tutuň!» diýýän aglýan çagadan,
Aglap ýüregimi daglýan çagadan.
Şol çaga diňýänçä, adamzat diňmez.
Adamzat diňýänçä, diňmez ýüregim.
Adamzat gorany hiç bir güýç ýeňmez.
Şol çagaň ýeňmegi meniň geregim,
Şol çagaň diňmegi meniň geregim.
Şol çaga diňmese, dinmez ýüregim.

Bir gün gazet okamasam galak men,
Habarym ýok dünýämiň habaryndan.
Men habar tutmaly her gün säherden,
Dünýädäki adamlaryň baryndan.

## ADAM WE BAGT

Dünýämiziň durky hem ýaraşygy,
Dünýäde iň beýik sungat aşygy
Moskwada, märekäniň öňünde,
Meşhur sungat ussatlarnyň deňinde,
Ençe gezek aýdym aýtdy Altyjyk,

Gurultaýyň köşgünde
Güwleýän el çarpyşyk
Altyjygyň yşgynda
Köşgi ýarjak bolýardy
Altyjyk bagtyýardy!
Ertesi Altyn ady
Gazetleň ganatynda,
Hemme halkyň hatynda
Bütin dünýä ýaýrady.
Altyjyk bagtyýardy!
Şeýle ýaşlyk Şükür bagşa nesip eden bolsady
Men ynanýan, körpejekä dünýä bolardy aýan.

Dünýäde hiç bilinmän,
Dünýäde hiç eşdilmän,
Dünýäde hiç tanalman,
Näçe talantly ynsan
Körpelikde ýok bolan,

Jahyllykda ýok bolan,
Gojalyada ýok bolan,
Kimmişin ony bilýän?
Soraga jogap bermän
Dymýarsyň, köne zaman?!
Emma Alty dymmaýar,
Alty aýdym aýdýar,
Altyjyk şat bagtyýar!
Altynyň şat Watany,
Altynyň şat zamany,
Altynyň şat döwri bar!

## ADAM WE NAMYS

Seni lälik saklady, eneň boýna mündürip,
Seni lälik saklady, ataň boýna mündürip.
Oglanlykdan ak süýt berip ulaldyp.
Seni lälik saklady, Watan boýna mündürip.

Düş sen eneň boýnundan, eneň dynjyny alsyn!
Düş sen eneň boýnundan, ataň dynjyny alsyn!
Lälikligiň çaky bar, sakgalyňdan utan sen –
Düş sen eneň boýnundan, Watan dynjyny alsyn!

# ADAM WE ALADA

Güýz ýapragy kimin saralyp-solup,
Ol örän köp ýatdy Keselbent bolup.
Sen ony ölýänçä bir soramadyň,
Oň bolsa hemişe dilinde adyň.
Hemmelerden artyk saňa garaşdy,
Kim barsa ýanyna seni soraşdy.
Bir gün däl, bir ýyl däl, uzak garaşdy....
Emma sen bäş minut wagt tapmadyň
Soramaga eziz dostuň halyny.
«Öljek...» diýseler-de, sen tiz gopmadyň
Soramaga görgüliň ahwalyny.
Her gezekde diýdiň: «Iş köp, wagtym ýok...»
Ol görgüli üýtgäniňi bilenok.
« Hiç kim bu dünýäde işsiz gezenok»
Diýip ýatdy pakyr, senden habar ýok;
«Hiç kim bu dünýäge iki gelenok»
Diýip ötdi pakyr, ýoluňa garap...
Ölenden soň onuň öýüni sorap
Gelmek nämä gerek ýalandan aglap.
Sen indi otur-da, bir aýla seriň,
Ol hakda gazete ýazan sözleriň
Entek ol ölmänkä aýdan bolsadyň,
Halyny bir sorap gaýdan bolsadyň,
Belki, ol ölmezdi, ýaşardy, belki,
Adamyň gadryny bilmeli ilki...

## ADAM WE ADAMÇYLYK

«Aýby ýok aýrylsaň uly gullukdan,
Aýrylma kiçijik adamçylykdan».
Bu iki setiri täze göçürdim
Depdere edilen köne bellikden.

Şat meýlise şat ýigitler üýşende,
Şat boldum men, şat meýlisde şu tostdan,
Geçiň, dost başyna tupan düşende
Gam paýlaşmak üçin gelmedik dostdan!

## ADAM WE AJAL

Gara deňziň kenarynda on günläp
Onuň tolkunlarnyň owazyn diňläp,
Dynç alyp ýatyryn hiç bir iş etmän,
Hatda gazet, žurnallara seretmän,
Habarlaram radiodan eşidýän,
Onam eşidemok on minutdan kän.
Günde bäş wagtyna garnym otaryp,
Güpüläp ýatmakdan başga kärim ýok.
Iň bolmanda bäş minutjyk oturyp.
Bir gazaljyk düzmäge-de tärim ýok.

Elim işden çykyp, kelläm pikirden,
Ýatyryn açylyp bilmän ukudan.
Ahyrda hiç zada galman mejalym,
Işsizlik gözüme göýä ajalym
Bolup görnüberdi, turdum howp alyp.
Işsiz ýatmak bilen arany ýolup,
Işe başladym men, galammy alyp.
Şu boldy ilkinji ýazan sözlerim:
« Bikar işsizlik hem birhili ölüm...»
Şu boldy ilkinji ýazan sözlerim:
«Dirikä öleni görmesin gözüm..»

## ADAM WE DIRILIK

Oglunyň başyna geljek belany
Enesi duýarmyş diýýärler ilki.
Öz şahyr ogluny aljak belany
Seň ene topragyň duýandyr, belki,
Daşkendiň ýüregi titredi ilki.

Diýýärler: «Beýilik sadalykdadyr»,
Şol sadalyk üçin söýýärdik seni.

Diýýärler: «Ynsanlyk sadalykdadyr»,
Şol ynsanlyk üçin söýýärdik seni.
Şol sadalyk üçin söýýärdik seni.

Ynsansöýer şahyr Gapur Gulamy
Ynsanýetden ala bilmez hiç ölüm,
Dünýäsöýer şahyr Gapur Gulamy
Dünýämizden ala bilmez hiç ölüm.

Nowaýyny halkyň saklaýşy ýaly.
Seni hem ýürekde saklar illeriň.
Baky aýdymy bor ýaş nesilleriň
Goşgular bagynda eken gülleriň.
Seni hem ýürekde saklar illeriň.

Oglunyň başyna geljek belany
Enesi duýarmyş diýýärler ilki.
Öz şahyr ogluny aljak belany
Seň ene topragyň duýandyr, belki,
Daşkendiň ýüregi titredi ilki.

## ADAM WE BAHAR

Bir ýaş çopan söýgülsine aýdýar:
«Çöle äkitmäge ýürek dözmeýär».
«Men barsam çölüň-de bolar lälezar»
Diýip, gyzyň gözi ýigde garaýar.
Ýar nirede bolsa, şol ýerde bahar!

## ADAM WE ÖMÜR

Ýüz ýylda bir gezek açylýan gül bar,
« Ýüz ýyllyk » diýýärler oňa bagbanlar.
Şol gülüň bir gezek açylşyna zar,
Ýetirýär ömrüni soňa bagbanlar.
Şol gülüň, iň bolman, birini äşgär
Görüp gitse bolmaýarmy ynsanlar?

## ADAM WE ÝÜREK

Bu dünýä gelenleň bary ölmeli,
Gynansak-da oňa garşy çäre ýok.
Ýöne adam ýürek ýaly bolmaly,
Ýürek hiç wagt ölüm bardyr öýdenok.
Çyn ýürekden çykan söz-de ölenok.
Çyn ýürekden çykan saz-da ölenok.

Ýürekden çykmasa söz-de bolanok.
Ýürekden çykmasa saz-da bolanok.
Ebedi ýaşamak ýürege bagly.
«Ata, neneň?» diýip sorasa ogly,
Ýüz ýaşlam aýdýar: «Göwnüm ýaş meniň».
«Göwnüm» diýýäni-de ýürek türkmeniň.
Bu dünýä gelenleň bary ölmeli,
Gynansak-da oňa garşy çäre ýok.
Ýöne adam ýürek ýaly bolmaly,
Ýürek hiç wagt ölüm bardyr öýdenok.

## ADAM WE AR

«Lezzetli günde-de bile bolaly,
Ezýetli günde-de bile bolaly»
Diýip ýazypsyň sen öz wepadarym.
Lezzetli günde biz bile bolsak-da,
Ezýetli günde biz bile bolmaly,
Ezýeti çekeýin sensiz dildarym.
Dünýäniň azabyn çekmeklik, ýarym.
Goý, meniň paýyma ýazylan bolsun.
Dünýäniň azabyn çeken ýüregim
Seniň ýüregiňde dynjyny alsyn.

# ADAM WE MERTLIK

### *Dostum Daňatara*

Elmydam ol ýigdiň bary ortada
Onuň duzy, çöregi-de ortada.
Onuň ynsan ýüregi-de ortada.
«Şu gün mydar bolsa, bolar erte-de.
Diýip, orta atardy ol baryny,
Eşitmedik onuň ahy-zaryny,
Hemişe hoşaldy öz döwranyndan,
Döwran hem hoşaldy – hoşaldy ondan
Bir güni geçmezdi bir sogap etmän.
Hiç kes gaýtmazdy dilegi bitmän
Onuň gapysyndan ölenne çenli,
Ol ölende müňläp eli çemenli
Gelen aýal-erkekleriň içinde
Bir sebet gül alyp geldi bir bende.
Onuň ölenini bende eşdende,
«Bir görüp gaýdaýyn oň didaryny!»
Diýipdir-de, gülleriniň baryny
Tirip getiripdir oň mazaryna.
«Köçämizde uly-kiçiň baryna
Özi kör bolsa-da, kömek ederdi.
Maňa bermeli eken Alla bu berdi...»
Diýip aglaýardy ol gelen bende,

Yzyny ýazmaga kuwwat ýok mende,
Şeýle gitdi dost dünýäden gidende...

## ADAM WE ADAMLYK

Bilmedim men ol ýigidiň näme
gullugy bardy.
Onuň daşky gapysynda uly çyra
ýanardy.
Bir gün söndi ýigidiň
gapydaky çyrasy,
Haý diýmänem habar çykdy
şonuň soňysyrasy:
«Başga işe geçirlipdir,
öňküsinden aýrylyp,
Şonuň üçin öçürlipdir,
çyrasy-da buýrulyp...
Mesele çyrada däl, goý,
ýanmasa-ýanmasyn,
Ýüregindäki çyrag ýansa bolar ynsana.
Köç-ä beýlede dursun,
howluda-da ýanmasyn.
Saglyk bolsa asmandaky aý
çyradyr ynsana.
Mesele çyrada däl, mesele adamlykda.

Eýse, öňki adam dälmi ýigit başga
gullukda?
Meniň bu sowalyma hiç kim jogap
bermesin,
Hiç kimiň adyna men ýazamok bu
sowaly.
Ýöne meniň, bu sözümem hiç kim gaty
görmesin:
Çyra hemme gapyda deňje ýanmaly ýaly?..

## ADAM WE DÖWÜR

Ýadymda, birwagt — uruş ýyllary
Köpelende dünýäň naçar dullary.
Urşa gitmän, yzda galan «mugallym»,
Bir okadýan gyzyn «halan» «mugallym»,
Öýde maşgalasyn dagadan güni
«Maşgala hem Döwdet» hakda lektsiýany
Lakgyldap başlapdyr klasa gelip,
Diňläp oturanlar dargapdyr gülüp.
«Mollaň diýenin et, edenni etme»,
Diýip, döwrümizde ýaşaryn öýtme.

# ADAM WE ZÜRÝAT

Zürýadynyň erbetligni isleýän
Ene-ata barmyka bu dünýäde?
Eger bar bolaýsa ony isleýän,
Ene-ata däldir olar dünýäde.
Emma nädersiň sen käte dünýäde
Iň bir oňat ene-atan zürýady
Bolanok olaryň göwnüniň şady.
Tersine, atlarna ysnat getirýär,
Her gün dürli-dürli dawa ýetirýär
Besläp bakan ezizleriň başyna.
Ene-ata eden ýalňyşlaryna
Düşünjek bolýarlar şo kelle döwüp…
Ilki gezek mugallymyda sögüp
Gelende goýbermän suwuna degip,
Gaýta läliklerniň arkasyn alyp,
Mekdebe bardylar öňlerne salyp.
Boljagy bolupdy ine şo günde,
Indi eňräp otyr olar her günde!
Diýip, ýaňy gutaramda goşgyny,
Biziň ulujamyz depip ganyny,
Girdi-de, habarsyz geçdi haşylap,
Bäşlik alan bolsa aýdardy buşlap,
Diýmek, bir zat bardyr? Bir zat bolandyr?
Ýa bu gün okuwdan birlik alandyr?

Ýa-da ýolda ony biri çalandyr?
Ýa-da ol birini ýolda çalandyr?
Garaz nätjek, mende müň sowal döräp,
Birine-de belli tapmadym jogap.

## ADAM WE ÝADYGÄRLIK

Körpelere saýa gerekdir hökman,
Saýasyz ýaşasa bimydar bolar.
Dünýä gelen adam bir agaç ekmän
Gitse, dünýämize bergidar bolar.
Dünýäden gitmesin hiç kim bergidar,
Iň bolman bir agaç eksin ýadygär,
Kimde-kim bir agaç ekse ýadygär
Dünýäň kitabynda onuň ady bar.

## ADAM WE HÄSIÝET

Köp zady başgadan öwrendi ynsan,
Ýüzmegi balykdan, uçmagy guşdan.
Näzikligi gülden, berkligi daşdan,
Ýalkamagy ýazdan, gargyşy gyşdan.

Sen dünýäde bar öwrenen zadyňy
Gülden öwrenipsiň — ýazyň gyzy sen.
Bilip dakypdyrlar, Gülüm, adyňy.
Gülälek ýaňaklym, ýazyň özi sen.

## ADAM WE DIL

Ençe dil bolsa-da dünýäde äşgär,
Söýginiň sözlügi bir bolar, janam.
Maňa gürji dilin bilmek ne derkar
Saňa diýmek üçin: »Sen meniň, janym«.

Söýgi bolan ýerde söz nämä gerek?
Goý, sözsüz sözleşsin biziň ýürekler.
Gül üste gonupdyr goşa kebelek,
Sözsüz söýüşmeýärmi ol kebelekler?

## ADAM WE ARZUW

Bu dünýäden geçen akyldarlaryň
Hemmesi bir zady arzuw edipdir.
Göýa bir adam dek bary olaryň:
— Ynsan köp ýaşasa? — diýip gidipdir

Baky bagtly ýaşar adamzat nesli,
Hiç kim nahak uruş odun ýakmasa.
Adamlaň-da ömri uzar ep-esli
Hiç kim nahak ýere göwün ýykmasa.

## ADAM WE WEPADARLYK

Arça ýaly ar-namyssyz bolsadym,
Saç-da agarmazdy, ýüz-de solmazdy.
Her gülenje göze aşyk bolsadym,
Gözlerim ömürlik gözde galmzdy.

Men yşkymda bir wepasyz bolsadym,
Kalbym diňe seniň sazyň çalmazdy.
Her gülen gunçany gülüp ýolsadym.
Bir läle kalbymda baky galmazdy.

Meniň başga hiç bir ataş ýakmady,
Hijranyň oduna ýanyp agardym.
Meni başga hiç bir saky ýakmady,
Hijranyň meýinden ganyp agardym.

«Agarypdyr aşyk Garanyň saçy»,
Diýip gamlanmasyn lälämiň ýüzi.
Ýene-de garalar Garanyň saçy,
Bir gülüp garasa lälämiň özi.

## ADAM WE GÖWRE

Bir ullakan dostum maňa elmydam:
«Bir ullakan kitap ýazaňok» diýýär:
Şol ullakan dostum maňa elmydam:
«Aýdymjykdan eliň uzeňok» diýýär.

«Gep göwrede däl-le!» diýäýjek weli.
Ketde dostum çeker öýdýän özüne.
Uýmaly söz bolsa, uýaýjak weli,
Uýasy hem güldi onuň sözüne...

## ADAM WE ÝAGŞY NIÝET

Awçy dostum, atma ýaşylbaşlary,
Açgöz bolmak adamzada ýaraşmaz.
Matama batyrma saýrak guşlary,
Ölüm düşse, saýrak guşlar saýraşmaz.

Belki, seň atjagyň eziz enedir,
Çagalary garaşýandyr çöllerde.
Enä zulum etmek külli günädir,
Goý, gelin ýaşylbaş ýüzsün köllerde.

Awçy dostum, atma ýaşylbaşlary,
Gan düşmesin mawy kölüň gözüne.
Ganatly döräpdir dünýäň guşlary
Uçup seýl etmäge dünýäň ýüzüne.

Ganatly döräniň gyrma ganatyn,
Ýaşabilmez guş ganatdan aýrylsa.
Bilýär olar adamzadyň gudratyn,
Ýaşabilmez adamzatdan aýrylsa.

Awçy, dostum, taşla elden goşany,
Tomaşa et balyjaklaň, oýnuna.
Ýagşy niýet – ýaşylbaşlaň ýaşany,
Ýaman niýet – nadanlaryň boýnuna.

Ürküzme wepaly eziz guşlary,
Seni dosty saýýar, gitmän daşyndan.
Awçy dostum, atma ýaşylbaşlary,
Atsaň-da gör, aýlanyp dur başyňdan.

# ADAM WE ADAMYŇ BORJY

Olaryň toýunda hemmämiz bardyk.
Hemmämiz el çarpyp şat gutlaýardyk,
Ol toýda hemmämiz kän şerap içdik.
Gözel tostlar aýdyp, gezegne joşduk.

Hatda käbirimiz goşgy hem goşduk
Ol iki juwanyň päk söýgüsine.
Özlerem geň galdy öz öwgüsine.

Soňra biz nätdik?
Dargadyk gitdik.
Ne myhman çagyrdyk,
Ne myhman gitdik.
Ne- de habar tutduk
Olaryň ýaşaýşyndan.

Ol juwanlar geçirmändir başyndan
Durmuşyň iň sada çetinligini.
Durmuşyň iň sada çetinligini.
Olar çişiripdir hyýallarynda.
Hiç zadyň üstünde aralarynda
Kiçijik dawalar çykyp başlanda.

Hiç biri olaryň giňlik etmändir.

Gyz gyşyk gürrüňi orta taşlanda
Oglan hem jogabyn bermän ýatmandyr.
Artypdyr gün-günden öýkäniň sany,
Gyzypdyr gün-günden juwanlaň gany.
Hiç zadyň üstünde ýüzün sowuşyp,
Hiç zadyň üstünde çäýnek döwüşip,
Ýykypdyrlar bir-birlerniň göwnüni,
Ýakypdyrlar bir-birlerniň ýüregni.
Ynsanyň ýüregi näzik aýnadan,
Her çäýnek döwlende bir çat açypdyr,
Günleriň birinde açyk aýnadan,
Ol öýdäki bagt guşy uçupdyr...

Arman, şonda açyk duran aýnadan
Gidip barýan bagty birimiz saklap,
Ýaşlara ýene-de tabşyran bolsak,
Söýgüli ýürekleň döwgün seýikläp,
Mäkäm bir-birine gowşuran bolsak.
Onda olar gelmezdiler bu ýere.
Bu ýer nire?
Bu ýer – sud.
Galan pursat bäş minut.
Häzir sorag başlanjak,
Iki aşyk ýürekden.
Häzir ykbal çöşlenjek.
Ine, şo sebäpden men

Aklawçydan öň,
Garalawçydan öň,
Ilki özümizden,
Soňra hem sizden
Soraşmak isleýän rugsat berseňiz,
Nirde bolduk biz?
Biziň hemmämiz
Şol toýda bardyk.
Soň näme üçin söýgini goramadyk?
Söýgini goramaly, söýgüsiz öý betbagt.
Hiç kim şuny ýadyndan çykarmasyn hiç wagt!

## ADAM WE GUWANÇ

Ozal men aýdardym soraşanlara:
Gäwersiň çölünde jerenler gezer.
Indi men aýdýan soraşanlara:
Gäwersiň kölüne marallar geler.

Awçylaň arzuwy akja jerenler,
Öýkelemäň şahyryň bu sözünden.
Maňa bagtyň derýasyny berenler,
Size-de suw berdi derýaň özünden.

Agşam aýyň yşygynda oýnaklap,
Akja depelerden inseňiz ýaka.
Sizi ürküzmejek bolup bukdaklap,
Biz giden bolýarys kenarda uka.

Durnaň gözi ýaly dury kölümiň
Dury suwun durlaňyzda näz bilen,
Dünýäň özi ýaly derýa göwnümiň
Dury tolkunlary joşýar saz bilen.

Aýna köl başynda aý yşygynda
Siziň apat gözlerňizi görenler,
Ömürbaky gezer görmek yşgynda
Siziň apat näzlerňizi, jerenler.

Çöl baharsyz bolar jeren bolmasa,
Çölleriň gözeli, lälik jerenim.
Köl baharsyz bolar, maral gelmese,
Gel, kölde gezeli, lälik maralym.

Gel, arzuw besläli aý yşygynda,
Üç myradym üç maraly getirsin.
Biziň bilen aýna kölüň başynda
Marallarnyň zülpün oýnap otursyn.

Ozal men aýdardym soraşanlara:
Gäwersiň çölünde jerenler gezer.
Indi men aýdýan soraşanlara:
Bagtyň derýasyny guranlar gezer.

## ADAM WE ADAM ÜÇIN GÖREŞ

Käwagt dost sözi ajy bolsa-da,
Ajy derman ýaly jana şypadyr.
Adam üçin göreş agyr gelse-de,
Şol agyr wezipäň ady wepadyr.

Belki, onuň bir derdi bar ýürekde,
Serhoş görüp, gülme oňa uzakdan.
Päk ýürekli ýoldaş durmaz uzakda,
Bir habar tut sen ondaky ýürekden.

Serhoş diýip geçme onuň duşundan,
Wepaly dost bolsaň, soraş halyny,
Aýpdyr dagap gitmek onuň daşyndan,
Şemal hasap etme dost ykbalyny.

Serhoş bolup, geçme onuň duşundan,
Onuň däli däldigini bilýärsiň.
Ol masgara bolsa iliň içinde,
Öz dostuňa sen näm üçin gülýärsiň?

Ol ýigit uruşda oduň içinden
Ýaraly ýoldaşyn alyp çykypdyr.
Dost bolarmy ýaman günde gaçandan,
Gaçma-da, ýardam et, saňa bakyp dur.

Käwagt dost sözi ajy bolsa-da,
Ajy derman ýaly jana şypadyr.
Adam üçin göreş agyr gelse-de,
Şol agyr wezipäň ady wepadyr.

## ADAM WE DUÝGY

«Gijäňiz parahat bolsun!» diýdiňiz,
Parahat gijesi bolmaz şahyryň.
Meniň porhan ýüregimi duýduňyz,
Duýmasaňyz, göwni gülmez şahyryň.

«Gijäňiz parahat bolsun!» diýeňde,
Gizlejek bolduň sen öz tolgunşyňy.
Gizlenen duýgyny birden duýaňda,
Görsediň sen bu ýüregiň bolşuny.

Men ýatmadym seniň yşkyňda joşup,
Seniň hyýalyňda daňym atyrdym.
Seň-de daň atynça ot alyp bişip,
Çeken ahlaryňy diňläp otyrdym.

Ikimiziň ýüregmiziň odundan
Agşam ýyldyrymlar çakdy asmanda.
Hiç wagt bu gije çykmaz ýadyndan,
Näçe ömür sürse şahyr jahanda.

## ADAM WE DÖWÜM NAN

Sen körpeje bolsaň-da, körpejämiz, Akmyrat,
Dyzjagazňa çökdejik, çöple ýerden çöregi!
Men görýän, sen göreňok, bir bak, körpeje bezzat,
Sen çöregi owradaňda nädýär eneň ýüregi!

Haýyş edýän, ýalbarýan, ýalbaramok, ýazgarýan,
Owradyp taşlama sen bugdaýyň ak nanyny.
Körpeje bolsaňda sen, senden-de gaty görýän,
Har bolar har edenler bugdaýyň ak nanyny.

Ozaldan ynsan üçin bir döwüm nandan belent,
Bir döwüm nandan mukaddes seždegär ýok dünýäde.
Nana — jan, nana — wyždan diýseň-de bolmaz galat,
Bir döwüm nandan mukaddes medetkär ýok dünýäde.

Körpejäm, bu sözlere ulalaňsoň düşersiň,
Şonda sen läliksiräp, nany ýere saçmarsyň.
Nany birsarpa tutsalar, meniň ýaly bişersiň,
Bir döwüm nan ýatan bolsa, sen galdyrman geçmersiň!

Bir döwüm nan! Bir döwüm nan! Bu sözüň maňzyna men
Bir döwüm nana zarlara duşanymda düşündim.
Päkistanly aç çagalar şindem gitmýär gözümden,
»Bir döwüm nan, aga jan!« Diýen sesden üýşendim.

Şol açlary göremde, bir döwüm nan gözüme
Dünýäň dirilik çyragy Günden-de zor göründi.
Şol aç gözler şindi hem bakyp durlar ýüzüme,
Şol gözlerde giň dünýä mazardan dar göründi.

Oglum, owradyp dökme, taşlama sen ak nany,
Hormatla, ýalkymly Günüň ýalkymyndan päk nany,
Hormatla, halkyň derinden dörän önen hak nany,
Hormatla, dünýäde barja däne ekýän ynsany.

»Ýere urdum paltany, agzy gyzyl haltany,
Ýerden bir oglan çykdy, uly iliň soltany«.
Bar illeriň soltanydyr ak bugdaýyň ak nany,
Bu soltana beýik hormat — ynsanyýetiň permany.

Ak çörek, gara çörek, mele çörek çörekdir.
Hemmesi deň mukaddes, hemmesi deň gerekdir.
Hemmesine deň hormat, deň hem sarpa gerekdir,
Şu sarpany tutmadygyň ýüregi bet ýürekdir.

Söwer oglum, Akmyrat, seniň ýüregiň päkdir,
Sen hiç wagt çöregiň owuntygnam dökmersiň.
Biziň beýik döwlete çörek gaýgysy ýokdyr,
Şonda-da sen hiç mahal nana kemter bakmarsyň.

Bir döwüm nan! Bir döwüm nan! Bu sözüň mañzyna men
Bir döwüm nana zarlara duşanymda düşündim.
Päkistanly aç çagalar şindem gitmýär gözümden,
Olaryň ýürek odundan hem ot alyp ýandym.

Ozaldan ynsan üçin bir döwüm nandan belent,
Bir döwüm nandan mukaddes seždegär ýok dünýäde.
Nana — jan, nana — wyždan diýseň-de bolmaz galat,
Bir döwüm nandan mukaddes medetkär ýok dünýäde.

## ADAM WE WYSAL

Aşyklaryň pasly — bahar gelende,
Bahar güllerini ýygar, Aýperi.
Aý asmana galyp howalananda,
Meniň aýym bolup dogar,
Aýperi.

Aýyň alkymynda aýymy toplap,
Aýdymny aýdamda aýdymdan saýlap,
Bir gulaç saçlarny boýnuma aýlap,
Müň dürli näz bilen bogar,
Aýperi.

Diýmejekdim, ýene diýdimözüme:
«Men seni bermenem dünýäň
ýazyna.
Alla-da yşk etse ynsan gyzyna.
Sen diýip aglardy, meger,
Aýperi.»

Eşit indi eşdilmedik dessany,
Iki bolar iki gözüň gurbany,
Biri adam awlar, biri Allany,
Apatdyr gözleriň söwer,
Aýperi.

# ADAM WE HIJRAN

Öýme ýaglyk bilen orap başyňy,
Wadaly wagtda çykdyň, Aýperi.
Ürkek maral ýaly garap daşyňy
Şahyryň ýüregni ýakdyň, Aýperi.

Ak maralym düşünmedim näziňe,
Gorka-gorka bakyşlaryň näzmidi?
Bu sowaly özüň berseň özüňe,
Öňki-öňki ýakyşlaryň azmydy?

Bagtly gijede görlen düýş ýaly,
Göründiň-de, gözden uçduň-da gitdiň,
Bagt açylyp, bagt gelen mahaly,
Özüň öz bagtyňdan gaçdyň-da gitdiň.

Gitdiň ýene wada berip şahyra,
Wadada wepaly maral, Aýperi.
Ýüregiň oduny urup şahyra,
Uçduň hyýal ýaly maral, Aýperi.

Göýä gara bulda batan aý ýaly,
Garaňkyda gaýyp bolduň gözümden.
Başlanman matama batan toý ýaly,
Hijranyň bir ýygyrt atdy ýüzümden.

Durlanan aý ýaly durkaň ýalbyrap,
Didaryňdan doýmadym men, doýmadym.
Uzak gije seniň yşkyňda saýrap,
Daň atanny duýmadym men, duýmadym.

Ak maralym, ak gollaryň ataşy
Asla-asla aýrylmaýar elimden.
Heý, şeýle-de ýakmak bormy ýoldaşy,
Senden başga söz çykmaýar dilimden...

## ADAM WE NADAN

Geň! Elbetde, geň!
Emma bu bir hakykat.
Hemmä belli hakykat.
Birnäçe ýyl mundan öň
Ýüregi buzdan-da doň,
Daşy jäjek, içi möjek
Başga bahana tapman
Galstukly bir nadan
Gyz doguryýaň diýdi-de, kowdy öz dildaryny.

Bar Aşgabat eşitdi ol enäniň zaryny.
Gumry-guşuň ynjanda balalarnyň baryny
Elýetmez bir pudaga alyp çykyşy ýaly,
Balalarny bagryna basyp çykdy aýaly.
Çykdy ynjan öýünden,
Ol gün nämeler geçen kowlan gelniň küýünden.
Bir onuň özi bilýär, bir-de onuň ýüregi,
Gaý gününde gumry gelniň göwresiniň diregi,
Gözleriniň guwanjy — gözel gyzlary boldy.
Iki gyz bir enäni howpuň elinden aldy.

Şahyr dostum, bir görsediň sen ol şemşat gyzlary,
Şol şemşatlaň biriniň oýnap duran gözleri
Oýna gelen enesiniň gözlerine gülüp dur.
Mert enäniň tarypyna eşdilmedik sözleri
Tap-tap diýip, şahyr göwnüň ganatyna galyp dur.
Il guwanjy — iki gyzyň enesi merdan gelin,
Ýaşaýan döwrümiziň adyndan alkyş saňa!
Galstukly ol nadanyň baky lal etdiň dilin,
Şonuň üçin barymyzyň adyndan alkyş saňa!

## ADAM WE ADAMYŇ GÖZELLIGI

Ol ýaş enäň özem çagala entek,
Çagaň göwni ýaly onuň göwni päk.
Ogly hem oýnaýar saýrap «janýelek!..»
Özi hem oýnaýar saýrap «janýelek!..»

Oglanjyk perwana, ene kebelek,
Aýlanýarlar bir gulbagyň daşyna.
Gujagna dolanda ogly her gezek,
Göterip täç edýär ene başyna.

Akja oglan akja gollary bilen,
Akja enäň ak boýnuny guçanda,
Alabahar akja gülleri bilen,
Öpýär ene-ogly bagyň içinde.

Baharyň bagşysy bilbil hem oýnap,
Goşýar körpäň gülküsine gülküsin.
Göýä gün hem iň şat ynsany saýlap,
Şol enäň ýüzüne sepýär şöhlesin.

Çaganyň gülküsi, bilbiliň sazy,
Ýaş enäniň ýüregini joşdurýar.
Körpäni güldürýän enäniň näzi,
Şahyr däl ata-da goşgy goşdurýar.

Goşgudan, gazaldan örän gözeldi,
Ol enäniň ogla aşyk gözleri.
Goşgudan, gazaldan örän hezildi,
Eýjejik çaganyň delje sözleri.

Dünýäň gözi doýmaýardy olardan,
Her geçen ol çaga gülüp geçýärdi.
Çagaň ýüzi gözeldi gunçalardan,
Enäň özi dünýä ýalkym saçýardy.

Ýüregimde gaýtaladym bu sözi:
Ogul ýaşy uzak bolsun, ak gelin!
Seň öýüňe gelen gelniň-de ýüzi,
Özüň ýaly nurak bolsun, ak gelin!
Çowluklaň-da uruş görmesin gözi,
Dünýäň baky parlak bolsun, ak gelin!

# ADAM WE ADAM HAKDA AÝDYM

Kanalçy dostumyň güýçli maşyny,
Gum bilen bir golça çykardy ýerden.
Alymlar golçaň-da bilýär ýaşyny,
Golça galan şol onunjy asyrdan.
Onunjy asyryň küýzesi bilen
Susagada dostum Jeýhunyň suwun,
Bir ýeňiş owazly hoş sesi bilen
Diýdi: – men gutarýan kanaly bu gün!
Soňra ol golçany göterdi göge,
Göterdi-de, çekdi dostum başyna.
Göz gerekdi gahrymany görmäge,
Gül gerekdi dakmaga oň döşüne.
Ylhamly ýürekleň joşmasy üçiň
Gadymda şahyrlar meýlis guranda,

Dürdäne sözleriň çeşmesi üçin
Saky sylap, ýeňiş jamyn berende,
Şol ýeňen şahyryň göterşi ýaly,
Göterdi dost şerbet suwly golçany,
Içip ýeňiş jamyn gutarşy ýaly,
Gutardy dost şerbet suwly golçany,
Garagum ýeňilen bir aždar ýaly,
Ýazylypdy oň aýagnyň astynda.
Destinde bir ülkäň genji bar ýaly,

Görüň, ol gülüp dur depäň üstünde!
Bu gün goşa baýram, bu güp goşa ýaz,
Goşa baýram bilen gutlaň dostumy!
Ýürekden bagş edip oňa goşa saz,
Göterýän saglygna söýgi tostumy!
Ýigriminji asryň altyn golçasyn
Alkyş şerabyndan ýagşy dolduryp,
Aşgabadyň bar baglarnyň gunçasyn
Bagş edýärin, minnetdarlyk bildirip.
Jeýhuny getiren Jeýhun ýürekli,
Garagumy ýeňen gahryman, dostum,
Çykyp seň öňüňden duzly, çörekli,
Goşgy bilen guçýan jana-jan, dostum!
Adyň aýdym bolar, mähriban dostum!

## ADAM WE ADAMYŇ TÄSIN DÜNÝÄSI

Myratlaryň körpesi, akyllyjam Akmyrat,
Dünýe negözel bordy, seniň ýaly bolsa şat.
Söýsem-de sen gülýärsiň sögsem-de sen gülýärsiň,
Ne gaýgyny bilýärsiň, ne gussany bilýärsiň.
Hatda sen ýatańda-da, ukuda-da gülýärsiň,
Kim bilýär kimi ýatlap, kimiň bilen gülýärsiň.
Seniň öz bir dünýäň bar, diňe özüňe äşgär,

Dünýä aşyk gözleriňde elmydama şat bahar.
Güli görseň gülüşýän, guşy görseň gülüşýäň,
Guşlar senden gaçanok, bile oýnap birleşýäň.
Guşlar bilen oýnaýşyňa gülsem senem gülýärsiň,
Enaýyja aýnaýşyňa gülsem senem gülýärsiň.
Birdenkä-de aglamjyrap, gujagyma dolýarsyň,
Aglaýşyňam enaýy, aglaýarkaňam gülýärsiň.
Seniň öz bir dünýäň bar, diňe özüňe äşger,
Ol şeýle bir owadan nurana älemgoşar.
Bilmedim men näçe müňläp onda gözel reňk bar.
Bilmedim näçe owadan owaz onda ýaňlanýar.
Seniň birje sagatlyk oýnuňy saza salsaň,
Şol sazy hem söz aşygy kakaň kalbyndan alsaň,
Şol saz üçin şahyr ataň şeýle gazal düzerdi,
Şat aýdymym şat buşluk dek dilden-dile gezerdi.

# ADAM WE WAGT

Her geçen ýyl ömrümizeden geçse-de,
Howlugýarys ömri öňe sürmäge.
Her geçen ýyl ömrümizden geçse-de,
Howlugýarys täze ýyly görmäge.
Howlugýarys ömri öňe sürmäge.

Neneň ömri haýdap öňe sürmejek,
Öňde bize beýik günler garaşýar.
Neneň o günlere ýetip görmejek,
Görmek üçin gojalar-da göreşýär.
Gojalar-da ölüme garaşmaýar,
Adam ogly umyt bilen ýaşaýar.

Her gün säher turup, gözüňi açyp,
Täze dogan güni görmek bagtdyr,
Täze dogan güni gujaklap-guçup,
Günden galman ýöremeli wagtdyr.
Täze dogan güni görmek bagtdyr.

## ADAM WE SAZ

Gürrüň ýürek hakda gitdi arada.
Her kim bilýänini ýürek barada
Gür berdi. Göwün açyp gözel meýlisde.
Bagşylar içinde söze wabesde
Sahy bagşam sazyň sonarlaryndan,
Içinde yşk ody ýanarlaryndan,
Çalýardy meýlisi bezemek bilen.
Sazyň sözlänini sözlemek bilen
Aýtmak kyn bolýar, eşitmek gerek.
Bir ýaşamak — bir ýagşy saz eşitmek.
Saz bilen sazlaşyp tolgunýan ýürek
Bu meýlisde tolgunmady biderek.
Bir kelam eşitdim men ýürek hakda,
Beýle kelam eşitmändim şu çakda.
Dünýäde dörände ilkinji ynsan,

Girmändir gursagna girmeli ýürek.
Ýüreksiz adamdan bolýarmy ynsan?
Dünýäde goý, döremesin biýürek.
Ýüreksiz adamdan eý bolýar haýwan.
«Dar gursakda hiç wagt men ýaşaman»
Diýip, beýik ýürek edipdir tupan.
Hiç bir güýç ýüregi alyp bilmändir.
Täsir edip ýerne salyp bilmändir.

Diňe süýji sazyň täsiri bilen
Ýürek adamynyň gursagyna giren.
Azajyk setire bu rowaýaty
Maňa-da sygdyran sazyň kuwwaty.

## ADAM WE GÖZEL DÄP

Her gün agşam çagy kanala barsaň,
Aşgabadyň aşyklary seýranda.
Sapaly kölleriň sapasyn görseň,
Müň ýaşasam diýýäň şeýle zamanda.
Sümmül saçlaryny başlarna orap,
Suw perisi ýaly ýüzýär gözeller.
Joşar ýüregimiň taryny oýnap,
Gözelleň şanyna täze gazallar.
Gazaldan gözeller gaz boýun gyzlar,
Bakdygyňça aklym başymdan uçýar.
Derýada guranda näz toýy gyzlar.
Tolkunlar agzyndan ak köpük saçýar.
Ak bedene saçalanan düwmeler.
Güle düşen damjalar dek durlanýar.
Günä däldir gözelligi öwmeler.
Öwdügimçe setirlerim zerlenýär.

Gözellere gazal ýazmak däbini
Göz aşygy Nepes şahyr söýüpdir.
Gazallary gözel ýazmak däbini
Söz aşygy nepis şahyr goýupdyr.

## ADAM WE GÖZELLIK

Aýnanyň öňünde sen näzli peri,
Özüň öz gözlerňe guwanyp gülýäň.
Men gözleň aşygy döräli bäri,
Sen ony, naýynsap. niredsn bilýäň?..

Sen görşe geleňde, näzli dildarym,
Hiç hili hal ýokdy al ýaňagyňda.
Ilki duşuşykda begenç ýaşlarym
Hat bolup galypdyr hal ýaňagyňda.

«Derdiň näme?» diýip soraýarsyň sen,
Derdimi aýtsam — derdim meniň — sen
Bir gezek ýüzüme ýürekden gül-de,
Nätseň edäý onsoň ýüregim al-da.

Doktor dürli-dürli dermanam berse,
Gitmeýär ýürekden derdiň azary,
Emma seniň gözleň gaşymda dursa,
Gidäýýär ýürekden dertleriň bary.

Bahar açylýandyr başga gunçalar
Seniň bir üýtgeişk döreşiň bar-la
Seniň ýaňaklaňda elwan gunçalar,
Aýazly gyş günem açylyp dur-la.

«Geçer bu gözellik sende-de galmaz»,
Diýenleriň dili lal bolsun, gülüm!
« Çyn gülni saklasaň müň ýylda solmaz».
Diýenleriň dili bal bolsun, gülüm!

Men seni göremde ilkinji gezek
Gözellikden başym aýlandy gitdi.
Şol  gije bir aýdym döretdi ýürek,
Başga aýdymlardan saýlandy gitdi.

Takdyr aýraýsa-da ömür köçämiz,
Käte-käte köçämizden geçewer!
Ýogsa garaňky bor ömür köçämiz,
Käte bir lowurdap, ýalkym saçawer!

Sen meniň bagtyma çykalyň bäri
Belent çykýar aýdymlaryň owazy.
Dünýäni görmedik körpeje peri,
Nireden bilýärsiň sen munça näzi?

Sen dünýä geleňde at dakan ene
Gözel görüp, Gunça diýipdi saňa.
Güle aşyklygmy gören dessine
Bilbil öz aýdymny bagş etdi maňa.

Gunçaň açylanny bir görüp bilmän,
Şol aglap ýörşümiş aşyk bilbiliň,
Senem, Gunçam, ömrüňe bir açylman,
Aglatjak ýörjekmi aşyk bilbiliň?..

Aşyklar şäherniň bar galam gaşy,
Üýşse-de özüň dek läläni görmen.
Sen hakda görülen bir şirin düýşi,
Özge bilen sürlen döwrana bermen.

Bir görseň, garaňky gijeden gara,
Bir görseň, Gün ýaly gülüp dursuň sen,
Näm bolduka diýsem bu gün dildara,
Köýnek geýen oguşýan gije-gündizden.

Diňe köýnegiň däl, gaşlary garam,
Özüň hem döräpsiň gije-gündizden.
Gijeler tebibim, gündizler ýaram,
Ýoluňda sergezdan gije-gündiz men.

Elhepus-elhepus, älemgoşar dek
Ýanyp çykypsyň-la ýar bize baka.
Ýel össe ýyrtyljak sowsany köýnek,
Güjeň-güjeň goşa nar bize baka.

Dünýäde hiç güle saçmandyr bahar
Seniň alkymyňa saçan müşküni.
Dünýäde hiç kalba saçmandyr bahar
Şahyryň kalbyna saçan yşkyny.

Ömürbaky seniň näziňi çekmän,
Undaýyn diýdim dünýäni gezip,
Her säher ýatlaman diýsem-de, hökman
Her agşam ýatladym bir gazal düzüp.

Gunçalar içinde iň gözel gunça
Ilki göze iler, ilki tiriler.
Sen maňa gulak as, bezenme munça,
Bezegi näme etjek? Özüň simu-zer!

Kim diýer ýaz güli owadan bolar,
Kim diýer güýz güli owadan bolar,
Soradym ýürekden, ýüregim diýdi:
« Her kimiň öz güli owadan bolar».

Sen meniň öz gülüm, öz gülälegim,
Özge gül-günçalar gözüme ilmez.
Sen meniň takdyrym, dilber läligim,
Senden başgasynyň näzi çekilmez.

Niçik men janymy gurban etmäýin,
Selbi dek sülmüräp bakyşlaryňa.
Niçik sazy şa perdeden tutmaýyn,
Selbi dek zülplerňi döküşleriňe.

Kümüş barmagyňda altyn ýüzügiň
Gaşyňda lowurdap duran dürdäne,
Batyp gitjek läläm, bir diňdirmeseň,
Meniň gözýaşymyň deňzine ýene.

Ne gözel bolardy hemme güllerde
Seniň gara hallaň düzülen bolsa!
Ne gözel bolardy hemme dillerde
Seniň lebleň baly ezilen bolsa.

## ADAM WE SÖÝGI

Aý geçýär,
günler geçýär,
ýyllar-da
gelýär geçýär.
Her ýyldyz
bir yşgyň ody –
olar hem söýýär-öçýär.
Emma seniň
ýüregiňde
ýüregime geçen ot
Öçmeýär, hiç öçmeýär,
öçmeýär, hiç öçmeýär.

Seniň humar gözleriňi
ýatlap bir
hiňlenmesem,
Seniň humar näzleriňi
ýatlap bir
hiňlenmesem,

Hiç bir günüm
hiç wagt
hiç rahat
geçmeýär.

Geçmeýär, hiç geçmeýär,
geçmeýär, hiç geçmeýär.

Läläme dakjak diýip
suwarmasam,
baglaram,
Atyrňam sepjek diýip
suwarmasam,
baglaram,
Baglam-da
gunça baglap,
gyzyl güller
açmaýar,
Açmaýar, hiç açmaýar,
açmaýar, hiç açmaýar.

Öten agşam
düýşümde
dostlarym,
deň-duşlarym,
Tabydymy
göterip,
jaýlamaga
barýarlar,
Läläň bilen duşuşman,
Läläň bilen hoşlaşman
gaýdypsyň
diýip
toprak,
Gubyrymy guçmaga
gujagyny
açmaýar,

Ne dünýäden
geçmek
bar,
ne-de
seni guçmak
bar,
Yşkyň ody
ýürekde
şol hiňlenip
ýörmeli.
Şol hiňlenip ýörmeli,
şol hiňlenip ýörmeli.
Mekanymyz
bir bolsa-da
toýly günler
gür bolsa-da,
Görjek bolsam,
seni, Läläm,
diňe düýşde görmeli,
Diňe düýşde görmeli,
diňe düýşde görmeli...

Düýşde däl,
oýalykda
bardym men
mazarlyga,

Aýdym-sazlyga
däl, Läläm,
bardym ahy-zarlyga.
Bardym-da gol gowşuryp,
salam berdim
topraga,
Toprak
başyn galdyranda
almaga,
Diýidim: «Meniň gubyrymy
gaýtarypsyň yzyna?»
Ýüzi gara der bolup,
çöke düşüp dyzyna,
Töwerege
göz aýlap,
ýaş getirip
gözüne,
Ene toprak
diýdi maňa:
«Eziz oglum,
eşit sen,
Gubyryňy guçmanymy
gaty görme
sen menden.
Dünýä döräp,
beýik daglar
meň üstümde
berkarar,

Olaryň ýüklügi ýok,
olar agyr
gelmeýär.
Emma şu depeleriň
ýüzündäki depeler.
Hijran çekýän
gözelleriň
gözündäki
depeler,
Bütin dünýäň
agramyndan
maňa has
agyr gelýär.
Agyr ýüki
çekebilmän,
ene göwräm egrelýär.
Beýik daglardan
belent,
bu namart ýürekler,
Beýik daglardan agyr,
bu namart ýürekler,
Gije ýarymdan ötüp,
Myratlaň ýatan wagty,
Şol ýatan namartlaň
dünýäden öten wagty,
Şoş-şo mahal
sen meniň
görýänim bir
görsediň,

Ýüregimiň nalasyna
bir diň salyp
dursadyň,

Şonda bilerdiň
oglum,
meniň çekýän
derdimi,
Seniň Läläň
şu derdi hem
maňa ýeňil
gördümi?
Sen bir
meniň gujagyma
namart ötüp
gelme,
Derdime täze derdi
täzeden gatyp
gelme,
Derdim mundan
öte geçme,
ýene gerin
lerzana,
Lerzan bolmasyn dünýä!
Dünýä gerek
ynsana!
Aşyklaryň şäherin
weýran etdim
bir gezek,

Şol aşyklaň ahynyň
odundan doly
ýürek.
Sen bir namart gelme,
ýüregim ýaralmasyn,
Namart kalbyň ody
kalbyma garalmasyn,
Teýahyr geljek bolsaň,
Läläň bile
bile gel,
Läläň bile bile gel,
güle, güle, güle gel...»
Şeý diýdi-de
Ene toprak,
öňe ýazyldy
ýere,
Gara ýeriň
soňky sözi
batyrdy
garadere.
«Ýok, ene jan, ene jan,
ene toprak,
Toba et!»
Toba et sen eý toprak,
toba et sen,
toba et!
Soňky aýdan
sözleriňi
toba et-de, gaýdyp al,

«Läläň bile
bile gel»
diýen sözüň
gaýdyp al,
Lälämiň kölgesinem
düşürmen
saňa sary,
Dünýäde bar
belalaň düşse
başyma
bary,
Ýene-de men ýaşaryn
şony ýaşatmak
üçin,
Ölümiň şemalyny
şondan daş etmek
üçin.
Günde müň ölsem
gelse-de
ýeňerin
ölümleri,
Seniň gujgňa
gelmez
meniň Läläm –
gül peri.
Oňa müň ýyl
arzuw eýläp,
aýdym aýdyp
gezerin,

Özüme berlen
ömrem
şoň ömrüne
ýazaryn.
Şeýdip, onuň ömrüni
uzadaryn
men saýrap,
Oň ömrüniň her
gününi ýüz ederin
arzuwlap.
Ölüm sözi
ýol bolýança,
ýaşadaryn
Lälämi,
Ölümsiz ömrüň
saglygna
dolduryp
pyýalamy,
Içen günüm
ýene-de biz görüşe
bilmesek,
Şonda-da
ýüz öwürip,
Lälämden
geçmez ýürek!»
Diýemde,
derli Ýeriň
derdi
biraz peseldi.

– Ýaşa – diýid–
Läläň bilen,
– ýaşa– diýidi–
ebedi.
Ene toprak
pata berdi,
ebedilik
söýgimiz.
Emma ýene
dünýäde
öňki biziň
görgimiz.
Ne dünýäde
ötmek bar,
ne wysala
ýetmek bar,
Yşgyň ody ýürekde
şol hiňlenip
ýörmeli.
Mekanymyz
bir bolsa-da,
toýly günler
gür bolsa-da,
Görjek bolsam
seni, Läläm,
diňe düýşde görmeli.
Diňe düýşde görmeli,
diňe düýşde görmeli...

# ADAM WE ÄJIT-MÄJITLER

Ussadymyz Pyragy
« Äjit-mäjit» diýende,
Kime diýýärkä diýip,
pikir eder ýörerdim.

«Äjit-Mäjit» diýýäni
bir-birini iýende,
Kimler bolýarka diýip,
pikir eder ýörerdim.
Kimler bolýarka diýip,
pikir eder ýörerdim.
Ynsanperwer Pyragynyň
näletlän äjitleri,
Gol çekmän, töhmet ýazan
haýynlara meňzeýär,
Ynsanperwer Pyragynyň,
näletlän mäjitleri,
Öz doganny iýmäge taýynlara
meňzeýär.
Gol çekmän, töhmet ýazan
haýynlara meňzeýär.

## ADAM WE GÖRIP

Görip hiç haçan guwanmaz başgaň bagtyna,
Özge oňa mydam bagtly görner.
Dogannam hoşbagt gören wagtyna,
Oturyp öýünde ýüregni iýer.

Düşse bagt bir göribe nagtyna,
Bagt hem göripden tiz bizar bolar.
Kim guwana bilse başgaň bagtyna,
Ol ynsanyň mydam bagty zor bolar.

## ADAM WE MIWE

Biz onda okýardyk. Terbiýeçimiz
Görkezip körpeje ýaş agaçlary
Aýdardy: «Bu sözüm ýatlarsyňyz siz,
Bir gün miwe berer bularyň bary.

Siz hem ösersiňiz, ýetişersiňiz,
Siziň hem miwäňiz görüner işde.
Emma näçe galksa-da mertebäňiz,
Şu sözümi unutmaň siz ir-giçde.

Gözel häsiýeti bar miwe agaçlaň,
Bar berdikçe başyn salýar aşaga.
Bu häsiýeti- häsiýet edip saklasaň
Meňzärsiň iliňde miweli baga.»

Bu sözleri dostlar bilen diňlärdik,
Ýatladardyk eger biri unutsa.
Ýakmasa-da ýoldaşlykça käýýärdik,
Eger biri ýüzün asmana tutsa.

Ol günlerden bäri köp ýyllar geçdi,
Halkymyz beslendi, ösdük, ulaldyk.
Watan öz gujagny bize giň açdy,
Herimiz bir käriň eýesi bolduk.

Biz ösdük, ýaşajyk baglar-da ösdi,
Ol baglar Pöwrizä bezeg bolupdyr.
Gelin dek parlaýar, ýok olaň kössi,
Bahar gülden, tomus baldan dolup dur.

Ine, şol baglara gözümi aýlap,
Bir daçaň[35] duşundan geçip barýarkam,
Bir owadan maşyn geçdi wazylap,
Ýelginine tasdan aşypdy aňkam.

35 Külbe

Uzak gitmän, öň ýanymda bir gapa
Ýetip sakga durdy ol ýyndam maşyn.
Men hem ýakynlaşdym onýança gapa,
Düşen ýigit çala yrady başyn.

Geçsem-de daçanyň durman duşundan,
Bir şeýtan pikri maňa: — dur — diýdi,
Belki-de tanyşdyr düşen maşyndan,
Kyn-gyssag işiň ýok, bar-da gör diýdi.

Gelip görsem, gözel daçaň içinde
Ýaňky ýigit hoş saýada çaý süzýär.
Ol meni tanady, tanadym men-de,
Dostum görsem çişlik üçin et düzýer.

— Gel, gardaş, saýa geç — tagtyň üstüne.
Ýalňyşmasam biz bileje okandyrs.
Çaý iç. Häzir çişlik bişer dessine,
Soňra seni ak çaýdanam gandyrys.

Meniň maşynymdan gorkaýdyň öýdýän.
Kyýamat sürýändir meniň şofýorym.
Men özüm — ýet-de geç! — diýip aýdýan,
Ýok duşundan maşyn geçiren ýerim.

Ýeri neneň  gördüň meniň, daçamy?
Almasy bar, armydy bar, nary bar:
Täzeden gurdurdym şu uly tamy,
Öňki üç otagly — boldy maňa dar.

Gardaş, men daçamy hasam giňeltjek,
Şu goňşy daçanam gelen ýyl aljak.
Edil şu ortada serhowuz etjek,
Içine-de gyzyl balyjak saljak.

Dürli-dürli güller ekdirmekçi men.
Entek bir oňatja bagban saýlaýyn.
Bagymyň beýlesin gören dälsiň sen,
Ýör, çişlik bişýänçä seni aýlaýyn.

Iki ýoldaş gözel daçaň içinde
Geze-geze edýäs baglara seýran.
Nämeler ýok gözel daçaň içinde,
Bakdygyňça edýär aklyňy haýran!

Almalaň  iň gözel hili bu ýerde
Meşhur «Semerenko» hem «Antonowka»
Ne gözel görünýär olar säherde,
Gün hem aşyk ýaly olara bakýa!

«Rozmarin» almasy giden bir hatar,
Almaly pudaklar, bir-birne degýär.
Ýakut ýaňak alma haýsy alma ýeter!
Almaly pudaklar başyny egýär!

«Halyly», «Kişmişi» hem «Gelinbarmak»
Salkym-salksym sallanşyp dur howada.
«Meniň, üljelerme, alçalarma bak,
Monjuk ýaly düzüm-düzüm owadan!

Samarkant erigi meň eriklerim,
Sumbardan getirlen gyzyl narym bar.
Arman, entegem meň azajyk ýerim,
Meniň entek şeýle planlarym bar...»

Bile okan dostumdan ýok hiç nyşana,
Gül azanda tiken çykyşy ýaly,
Gürleýär ol ýüzün tutup asmana,
Bu baglary özi eken mysaly.

«Çişlik taýýar, çagyrýarlar, ýaşuly»
Diýip aýtdy bu dem «kyýamat» şofýor.
«Tiz git-de gazet al hem içer ýaly...»
Ýüwrüp gitdi şo dem «kyýamat» şofýor.

Geldik ýene saýa tagtyň üstüne.
Çişlik taýýar durdy düzüm-düzüm.
«Kyýamat şofýor hem geldi dessine.
Orta konýak geldi hem alma, üzüm.

Konýak guýulmanka entek bokala[36],
Gazetlere bir gözümi gezdirdim.
«Iskrada[37]» bir felýeton[38]-makala,
Felýetonda dostuň adyny gördüm.

«Hany göter, gardaş, bol göter-de iç»
Diýip howlugýar ,ol, örän keýpi şat.
Emma elim barmaýardy bada hiç,
Pikirimde meniň  gazetdäki at.

– «Saňa bir zat boldy, aýt, halypa?
Bir zady sen menden gizleýän ýaly!
– Bir felýeton çykypdyr çärýek sahypa
Gördüňmi? Sen hakda sözleýän ýaly?..»

Gazeti  ol  garbap aldy  gyzaryp,
Felýetony okadykça derledi.
Okap ýüzün aşak saldy bozaryp,
Bir dem dymyp, ol içinden gürledi.

---

36 Konýak stakany
37 Искрата – uçgun
38 Gündelik temalar boýunça çeper we täsirli ýazylýan

Özün dürsäp, soňra gürlejek ýaly,
Yz-yzyna iki bokal içdi ol.
Ýene ol gyzardy hažžyk mysaly,
Soňra ýürejigni maňa açdy ol:

«Felýetony ýazan , hut maňa duşman!
Faktlaryň biri düýpden dogry däl.
Ojagaz ýazyjy tiz eder puşman,
Maňa ogry diýýär — hiç men ogry däl!

Men öz edaramy gurap bolamsoň,
Artygyndan obamda jaý saldym men.
Nirden ol ogurlyk bolýamyş onsoň,
Ine-de duz-çörek, aýyt, gardaş, sen?

«Döwletiň maşynny awda çaşyrdy»
Diýip ýazannyň hem gaty jany ýok.
«Garyndaşlaryny daşyna üýşürdi»
Garyndaşym dälleriň hem sany ýok.

«Syýasy okuw çykdy — diýýär — ýadyndan»
Kim ony aýdym dek ýatdan bilýämiş?
«Öz bady köp maşynynyň badyndan!»
Gör, özüm däl, badym göze ilýämiş?

Felýetony ýazan hut maňa duşman,
Badymam, adymam — bary özümki.
Gardaş, gaty basym etdirler puşman,
Şire şapbat çalsa samsyjak tilki!..

Aý, gürledi dostum, gürledi, çişdi,
Gyzyp, meň üstüme müň haýbat atdy.
Soňra ýanlyk ýaly boşap köşeşdi,
Şir men diýýän ýigdiň haýbaty ýatdy.

Indi ol hamsygyp, nalap başlady.
«Sen maňa dost bolsaň, kömek et» diýdi.
Konýagam ortadan aýryp taşlady.
«Dost bolsaň dost, haraýyma ýet!» diýdi.

Sen tanyşsyň, gör-de ýazyja aýt.
«Bolan iş bolupdyr, indi bolmaz» diý.
Meniň maşynymda şähere gaýt,
Görseň ony «gyjalatda galmaz» diý...

«Şofýor!» Tiz bol, derrew çyk-da miwe kak!
Erikden, almadan ýükle maşyna.
Bu gowgany sowup, ýene bir duşsak...»
Diýip, hoşlaşýan dek bakdy daşyna...

Daşymyzda her agaçdap her gülden,
Garaýardy terbiýeçiň gözleri.
Töwerekde her ýaprakdan, her dilden
Eşdilýärdi terbiýeçiň sözleri:

«Siz hem ösersiňiz, ýetişersiňiz
Siziň hem miwäňiz görner köp işde.
Emma näçe galksa-da mertebäňiz
Şu sözümi unutmaň siz ir-giçde.

Gözel häsiýeti bar miwe agaçlaň,
Bar berdikçe başyn salýar aşaga.
Bu häsiýeti- häsiýet edip saklasaň
Meňzärsiň iliňde miweli baga.»

# ADAM WE YKBAL

***(Poema)***

Şahyr, ýadyňdamy ol gözel günler,
Ol sapaly günler, söýgüli günler.
Heý, unutmak bolarmy, ol aýly agşamlary...
Söýgüli Aşgabadyň şadyýan juwanlary,
Baga seýle çykanda ýanlarynda dildary,
Meniň-de gara gözüm görüşmäge çykardy.
(Siziň öýňüziň öňünden bir ýapjagaz akardy)
Ine, şol sapalyja ýapjagazyň başynda,
Aşgabadyň altyn zülpli aýynyň yşygynda
Oturardyk uzak gije şirin arzuwlar besläp.
Akar suwuň akyşy dek näzli-näzli pyşyrdap,
Has beter hem sizi görse, söýgülim utanjyrap,
«Şahyr goşgy goşaýmagyn goňşy gyzyny tanap»
Diýerdi-de, meniň bagtym gujagyma dolardy,
Gyzlaryň däbi şeýle soň utanan bolardy...
Şahyr, men bagtlydym, bagtymyň çägi ýokdy,
Dünýäň gaýgy-gussasy menden örän uzakdy.
Her gün agşam düşende ýapjagazyň başynda
Ýapjagazyň başynda, garagözüň gaşynda,
Garagözüň  gaşynda joşardym şahyr ýaly.
Garagöze aşykdym — aşykdym Tahyr ýaly...

Aşykdym diýýärin men
Eşidýärmiň, şahyr, sen!
Eşitseň, eziz şahyr, kalbymyň synyk sazyn,
Ilki söýgiň gyrylan tarlarynyň owazyn
Diňle-de, derde düşme, diňle-de, derde düşme.
Ýok, indi maňa dünýäde onuň bilen görüşme.
Siziň öýňüziň öňünde, ýapjagazyň başynda,
Aşgabadyň altyn  zülpli aýynyň yşygynda,
Ýok, indi maňa dünýäde Garagöze gowuşma...
Günde agşam görüşme.
Günde agşam gülüşme.
Biziň bilen gülüşende ol näzli akar çeşme
Garagözüň saçlarny oýun edin örüp, çöşme.
Ýok hiç wagt indi bize bu dünýäde gowuşma...
Meni bagt göterip, asmana çykan wagtym
Tapba ýatdy meň bagtym.
Ýeke men däl, ol agşam köpleriň ýatdy bagty.
Söýgüli gijäniň iň süýji wagty
Takdyrymyz ýerastyndan top atdy.
Daglarymyz däliräp, toprak tupan etdi...
Ine, şol tupanly, tüm gara gije,
Ýürekleň ýarasyndan ýüregi  ýara gije,
Ýaralap ýüregimi, ýatyrdy meniň bagtym.
Bagtymy hut bagryma basyp oturan wagtym,
Bagtymy elimden kakdy-da gitdi.
Ýüregmi, bagrymy ýakdy-da gitdi...

Gamly gara gijede Garagözüm ýitirdim.
Gelen otagym ýumruldy, gelnim göre getirdim.
Öz elim bilen özüm ilki söýgimi jaýlap,
(Guş ganaty gyrylsa, uça bilmez pasyrdap)
Gala bilmän Garagözüň mazarynyň başyndan,
Çöl gülleri gögerýänçä onuň mazar daşyndan,
Ýüregimde Garagözüň ýasyn tutup oturdym,
Baharyň ilki gülün Garagöze getirdim...

Il içinde nakyl bar, täze gelen bahary
Hemmeden öň şeýda bilbil hem-de şahyr duýarmyş.
Şeýdany-da, şahyry-da paslyň ilki säheri
Namyrat aşyklaryň ahy ýetip oýarmyş...
Ahym agyr bolsa-da, bagyşla, dostum, bizi.
Biz bilýärdik, sen söýýärdiň Garagöz ikimizi.
Öýňüziň öňündäki ýapjagazyň başynda,
Aýly bahar agşamlary ýüreklermiz joşanda,
Ýanymyzdan geçenňizde peseldip ädimňizi.
Göýä goraýan ýaly biziň päk söýgimizi
Şatlygmyza şatlanyp geçerdiň sen öýňüze.
Ýürekdeşi ýürek duýýar, ýürekdeşdiň sen bize,
Unutmarsyň hiç wagt, unutmarsyň sen bizi.
Sen dogan dek söýerdiň, Garagöz ikimizi.
Biz öz takdyrmyz bilen seňňem ýüregňi ýakdyk.
Ýürekdeş dost, seni toýa ýörite çagyrjakdyk,

Arman... takdyr arzuwlarmy bokurdagymda bogdy.
Bagt gülüm açylmanka, gunçasyna gar ýagdy.
Toýa taýýarlan şerabym matam baglap içdim men.
Sähetli gün Garagözüň mazaryny guçdum men.
Şol gije dälirän daglar çekermidi bu derdi?
Ýo... ýok... çekebilmezdi, daglar sarsyp çökerdi!

Berekella, ynsanyň dagdan berk ýüregine
Garagözden aýrylyp ýaşap ýörün men ýene...
Aýralyk agyr bolsa-da, ölmedik ýaşamaly.
Ölmedige gözel dünýäň goýny guwançdan doly...
Guwançdan doly dünýäň täze bahar çaglary
Açylypdyr Aşgabadyň ýene seýil baglary.
Säher gelip, Garagözüň jandan eziz jorasy.
(Görseň, Garagöz bilen bir almanyň parasy)
Baharyň baýramyna seýl etmäge çagyrdy.
Ilki şatlanan ýürek soňra şeýle bagyrdy.
Ýüregimiň sarsgynyndan gulaklarym tutulyp.
Gyza jogap bermäge-de, dilim barmady meniň
Galpyldymy duýsa-da, deslap duýmadyk bolup,
«Men howluda garaşýan, howlukmaň-da geýiniň»
Diýdi-de gyz sallanjyrap, gülüp çykdy daşary.
Göýä ol gyz özi bilen alyp çykdy daşary,
Özi bilen otagyma getiren baharyny
Ýüzünden ýüzüme düşen ýalkymyny-nuruny

Dünýäniň baharyny, güneşini-baryny
Gaýdyp görmejek ýaly, aýnadan baksam howlap,
Ol hem daşarda otyr, menden gizligin aglap...

Olar öň meniň ýanyma bileje gelerdiler,
Şol ýerde bileje oturyp, bileje gülerdiler.
Bile gülüşe-gülüşe bagdan gül ýolardylar.
Olar aglamazdylar, gudurap gülerdiler.
Nädersiň... edil şol ýerde otyr ol indi aglap,
— Ol beri aglamasyn, meniň ýüregim daglap. —
Diýip, daljygan ýaly howlap çyksam daşary
Ne gözüme gün görüdi, ne-de dünýäň bahary...
Men şat boljak bolsam-da, ýüregmiň gyryk tary
Şatlygyň perdesine çekilip çykabilmän
Pygan perdesin kakýar...
Ol hem özün ýitirip, ýüzüme bakabilmän
Birsyhly ýere bakýar...
Ne bir çöp gymyldaýar,
Ne bir guş jürrüldeýär,
Dünýä dymýar lal ýaly.
Dymýan dünýäň gujagynda biz hem durs hyýal ýaly...

Bir bilsediň, şo demde, dost, hyýalymdan geçeni.
Ýa-da onuň şo demde hyýalyndan geçeni.
Eger ýazyp bolsady,

Goşga düzüp bolsady.
Ýa-da bir ussat sazandar saza düzüp çalsady,
Baryny däl, ýaryny beýan edip bilsedi,
Takdyr mukamy atly, otly mukam dörärdi.
Ol mukamy eşden ýürek daş hem bolsa erärdi...
Ne bir çöp gymyldaýar.
Ne bir guş jüýbüldeýär.
Dünýä dymýar lal ýaly.
Dymýan dünýä bilen barýas biz iki hyýal ýaly...
Lal bolan dilimizi açjak bolup ýürekler,
Takdyryň agyr sowalyn çöşjek bolup ýürekler
Bir çykalga gözleýär, tora düşen guş ýaly
Ýaman günde dadyňa ýetişýän ýoldaş ýaly,
Ýürekler tupan edýär, tupandan çykarmaga.
Ýürekler niçik dözsün, biz tä ýetýänçäk daga
Dilimizden ýagşu-ýaman bir damja söz syzmady.
Biziň bu halymyza hatda asman dözmedi.
Odumyzy öçürmäge ýagyş guýup başlady.
Göwnümizi götermäge gök-de gürläp başlady.
Buşlady bu gün dünýäde bahar toý edýär diýip.
Baharyň toýuna çykan läleler gyzyl geýip,
Açylmadyk gunçalar ýüreklerni açdylar.
Bulutlar ýene oýnap, nur sepeläp geçdiler.
Gülälekleň gözünden ýandy yşgyň çyragy,
Bahar lälezar etdi baýry, depäni, dagy...
Göýe türkmen topragynyň gözel döwlet baýdagy

Aşgabadyň üstünden älemgoşar aýlandy.
Dünýäm dürli nur geýip, gelin ýaly şaýlandy.
Ýerde gyzyl läleler, asmanda älemgoşar
Ýüregmizi açjak bolup, bahar şeýle bir joşýar,
Ýagyşda ýuwunan otlar şeýle bir ülpüldeşýär,
Torgaýlar pelpeldeşip, şeýle gözel saýraşýar,
Garlawaçlar guduraşyp, gökde ýüzüp gaýyşýar
Gamly göwnüm gam dagyndan guwanç dagyna düşýär!..

Guş, guş bilen saýraşýar,
Gül, gül bilen bäsleşýär,
Gülden, güle gonuşyp kebelekler oýnaşýar.
Şeýle günde gül ýygmak gözel gyza ýaraşýar.
Sen bir görsediň, şahyr, gül tirip ýörkä ony
Şondan alýan ýalydy barja güller görküni.
(Bilip dakypdyr oňa Güljahan adyn dakan)
Güläleklеň gözünde şat yşgyň odun ýakan,
Bahar bilen bäsleşip, parlaýardy Güljahan.
Maňa diýjek sözüni,
Näzli bälçik sözüni,
Guçup, güllere aýdyp, gülüşýärdi Güljahan.
Her egilip gül tirende, ak boýnundan syrylyp,
Gül üste düşen saçlary, güllerden atyrlanyp,
Galkanda ol köýnekden dyzýan ak mämelerin
Guçýardy-da, gara saçlaň hersi öpýärdi birin.

Sen bir görsediň, şahyr, gül tirip ýörkä ony,
Güljahandan alýardy barja güller görküni.
Çaga ýaly guwanýar guwananda Güljahan.
Güljahan ýylgyranda, ýylgyrýar älem-jahan.
Jümle jahanyň görki jemdi onuň gözünde

Baharyň gujagynda, baýryň sonar düzünde,
Gözelligiň Allasy gülüp duran ýalydy,
Oňa bakýan dünýäň gözi Hydyr gören ýalydy...
Sen bir görsediň, şahyr, gül tirip ýörkä ony.
Meniň gamly ýüregimde, täze dörän dessany
Şonda sen düşünerdiň, duýardyň ýürek bilen,
Ýürekdäki gam tikenin sogrup ýürek bilen,
Kalbyma ganat berip, göwnüm göge göteren
Baharyň ilki gününde, maňa bahar getiren
Bagtyň çyragy ýaly gözleri gülüp duran
Gujagy gülden doly, Güljahany görsediň,
Güler ýüzüne garap, gaşynda bir dursadyň,
Ýüzünden ýüz dönderip bilmejegmi bilerdiň.
Ondan dönsem, ömürbaky gülmejegimi bilerdiň...

« Ondan dönsem, ömürbaky gülmejegimi bilerdiň?
Bu sözüň manysy bar,
Dostum, gaşlarňy çytma,
«Ýar ölse, jorasy bar!?..»
Diýip kinaýa etme.

Dostuňy bir biykrar
Biwepadyr öýtme.
Bu «takdyr mukamyny» diňle ahyra çenli,
Baharyň güllerinden ak gollary çemenli,
Gülüp duran Güljahanyň göwni güneşden-de päk.
Güljahan meniň bilen Garagözden öňüräk
Tanyşdy körpelikden.
Ol öz jorasy üçin geçdi öz söýgüsinden.
Garagözüň göwnüne degmejek bolup Gülüm
« Bir şahada goşa gül biz, seňki bolsun bilbil
Diýäge-de Güljahan, ýuwtdy öz söýgüsini.
Güljahanyň ynsanlygnyň öz laýyk öwgüsini,
Ýazardan dilim ejiz, ony özüň ýazmaly.
Onuň her häsýetine aýry dessan düzmeli ..
Bir arzuwym bar meniň, sen şu wagt bilsediň,
Edil şu wagt uçup, sen şu ýere gelsediň.
Görsediň öz gözüň bilen gözel gülleriň şasyn,
Görsediň öz gözüň bilen gözelligiň Allasyn.
Duýardyň ýürekdeş, dost, ýüregimiň nalasyn...
Bu seniň setirleriň, eşit okaýyn ýatdan:
«Ýürekde köz galarmyş ilki ýandyran otdan...»
Bilmedim şol közdenmi ýa joşgunly ýazdanmy?
Ýa bahar perisiniň elindäki sazdanmy?
Ýa Gülümiň gözündäki gülüp duran näzdenmi?
Bilmedim, bu gudrata meniň aklym çatanok.
Özüm sarsman dursam-da, ýüregmiňki ýatanok.

Güljahanam güli guçýar, gelip meni guçanok.
Ýüregnem güllere açýar, gelip maňa açanok.
Belki, ol güllere bakyp, başga birin guçýandyr,
Ýüregnem aýdym bilen başgasyna açýandyr
Kim bilýär, ezizim, kim bilýär ony?
Kimleri söwda salmady dilber gyzlaryň oýny?..

Gülýär ol güller gözeli gül çemeni güjaklap,
Gelýär ol çöller gözeli ak jeren dek oýnaklap.
Bakdygymça gyzaran ýaňaklary ýalbyrap,
Ýüregimiň doňuny pagyş-para eredip,
Soňra birden «Ýörüň !» diýýär, Gülüm ýere seredip,
Soňra-da ol näz bilen meni öňden ýöredip,
« Seretmegin!» diýýär ol, mende gopgun döredip...
Güljahany berende päk tebigat ýaradyp.
Duýdumyka dünýämize döwlet beren görküni?
Ynsanyýetiň bagtyna bar gözellik durkuny
Bile-bile beren bolsa beýik şahyr tebigat,
Ol beýik hatam şahyra bolsun ebedi şöhrat!
Şu pikirde gelýärin, Gülüm bilen deňleşip,
Käte ol öňe düşende depejiklerden aşyp,
Ýagşydan soň öwüsýän ýakymly ýaz şemaly,
Onuň sümbül saçlarynyň olam aşygy ýaly.
Uçlaryny sypalap, örümlerini çöşläp.
Örtýär ak göwsüni meniň görýänimi buşlap.

Galkan göwnüm Güljhanyň gözelligniň haýrany,
Töwerekde torgaý guşlaň pel-pelleşip saýrany
Gulagma-da ilenok, gözüm onuň saçynda.
Hat-da men duýmandyryn oýnap urup gaçanda.
Diňe onuň «Ýetebilseň ýet yzymdan!» diýeni
Gündiz çakan ýyldyrym dek birden oýatdy meni.
Ol gaçdy, men-de kowdum, kowdum onuň yzyndan.
Iki şamar saçlary öpüp barýar dyzyndan.
Hem gaçýar, hem de gülýär, hem-de gülälek ýolýar.
Azajyk aýak çeksem, gülüp ýanyma gelýär.
Ýene-de men topulsam, ýene gaçýar oýnaklap.
Ahyrsoňy bolmady, ýetip tutdum gujakdap.
Tutsam-da, ýene sypdy meni gül bilen aldap.
Ýene « ýet!» diýip gaçdy, käkilik dek jak-jaklap.
(Adam şeýle wagtda çykar eken özünden).
Bagt guşum gaçan ýaly kowdum ýene yzyndan.
O depeden, o depä tawus ýaly pasyrdap,
Şemal çalan daraýysy pasyr-pasyr pasyrdap,
Uçup barýar jak-jaklap, uçup barýar Güljahan.
Eger çynymy etsem, men arany ýygyrýan.
Ýetdim-ýetdim edýän-de, ýene guwanyp durýan ,
Meniň gözlerim bilen oňa guwanýar jahan.
Dünýä bir beýik sahna, ol sahnada Güljahan
Gülälek ýygýan gyzyň oýnun oýnaýan ýaly,
Uçrardy ol oýnaklap , göýä şahyr hyýaly!
Şahyrym, bir görsediň onuň edýän näzlerin.

Aýdymlara salardyň aýaklarnyň tozlaryn.
Ol gaçýar, men-de kowýan, kowýan onuň yzyndan,
Şemala-da gygyryp, «öpme!» — diýip ýüzünden...
Şeýle halda indik biz mazarlygyň düzünden
Mazarlyga ýetäýende ýene ýetip yzyndan
Bagtymy tutan ýaly, tas öpüpdim gözünden...

Ikimizem utanyp, birden ýere seretsek,
Aramyzdan uçup geçen bir owadan kebelek.
Aýlandy-da gondy baryp bir mazaryň üstüne.
Mazar çagyran ýaly, ylgap barsam dessine.
Ýürek dogry duýan eken — Garagözüň mazary!
Güljahan, gözel dünýä gözümden uçdy bary.
Ýaňky duran ýagty jahan birden garaldy gitdi.
Ýaňky duran giň dünýä birden daraldy gitdi.
Men sagynda otyryn, Güljahan hem solunda.
Sözlemäge mejal ýok, ne mende, ne-de onda.
Gam dagynda otyrys Garagözüň daşynda.
Iki söwdäli ýürek bir mazaryň başynda
Çekerden agyr derdi çekjek bolýar aglaman.
Emmz nädip saklanjak, bu ýagdaýda aglaman.
Güljahan golundaky läleleň baryn düzüp,
Gargözüň mazaryny gül bilen guçup otyr.
Maňa teselli berýär kalbymyň zaryn syzyp,
Emma özi menden beter göz ýaşyn saçyp otyr.

Şahyr, eşit Güljahany şeýle halda göremde
Elhenç bir sorag döredi söwdäli ýüregimde:
«Aramyzda ýatan mazar onuň dildary bolsa,
Onuň yşgynda öten, namyrat ýaly bolsa,
Şol ýigdi menem şeýdip hormatlap bilermidim?
Ýa ony görden-de gysganyp, namartlap ölermidim?
Bir syhly şu soragy ýüregimde gaýtalap,
Demigip otyryn men
derdiň derýasyn boýlap...
Ne bir şemaljyk şowlap,
Ne bir torgaýjyk saýrap,
Şu elhenç dymyşlygyň lal dilini açýardy.
Hatda, meň göwnüm üçin bir ýylanam geçmýärdi.
Heý-de ýylan islärmi telbe bolmadyk ynsan,
Nädeýin, gabry gujaklap, galmaýar hiç Güljahan.
Käte başyn galdyryp, dem alýar-da uludan
Nämänidir pyşyrdap okýar Magtymgulydan.

Günem batan mahaly erbet saralar eken.
Gün saralsa giň dünýä erbet daralar eken.
Daralar-da seretsem sary getiren ýaly.
Hatda dogjak ýyldyzlaram sary dogaýjak ýaly,
Dünýäň ýüzi bahar däl, sap-sary güýz göründi.
Tarsa ýerimden turup «Güljahan jan tur indi!»
Diýip, birden gygyranma özüm soňra kiçelip,

Ýol boýy dymyp geldim, bir gülmedim açylyp...
Güljahanam dymýardy , teňdi onuň-da haly.
Gözýaşyny boşadan bahar buludy ýaly,
Sallanyban gelýär ol selbi ýaly perişan...
«Döwrümiň dürdänesi — dilber perim, Güljahan,
Seniň ýaly mähriban bolsady hemme ynsan,
Adamzat dünýäsiniň derdi ýeňlärdi ynan.
Münde bir razy men öz dörän zamanymdan!»
Ýüregimde şu sözleri gaýtalap ondan pynhan,
Ýol gözleýän çykarmaga ony gussaň goýnundan.

Tä şähere ýetýänçäk ýol ýöredik gussaly.
Şähere ýeten ýerde eli gunça desseli,
Güller besläp gojalan bir nurana bagyban:
« Gül satýaryn alsaňyz, toýňa ýarasyn, juwan!»
Diýdi-de, maňa baka uzatdy gül çemeni,
Nätjegimi bilmedim aljyratdy ol meni,
«Toýňa ýarasyn, juwan» diýdiň, eziz bagyban!,
Dilegiň hasyl bolsun, hasyl bolsun, atam jan!
Bagybanyň elinden garbap alyp elime,
Güle-güle gowşurdym gülçemeni Gülüme...
Güljahan gülçemeni aldy-da güldi maňa,
Göýa dünýä täzeden berlen dek boldy maňa.
Şatlygymdan gujkaklap ogşadym bagybany.
«Güli öpmän. Öpýärsiň tikenekli töňňäni!»
Diýdi-de henek etdi, dünýä gören bagyban.

«Gülüň ömri az bolar, onuň ady Güljahan!
Güljahan jan gülende dünýä maňa gülüstan!
«Şahyr eken bagty ýatan» diýip güldi gülüstan.
Ýol boýy «şahyr!» diýip, degip geldi Güljahan.
Ýol boýy dilimizden düşmedi ol bagyban.
Dogrudanam nämeden şahyr bolýarka ynsan?
Şeýda bilbil saýrasa, diýýärler çekýär pygan.
Aşyk bolan aglasa, diýýärler çekýär hijran.
Eýsem näme çekende şahyr bolýarka ynsan?..
Bir zat çeken bolýan bolsa, menem şu gün bolmaly.
«Şahyr eken bagty ýatan» diýip güldi bagyban.
Dünýäň işin dünýäde, dünýä gören bilmeli.
Bagty ýatan bolsa-da.
Bagty ýeten bolsa-da,
Kimem şahyr bolýan bolsa, menem şu gün bolmaly.

Eje jan!... Eje jan!
«Menem gitjek gezmäge!
Kaka jan! Kaka jan!
Menem gitjek gezmäge...»
Sakga turduk ikimizem esedip.
Görsek bir eýjejik gyz gulpajygny tasadyp,
Ýetip gelýär yzymyzdan bize gujagyn açyp.
Birden hem sakga durup,
Bir hileje utanyp,
«Waý , men tanamandyryn» diýip-de gitdi gaçyp.

Bizem birhili bolduk.
Hem birhili guwandyk.
Hem birhili gynandyk.
Hem birhili utandyk,
Garaz aljyradyg-ow... aljyratdy gyzjagaz.
Arman adyn aýtman, gaçyp gitdi gyzjagaz.
Gädiklerine ýetip goljagazny bulanda,
Şeýle bir şatlyk döretdi gyzjagaz Güljahanda.
Diýersiň iň bagtly adamdy ol jahanda...
Güljahan gyzjagaz bilen gol bulaşyp duranda,
Gyzjagazyň ýylgyrşyna öýkünip ýylgyranda,
Güljahanyň körpeligi düşdi meniň ýadyma.
Bu ýatlama has beter hem ot goşdy meň oduma.
Tä öýlerne barýançak gol tutuşyp bardyk biz,
Öwran-öwran hoşlaşyp, gidip bilmän durduk biz...

Baharyň baýramyny şahyr, şeýle geçirdim.
Başyma bagt guşun müň gonduryp uçurdym.
Gündiz günüň astynda,
Agşam aýyň astynda,
Dünýä gelip, dünýäde görmedigim gördüm men.
Şonda-da. Dost, şu güni ýagşylyga ýordum men.
«Ýordum» diýsem, düýşdir öýtme eşiden hekaýatlaryň.
Şonda soňra Güljahandan gelen eziz hatlaryn,
Birijigni ibereýin, özüň aç-da okap gör.
Söýgüsiz boş ýürekden çykarmy şeýle eser?

Ýok... haty ibermäýin, goý, baky mende galsyn.
Ýöne eşit, birini , saňa ýüregim çalsyn:
«Bu haty men ýazmadym, ýazdyrdy maňa ýürek,
Men «gerek däl» diýsemem, ýüregim diýdi gerek!»
Bir ynsan öz söýgüsinden el çekse iki gezek,
Ömrüzaýa ýyldyz kimin geçer ömri biderek,
Bu haty men ýazmadym, ýazdyrdy maňa ýürek:».
Bu goşgynyň her setiri meniň üçin bir kitap.
Her sözüni ýüregimde ençe gezek gaýtalap,
Uzak gije uklaman, hatyň jogabyn oýlap,
Çagyrdym Güljahany göwnümi bire baglap,
Telefonyň çarhyny täleýim ýaly aýlap,
Salammy hem unudyp, ot alan ýaly howlap,
«Erte görşeli » diýdim, uçjak ýaly galpyldap...

Daňam atmaz ekeni ataryna howluksaň.
Minutlarym ötmez eken-öterine howluksaň.
Bu gijäniň dowamy bäş gije ýaly uzap,
Ahyrda daň atanny aýytdy guşlar saýrap.
Guşlar saýrap buşlandan, aýnaň perdesin syryp,
Penjireden bökäge-de, iki ter gunça tirip,
Ýüzi kepder suratly güldana goýdum ysgap.
Ol zynaty Garagözüm toýumyzy gabatlap,
Sowgat beripdi maňa çäksiz bagt arzuwlap...
Geln otagym uçsa-da, uçmandy ol ýadygär.
(Minnetdar men, kimem bolsaň güldany ýasan zergär!)

Ýardan aýra düşene, ýadygärem medetkär
Bolar eken dünýäde.
Men gitsem-de dünýäden, güldan galsyn dünýäde!
Diýip, dünýäň pikirine çümsem nätjek ýene-de...
«Säher güller açylanda, bagda bolar bagyban,
Saňa bu gün näm boldy, janyň sagmy, Gurban jan?»
Zöwwe turup, seretsem, açyk duran aýnadan.
Salama gelen gün dek, ýylgyryp dur Güljahan.
Menem oňa bälçiräp:
«— Hoş gelipsiň, Güljahan,
Başga güli gözlemez, seni gören bagyban»
Diýdim-de, böküp çykdym açyk duran aýnadan.
Bir üýtgeşik näz bilen tutup meniň golumdan
«Aşgabadyň daň çagynyň aşygy men, Gurban jan,
Gulak as sen güllere,
Gulak as bilbillere,
Dünýämiziň daň sazy, gör, nähile owadan...
Maňa bolsa, şo wagt, şoň özündsn owadan,
Özünden öň gülüp duran gözlerinden owadan,
Gözellik ýokdy, şahyr!
Ýaňy açylan gülden-de,
Ýaňy dogan günden-de,
Güljahan päkdi, şahyr!..
Aşgabadyň tarypyny gutaransoň Güljahan,
«Öý eýesi öýkelär, öýe girmese myhman...»
Diýen bolup, bälçiräp, öýe girdi ýalbyrap.

Ol içeri girenden, men birhili aljyrap,
Çalyp duran radiony ýatyrjak boldum towlap.
Meniň bu gödekligmi Güljahan jan bagyşlap,
«Mylly aga saz çalanda, heý-de bolarmy baglap?..
Diýäge-de radiony doly açdy gudurap.
Mylly aga sazy bilen,
Güljahan näzi bilen,
Guşlar owazy bilen,
Dünýä-de ýazy bilen!
Gamly garyp göwnümi söýgi bilen hüwdüläp
« Bagtyň rowaç!» diýýärdiler barysy meni gutlap!..

Ýüregime täze gan guýlan dek kuwwatlanyp,
Ganaty gyrlan göwnüm täzeden ganatlanyp,
Güljahanyň başyna perwana dek pyrlandy.
Onuň-da gözlerinde yşgyň çyragy ýandy.
Daňdan tiren güllerimi duran güldany bile,
Uzatdym Güljahana söýgiň, permany bile.
Göwnümiň gunçasyny gola alanda Gülüm.
Bagşyň başlan aýdymy ýene lal etdi dilim:
«Saňa göwün bersem, onda ýar aglar!..
Saňa göwün bersem, onda ýar aglar!
Aglar!..
Aglar!..
Aglar!..»

Göýä ýene tupan turup, ýykyldy beýik daglar.
Göýä guşlar-da aglap, gülüni dökdi baglar.
Göýä ýene öýüm tozap, döndi sowuk mazara,
Ýaňy gamdan çykan ýürek ýene çekildi dara...
Göýä ýene Garagözüň mazary düşüp ara
Herimiz bir tarapynda, galdyk ýene azara...
Radionyň gözi ýok, bagşy bizi görenok
Häli tutar, şindi gutar, asyl ol gutaranok:
«Saňa göwün bersem, onda ýar aglar!..»
Diýip, bagşy şeýle zar-zar aglaýar.
Dutar-da aglaýar...
Tar-da aglaýar...
Ýüreklerde sowal, gözlerde sowal,
Göýä dünýä gelen iki dymma lal,
Duran-duran ýerde doňdurlan ýaly,
Süýji arzuwlarda ajy ykbaly
Durus bile çekip bu agyr haly.
« Saňa göwün bersem, onda ýar aglar!..
Saňa göwün bersem, onda ýar aglar!..»
Halys ýüregime düşdi ahy-zar
Iň söýýän heňimden bolup men bizar,
«Söýgüli bagşymyz bizi bagyşlar,
Bilse bagyşlar, hökman bagyşlar»,
Diýdim-de, dost, bagşyň gapdym nalasyn
Wepaly Güljahanyň gözlerniň pyýalasyn,
Damja-damja boşadyp durşuna bakabilmän,

Gussa batan göwnüni göterip çykabilmän,
Takdyrymdan gaçýan ýaly, ylgap çykdym öýümden,
Güljahan hem gözi ýaşly, gaýyp boldy gözümden...

Güljahanyň şol gün aglap gidişi.
Daglanan ýüregmi daglap gidişi.
Aýralyk düşmesin adam başyna.
Aýralykda gün geçmeýär aýlanyp.
Ýene-de men çykman howlyň daşyna,
Ýene-de otyryn ýalňyz oýlanyp.
Otyryn agtaryp şkaflarymy.
Otyryn agtaryp kitaplarymy,
Otyryn agtaryp depderlerimi,
Onuň suratyny goýan ýerimi,
Söýgüli hatyny goýan ýerimi,
Otyryn agtaryp depderlerimi.
Garşy-garşy çalyp alyn derimi,
Ýat edip Gül bilen gülşenlerimi,
Otyryn agtaryp depderlerimi...
Depderler...
Depderler...
Sada depderler,
Sizde onuň barmaklarynyň yzy bar.
Köp zady
Salýaňyz

Ýada depderler,
Sizde onuň ýazyp giden näzi bar.
Sizde onuň atry, onuň özi bar...
Biriniň içinden onuň suratyn,
Tapyp ogşaýaryn men biygtyýar.
Biriniň içinden söýgüli hatyn,
Tapyp ogşaýaryn men biygtyýar.
Neneň ogşamaýyn men biygtyýar,
Ýalňyzlykda ýürek ýarylyp barýar!..
Ne biri til edýär.
Ne gelip gidýär.
Göçüp giden ýaly bütin Aşgabat.
Diňe radioda «Gepleýär Aşgabat!»
Diýende, diýýärin Aşgabadym bar.
Emma men ony hem «onda ýar aglar»
Diýip başlar öýdüp, mydam öçirdim.
Agyr günleri men ýalňyz geçirdim...
Ýok, ýok!.. ýalan aýtdym, şahyrym, ýalan!
Ýalňyz däldim asla ol agyr günler.
Ýürek atly bir dostum bar gadyrdan,
Ykbal tanapyna düşse düwünler,
Şol dostum elmydam-elmydam, ynan,
Derdimi paýlaşdy, hemaýat berdi.
Hemaýat hemişe ýeňledýär derdi...

Güljahanyň şol gün aglap gidişi.
Daglanan ýüregmi daglap gidişi.
Hiç habar tutmady şo günden bäri.
Menem gözden gaýyp bolan Gülümden,
Habar tutmasam-da şo günden bäri
Gülüň ady düşmedi meň dilimden.
Onuň suraty hem düşmän elimden
Gije-gündiz şoňa bakyp otyrdym.
Hyýalymda Gülüm bilen ötirdim.
Bizi aýra salan agyr günleri.
Aýra salyp bormy guçuşan göwünleri?
Bolmaz!
Bolmaz!
Bolmaz hiç wagt.
Eger men ýene-de bolsam betbagt,
Ykbal utanmazmy öz etmişinden?
Diýip, gam şerabyn göteremde men,
Bir seda eşdildi öýüň daşyndan.
Ýel açsa duýmaz ýürek derwezäň açylşyndan.
Gül açsa duýar ýürek derwezäň açylşyndan.
Ýel açdymy?
Gül açdy?
Ýürek menden hem sabyrsyz jogabyna garaşdy.
Gül açdy! Gül açdy!
Ýürek şeýle bir joşdy!
Aklym başymdan uçdy.

Güler ýüzün göremde iki gözüm gamaşdy.
Dilim diýenmi etmän, sözlerimem bulaşdy...
Onuň gözünde ýaşdy.
Meniň gözümde ýaşdy.
Aýra düşen ýürekler şeýle bir gujaklaşdy!
Ömürlik gujaklaşdy! ..

Aý geçdi.
Gün geçdi.
Günleň kerwenin çekip, ýene-de bir ýyl geçdi.
Ýüreklermiziň mähri üýtgeşik bir gül açdy.
Ol gunça biziň öýe üýtgeişik bir nur saçdy.
Doganlara buşladyk.
Dost-ýarlara buşladyk.
(Saňa-da buşlamaga mo gün bardyk öýňüze,
Hindistanly şahyr bilen gitdi diýdiler bize)
Doganlarmyz ýygnandy,
Dosg-ýa rl armyz ýygnzndyi.
Içerimizde bahar,
Daşarymyzda bahar .
Bahar güllerniň içinde bir gözel meýlis gurap,
Garamahmal gunçamyzyň gara gözlerine garap,
Garagözüň adyny dakdyk onuň adyna,
Sen bir baksadyň, şahyr, Gülüň göwün şadyna
Jorasyny şärik edip öz ýeten myradyna
Garagözüň adyn dakdy öz ýüregniň adyna...

Haýran men Gülümiň ynsanlygyna!
Gurban men Gülümiň ynsanlygyna!
Garagöz kim? Güljahan kim? Gurban kim?
Diýip sorama sen menden, ezizim,
Sen student bolsaň, student olar,
Sen mugallym bolsaň, mugallym olar.
Olaryň kimdigni aýtsam aç-açan,
Olaryň üçüsem nurana juwan.
Garagöz, Güljahan hem dostum Gurban.
Olaryň üçüsem nurana ynsan!

# AZMUNY

BAHAR AÝDYMY ........................................................................13
TOST ........................................................................ 15
GAŞY SÜRMELI ........................................................................ 15
NÄZLI TEBIP ........................................................................ 16
GARDA GÜLLER AÇYLAR ........................................................................ 18
DAŇ ŞEMALY ........................................................................ 18
ENE WE GYZ ........................................................................ 19
SAŇA ........................................................................ 21
ŞAT WATANMYŇ AŞYGY ........................................................................ 22
SÖWER ÝAR ........................................................................ 23
ŞAHYRYM ........................................................................ 24
JEÝHUN BILEN GÜRRÜŇ ........................................................................ 25
JEÝHUNYŇ KENARYNDA ........................................................................ 28
DOGANLYK AÝDYMY ........................................................................ 30
BLOKNOTDAN ........................................................................ 31
LÄLEDEN PYÝALALAR ........................................................................ 32
ÝEŇLEN ÝEGEN ........................................................................ 35
HAT ........................................................................ 36
WATANYŇ GYZY ........................................................................ 38
SAZYM ........................................................................ 39
NÄZ ETMÄŇ ÇENI ÝAGŞY ........................................................................ 40

ADAMLAR BEZEÝÄR BAR TEBIGATY ........................................................ 41
LÄLIGIM........................................................................................................ 42
BAGTLY YNSANYŇ KINESI BOLMAZ ..................................................... 43
GÜN OWAL IKI EKEN.................................................................................. 45
GÖZLERIŇ .................................................................................................... 45
GÜLEŇDE...................................................................................................... 47
ÝÜREGIŇ ÝOK GÜNÄSI ............................................................................. 48
SÖZLER SAZ BOLAR.................................................................................... 49
DÜNÝÄNIŇ ÝAŞLARY ................................................................................. 50
KENARYŇDA AŞYKLARYŇ YZY BAR......................................................... 51
SONAM.......................................................................................................... 52
SAGADAT NAGMASY.................................................................................. 53
BAKU GIJELERINIŇ BIRINDE....................................................................... 54
GÜLLERE SEÝRANA GELDI.......................................................................... 56
EZIZ TOPRAK DÖWLETLI ........................................................................... 57
DOGLAN GÜNÜM......................................................................................... 59
ENE ÝÜREGI ................................................................................................. 61
OÝATMAŇ .................................................................................................... 62
IŇ GÖZEL GÜL .............................................................................................. 63
GYZYLSUW.................................................................................................... 65
ÝÜREK AÝDYMY............................................................................................ 67
SENIŇ GÖZLERIŇ.......................................................................................... 68
ALMA SATAN GYZ ....................................................................................... 69
SÖÝGÜLIM .................................................................................................... 69

YLHAM .... 72
ŞAHYRYŇ KASAMY.... 73
AGŞAM .... 73
HOŞLAŞYK.... 75
HALKYM .... 76
POGONLY GYZ .... 78
AZAT ILLER OÝNAÝAR.... 79
MAÝA *Artistka Maýa Kulyýewa* .... 81
SÖÝGÜLI SAZANDAR Pürli Saryýew.... 82
KOLHOZYŇ GÜLI .... 83
ILLERIMIZ.... 84
GÖRŞELI.... 85
AŞGABAT .... 86
SÄHER KEPDERLERŇE DÄNE SEPEŇDE.... 87
ZOR OGLAN .... 89
PARAHAT ÝAŞASYN HALKLARYŇ BARY .... 90
JOŞ, KANALYM!.... 92
KASPINIŇ TOLKUNLARY .... 93
BALYKÇYNYŇ AÝDYMY.... 95
HALLY GÖZEL .... 98
TÄZEGÜL.... 99
DAGLAR.... 100
BU GÜN .... 102
BAGT NÄÇE GAÝTALANSA, AZ ÝALY.... 104

MENDEN ÝADYGÄR ........ 106
EZIZ ŞÄHERDEŞ! ........ 108
AÝADYMYŇ MENDEN ........ 109
ÝAZ ÝÜREK BOLSUN ........ 110
BÄLÇIKLER ........ 110
YNSAN KÖP ÝAŞASA ........ 110
SÖZI MENDEN, SAZY SENDEN ........ 112
ÝER ULUDYR ........ 114
AÝRYLMASYN ARAŇYZDAN ADALAT ........ 116
ŞEÝLE ÝALBYRAP ........ 117
BIR SOWATSYZ ATA ........ 118
DOSTUMYŇ ÝÜREGI ........ 119
ATYRSYZ GÜL BOLMAZ ........ 120
ADAM BOLAN HOŞBAGTLYK GETIRSE ........ 122
ŞEÝLÝ ROWAÝAT BAR ........ 123
NENEŇ GÜLMEJEK ........ 124
YNANASYM GELENOK ........ 124
ÜÝTGEŞIK ŞAHYR GEREK ........ 126
ÝESIR ........ 132
ÝALTA WE «TOKMAK» ........ 146
BIKÄRDEN WATAN BIZAR ........ 148
AK PAGTA ........ 152

## EÝRAN

KEMAL (Poema) ........ 155

EÝRAN ENELERI GUL DOGURMAÝAR.................. 178
ALTYN ADASYNDA AÇ.................. 188

## HINDISTAN

HINDISTANYŇ GÜLLERI.................. 191
ÝÜREGI OŇ ÝARAGY.................. 192
HINDI SEN.................. 193
ERTIRIŇ ŞAPAGYDYR.................. 194
KELKETTE.................. 195
TAGORYŇ MYHMANY.................. 196
ÝAGYŞ ÝAGSA ÝAGŞYLYKDYR.................. 197
SÄHER.................. 198
ZÜLFIÝANYŇ SÖZLERI.................. 198
ÇÖKÝÄN MINARA.................. 199
ÖLI ŞÄHERDE.................. 201
TARYHA HAÝYNLYK.................. 203
TÄÇMAHAL.................. 205
KEPBE.................. 206
ALYM WE DERWÜŞ.................. 208
MUŞAÝRA AGŞAMY.................. 209
ÝOLDA.................. 212
BIZDEN UZAK ILLERDE.................. 212
HINDISTAN (Aýdym).................. 213
PÄKISTANLY DAÝHANYŇ JOGABY.................. 214
ÝÜREKLERN AÝRYLMAZ.................. 215

FAIZ AHMED FAIZE ............ 214
ÝENE-DE FAIZ AHMED FAIZ HAKYNDA ............ 217
OÝNAMLAR ............ 220
HINDI GYZY ............ 220
GÖZLERIMDE SAKLANSYN (GARYP GYZA) ............ 221
GÖZ BILEN ............ 223
GÖZLERIŇ ............ 223
OWADAN ............ 224
«ÝYLAN TANSY» ............ 225
DEGIŞME ............ 226
BEÝITLER «MÄHRIBANY» ............ 228
«GYZYL ÇÜÝJE» ............ 228
KÖR BOLDUM ............ 228
GOJA ............ 229
RIKŞANYŇ AÝDYMY ............ 229
YŞKPEÇEK ............ 229
SARI ............ 229
HÖWES ............ 229
TURŞUJA OT POEMA ............ 230

## ADAM WE DÜNÝÄ

ADAM WE TOPRAK ............ 256
ADAM WE DÜNÝÄ ............ 257
ADAM WE BAGT ............ 259
ADAM WE NAMYS ............ 260

ADAM WE ALADA ........ 261
ADAM WE ADAMÇYLYK ........ 262
ADAM WE AJAL ........ 262
ADAM WE DIRILIK ........ 263
ADAM WE BAHAR ........ 265
ADAM WE ÖMÜR ........ 265
ADAM WE ÝÜREK ........ 265
ADAM WE AR ........ 266
ADAM WE MERTLIK *Dostum Daňatara* ........ 267
ADAM WE ADAMLYK ........ 268
ADAM WE DÖWÜR ........ 269
ADAM WE ZÜRÝAT ........ 270
ADAM WE ÝADYGÄRLIK ........ 271
ADAM WE HÄSIÝET ........ 271
ADAM WE DIL ........ 272
ADAM WE ARZUW ........ 272
ADAM WE WEPADARLYK ........ 273
ADAM WE GÖWRE ........ 274
ADAM WE ÝAGŞY NIÝET ........ 274
ADAM WE ADAMYŇ BORJY ........ 276
ADAM WE GUWANÇ ........ 278
ADAM WE ADAM ÜÇIN GÖREŞ ........ 280
ADAM WE DUÝGY ........ 281
ADAM WE DÖWÜM NAN ........ 283

ADAM WE WYSAL ........ 286
ADAM WE HIJRAN ........ 287
ADAM WE NADAN ........ 288
ADAM WE ADAMYŇ GÖZELLIGI ........ 290
ADAM WE ADAM HAKDA AÝDYM ........ 292
ADAM WE ADAMYŇ TÄSIN DÜNÝÄSI ........ 293
ADAM WE WAGT ........ 295
ADAM WE SAZ ........ 296
ADAM WE GÖZEL DÄP ........ 297
ADAM WE GÖZELLIK ........ 298
ADAM WE SÖÝGI ........ 303
ADAM WE ÄJIT-MÄJITLER ........ 313
ADAM WE GÖRIP ........ 314
ADAM WE MIWE ........ 314
ADAM WE YKBAL (POEMA) ........ 323

# Gara Seýitliýew

LATYNA GEÇIREN

ŞEMSETDIN AK

SURAT BEZÄN

ŞEMSETDIN AK

TEHNIKI REDAKTORY

ŞEMSETDIN AK

2018